TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# SAÝATLY HEMRA

*Dessan*

**Çapa taýýarlan**
**Maman**
**Öwlüýägulyýewa**

AŞGABAT «MIRAS» 2006

**UOK 894.361**
**S29**

**S29** **Saýatly Hemra.** *Dessan*, A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2006 – 176 s.

**REDAKTOR**

**A.Aşyrow,** *dil-edebiýat ylymlarynyň doktory*

*«Saýatly Hemra» dessanynyň şu nusgasy Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşa daşary ýurtly ildeşimiz tarapyndan sowgat berlen golýazma esasynda çapa taýýarlanyldy.*

*Dessanda türkmen halkynyň däp-dessury, edim-gylymy çeper beýanyny tapypdyr. Bu dessandaky şygyrlaryň ählisi diýen ýaly türkmen halk aýdymlaryna öwrülipdir.*

**TMMMM №58**

**TDKP №029** **2006** **KBK 84.35(5)**

© Türkmenistanyň Milli medeniýet «Miras» merkezi, 2006 ý.
Saýatly Hemra, 2006 ý.
Öwlüýägulyýewa M.., çapa taýýarlama, sözsoňy, 2006 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilýär.***

***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa sowgat berlen golýazma esasynda taýýarlanyldy.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY – GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri – ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras – bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras – bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras – bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*».** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## BISMILLÄHI–R–RAHMAN–R–RAHYM!

Emma rawylar andag rowaýat kylarlar kim, Häzirbegjan welaýatynda iki dost bar erdi. Bíriniň adyna aşyk Ahmet diýr erdiler, we ýene biriniň adyna aşyk Mahmyt diýr erdiler. Ikisi bir-birine ýakyn garyndaş erdiler. Ikisiniň hem hatyny hamyla erdi. Olar äht-peýman kyldylar. Hudaýtagala ikimize ogul berse, ikisi dost bolsun, eger birimize ogul, birimize gyz berse, ikisi jübüt bolsunlar diýip, hat ýazyp möhür basyp goýdular. Bir gije ikisiniň hem perzendi boldy.

Elgaraz, ikisi hem halaýygy toý-tomaşa çagyryp, perzentlerine at goýdular. Aşyk Ahmediň ogluna Hemra diýdiler. Aşyk Mahmydyň gyzynyň adyna Selbinyýaz diýdiler. Erse Hemra ýedi ýaşady, atasy ony sünnete ýatyryp, ondan soň molla berdi, Selbinyýazy hem molla berdiler. Bular mekdepde okap başladylar.

Günlerde bir gün Selbinyýazyň kitabyndan atalarynyň möhürli haty çykdy. Okap görseler, ikisi bir-birine adagly eken. Ondan soň Hemra aýtdy:

– Eý, Selbinyýaz jan, ikimiz bir-birimize adagly ekenimiz, indi biz aýşy-eşretde bolsak ne bolar? – diýdi. Bir gün mekdepden çykyp, bir-biriniň boýnuna gol salşyp, mähribanlykda ýörediler. Bu waka gep bolup atalaryna ýetdi.

Erse, atalary uly toý tutup, Selbinyýazy Hemraga nika kylyp berdiler. Erse, gyzlar Selbinyýazyň daşynda, ýaş ýigitler Hemranyň daşynda her haýsylary saz-söhbet kylyp, oturyp erdiler.

Emma, Garapudak diýen bir söwdagär bar erdi. Köp welaýatlary gezip gören adamdy. Özi hem aşyk Ahmediň gadyrdan aşnasydy. Aşyk Ahmet bu söwdagäri toýa çagyryp hezzet-hormat edip, Hemranyň ýanynda oturtdy. Erse, Hemra aýtdy:

– Eý, söwdagär aga, köp illeri, köp ýurtlary gezip gören ekeniňiz, meniň hiç bir kemim ýokmudyr – diýdi. Onda söwdagär aýtdy:

– Seniň hiç bir kemiň ýok, emma ýene hem bir kemiň bar – diýdi. Onda Hemra:

– Eý, söwdagär aga, näme kemim bar bolsa aýdyň – diýdi. Onda söwdagär:

– Gyzylalma şäherinde Mämmethan patyşanyň gyzy Saýat hany gördüm. Munda seni gördüm, ikiňiz bir almany iki bölen dek. Eger şony alybilseň başga hiç bir kemiň ýokdur – diýdi.

Hemra bu sözi eşidip, nirede sen Gyzylalma ýurdy diýip gider boldy. Erse ata-enesine, ýar-joralaryna garap, bir söz aýtdy, eşitmek gerekdir:

Gel köňlüm gideli, uzak ýollara,
Bir dilberiň söwdasyna düşmüşem.
Gardaş, dogan gulak goýuň bu hala,
Bir dilberiň söwdasyna düşmüşem.

Uzyndyr boýlary, lebleri şeker,
Aglaýyp gözlerim ganly ýaş döker.
Her gören, görmeýen arzuwyn çeker,
Bir dilberiň söwdasyna düşmüşem.

Didäm ýaşy aka-aka sil boldy,
Yşgynda gül meňzim sargaryp soldy.
Bilbil uçup, menzili hem çöl boldy,
Bir dilberiň söwdasyna düşmüşem.

Aşyk Hemra diýer, indi näderem,
Pelegiň jebrinden ganlar ýuwdaram.
Töwella eýlemäň, durman giderem,
Han Saýadyň söwdasyna düşmüşem.

Elgaraz, ýar-joralary munça töwella kyldylar. Emma, Hemra Gyzylalma şäherine gitmek arzuw – hyýalyndan gaýtmady.

Ondan soň ýar-joralary ak pata berip ugratdylar, Hemra ýola rowana boldy. Erse, Selbinyýaz joralaryndan bu habary eşidip, gara geýnip, Hemranyň yzyndan ýetdi.

Hemra ony görüp, meniň yzymdan gara geýip gelipdir diýip, Selbinyýaza garap, bir gazal okady:

Müjgäniň indirip çytma gaşyňy,
Gel, eý Selbim, sen geýinme garany.
Humaý ala gözden dökme ýaşyňy,
Gel, eý Selbim, sen geýinme garany.

Sen bir şa sen, meger tagtyň-da bardyr,
Gara geýmek seniň bagtyňda bardyr.
Sabyr eýle söwdügüm bagtyň-da bardyr,
Gel, eý Selbim, sen geýinme garany.

Gök ýüzünde mähri-mahy söýer sen,
Ýer ýüzünde kyblagähi söýer sen.
Gyrmyz geýin, bir Allany söýer sen,
Gel, eý Selbim, sen geýinme garany.

Aşyk Hemra diýer, hemişe joşmaz,
Ataşy bolmasa lukmasy bişmez.
Gyrmyz geýgin, saňa gara ýaraşmaz,
Gel, eý Selbim, sen geýinme garany.

Elgaraz, Hemra ýola rowana boldy. Selbinyýaz hem yzyna düşüp gidiberdi. Hemra atynyň başyny çekip, Selbinyýaza garap, zar-zar ýyglap, bir gazal aýtdy:

Göçdi köňül menziline ýetişdi,
Gal, maralym, Selbinyýazym gal indi.
Belent – belent daglar araga düşdi,
Gal, maralym, Selbinyýazym gal indi.

Gahba pelek niçe işler gaýyrdy,
Aç gözleri, toprak bile doýurdy.
Meni senden, seni menden aýyrdy,
Gal, maralym, Selbinyýazym gal indi.

Syýa zülpüň dörtden örseň – örmeseň,
Biziň bile döwran sürseň – sürmeseň.
Hoş gal indi, ýene görseň – görmeseň,
Gal, maralym, Selbinyýazym gal indi.

Alty nedir, ýedi nedir, bäş nedir?
Kowum nedir, gardaş nedir, hyş nedir?
Gözleriňden akan ganly ýaş nedir?
Gal, maralym, Selbinyýazym gal indi.

Aşyk Hemra düşdi yşkyň ýoluna,
Sonalar gark boldy çeşmim kölüne.
Baş goýmuşam han Saýadyň ýoluna,
Gal, maralym, Selbinyýazym gal indi.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam kylyp, nirede sen Gyzylalma şäheri diýip, ýola rowana boldy. Selbinyýaz hem atyny sürüp, ýoluň ortasynda atdan düşüp, Hemranyň öňünde başyny ýere

goýup aglady. Erse, Hemra Selbinyýaza garaman geçiberdi. Şol ýerde Selbinyýaz biçäre zar-zar ýyglap, ak goluny aý dek ýüzüne goýup, bir söz diýdi:

Eý, ýaranlar musulmanlar,
Bu gün ýar gitmeli boldy.
Serim goýdum ýol üstüne,
Ýar basyp ötmeli boldy.

Men çekdim jebri-jepany,
Kim sürer zowky-sapany?
Owwalky ähdi-wepany,
Indi unutmaly boldy.

Görüň pelegiň işini,
Akdyrdy gözüm ýaşyny.
Ýat ülkelere başyny,
Ýar alyp gitmeli boldy.

Gyşa öwrülipdir ýazym,
Ýara ýetmez ahy-zarym.
Sütem eden Selbinyýazyň,
Gam-gussa batmaly boldy.

Elgaraz, Selbinyýaz sözüni tamam etdi. Hemra aýtdy:

– Eý, Selbinyýaz, maňa ak köňül bilen jogap berip, ak pata bergil – diýip, bir söz aýtdy:

Boýnuň burup, melul olma,
Aglama, gül ýüzli Selbim!
Hazan uran gül dek solma,
Aglama, gül ýüzli Selbim!

Seni men gözden salmanam,
Gider ýolumdan galmanam,
Töwella etme, almanam,
Aglama, gül ýüzli Selbim!

Yşk ataşy degdi jana,
Kül bolmuşam ýana-ýana,
Aşyk boldum Saýat hana,
Aglama, gül ýüzli Selbim!

Gol göterip pata bergil,
Takdyrda ne baryn görgül,
Biziň bilen döwran sürgül,
Aglama, gül ýüzli Selbim!

Aşyk Hemra düşdi ýola,
Gözlemeýen sagy-sola,
Rugsat bergil güle-güle,
Aglama, gül ýüzli Selbim!

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi. Selbinyýaz her niçik bolsa hem Hemra janyň köňlüni ýykmaýyn diýip, oýlandy we zar-zar ýyglap, bir gazal aýtdy:

Mundan gider bolsaň özge ýerlere,
Bar, Hemrahym sag bar, aman gelgeý sen.
Gülünji eýlediň meni illere,
Bar, Hemrahym sag bar, aman gelgeý sen.

Şahymerdan üstümize daldadyr,
Bilbiliň arzuwy täze güldedir.

Köňlüm perişandyr, gözüm ýoldadyr,
Bar, Hemrahym sag bar aman gelgeý sen.

Bilbil erdim aýra düşdüm gülümden,
Aýralygy beter bildim ölümden.
Gorkym köpdür, hata geler dilimden,
Bar, Hemrahym sag bar, aman gelgeý sen.

Selbinyýaz diýr, indi geldim amana,
Bir arzym bar meniň sahyp-zamana.
Şat bolan günlerim boldy gamhana,
Bar, Hemrahym sag bar, aman gelgeý sen.

Elgaraz, Hemra jan aýtdy:

– Eý, Selbinyýaz jan, meniň ýolum uzagrakdyr. Maňa at iými berseň ne bolgaý – diýdi. Onda Selbinyýaz aýtdy.

– At ryzky alnyndadyr, saňa berer ýaly at iýmim ýokdur – diýdi.

Onda Hemra jan atdan düşüp, Selbinyýazdan köp posalar almakçy boldy, ikisi dalaşdylar. Şol ýerde Selbinyýazyň hünjüsi üzüldi. Selbinyýaz hünjüsini çöplär boldy. Hemra:

– Eý, Selbinyýaz jan, bu hünjüleri çöpleme. Saňa Gyzylalma şäherinden köp hünji alyp geler men, bu ýer bir belli ýer boldy, her wagt bu ýere gelenimde seni ýat eder men – diýdi. Ondan soň Hemra jan Selbinyýazdan köp posalar alyp, ýola rowana boldy. Selbinyýaz Hemranyň yzyndan garap, zar-zar ýyglap pelekden nalap, bir gazal aýtdy:

Gahba pelek niçe işler gaýyrdyň,
Aldyň meniň jiger-janym waý indi.
Meni ýardan, ýary menden aýyrdyň,
Sen eýlediň emgegimi waý indi.

Çoh söwdalar saldyň meniň başyma,
Rehmiň gelmez gözden akan ýaşyma.
Ýarym üçin kyýamatlar başyma,
Gopar bu gün ahyrzaman waý indi.

Ala-ala humaý gözleriň bile,
Janym aldyň şirin sözleriň bile,
Tutdy ahym dagy-düzleriň bile,
Elip katdym gam öýünde ýaý indi.

Selbinyýaz diýr, ýar jebrine dözer men,
Öten günlerime depder ýazar men.
Mejnun deýin çölden – çöle gezer men,
Çykyp her ýan, çeksem nala waý indi.

Elgaraz, Selbinyýaz bu sözüni tamam edip, Hemra bilen allaýarlaşyp yzyna gaýtdy. Ýyglaý-ýyglaý geler erdi. Erse aşyk Ahmet Selbinyýazyň öňünden çykar erdi. Ol hem Hemranyň gidenini eşidip geler erdi. Selbinyýaz aşyk Ahmede garap, zar-zar aglap, bir gazal aýtdy:

Aga begler, eşit arzym,
Söwer ýarymdan aýryldym.
Jesedimden çykdy janym,
Şirin janymdan aýryldym.

Baglanypdyr meniň bagtym,
Ýykylypdyr täji-tagtym.
Ser howuzym, serwi-rahtym,
Söwer ýarymdan aýryldym.

Ýar bilen bagda gezdigim,
Oýnap almasyn üzdügim.
Her bir jebrine dözdügim,
Wepadarymdan aýryldym.

Selbinyýaz diýer, gidenim,
Mülk-u malyny satanym.
Ýar sözlerin unudanym,
Men Hemrahymdan aýryldym.

Elkyssa, aşyk Ahmet aýtdy:

– Eý, Selbinyýaz jan, ýörüň Hemrany gorkuzyp gaýtararmyz – diýip, ikisi kowup, Hemranyň yzyndan ýetdiler. Aşyk Ahmet Hemranyň öňünde durup, köp töwella etdi, zar-zar aglap, bir gazal aýtdy:

Gulak salgyl balam, ahy-dadyma,
Gitme-gitme, balam, ýollar uzakdyr.
Subh-şam düşer sen meniň ýadyma,
Gitme-gitme balam, ýollar uzakdyr.

Sen bolmasaň bu dünýäni neýlärem,
Hijran ody bilen bagrym daglaram.
Men özümi Biribara çaglaram,
Gitme-gitme balam, ýollar uzakdyr.

Bilbil kibi düşem ahy-pygana,
Indi rehmiň gelmez bu şirin jana.
Goýma balam, meni dagy-hijrana,
Gitme-gitme balam, ýollar uzakdyr.

Atañ Ahmet aýdar, köňlünde baryn,
Hiç tapmaz sen gelip garyp mazarym.
Çykargyl köňlüňden Alma diýaryn,
Gitme-gitme balam, ýollar uzakdyr.

Elkyssa, aşyk Ahmet her näçe köňle wehim salýan sözleri aýtsa-da, aşyk Hemra kabul kylmady. Erse, Selbinyýazyň hem köňlünde tap-takady galmaý, zar-zar ýyglap, bir gazal aýtdy:

Owwaldan adaglym, janym Hemrahym,
Neçün menden ýüz dönderdiň, ezizim?
Daglary erider bu çeken ahym,
Neçün menden ýüz dönderdiň, ezizim?

Ýoldaş eýläp algyl meni ýanyňa,
Aýlanaýyn, atyň bilen donuňa.
Men gurbanam şöwketiňe şanyňa,
Neçün menden ýüz dönderdiň, ezizim?

Bir gül idim, üzdüň täze ýapragy,
Synam üzre goýduň hijrany dagy.
Gel, Hemrahym bu gün aýralyk çagy,
Neçün menden ýüz dönderdiň, ezizim?

Göterdim perdäni gül deý ýüzümden,
Akyl bolsaň many algyl sözümden.
Selbinyýazyň ýaş akdyryp gözünden,
Neçün menden ýüz dönderdiň, ezizim?

Elgaraz, Selbinyýaz sözini tamam etdi. Hemra jana bu sözler täsir etmedi, ol gider boldy. Aşyk Ahmet aýtdy:

– Eý, Hemra jan, sen yzyňa dolanmajak bolsaň, sen nirede bolsaň men hem şol ýerde – diýip, ata-ogul ikisi ýola rowana boldular. Selbinyýaz biçäre zar-zar ýyglap yzyna gaýtdy.

Ata-ogul tirkeşip, bäş menzil ýol ýöräp, Häzirbegjan dagyna çykdylar. Yzlaryna garadylar. Häzirbegjan ýurdunyň baglary alysdan dumanlap göründi. Emma aşyk Ahmediň bu baryşdan niçe wehimler ýadyna düşüp, köňli bozulyp, zar-zar aglap, bir söz diýdi:

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Iller daş galdy, daş galdy.
Boz bulanyp akan siller,
Çaýlar daş galdy, daş galdy.

Derýa içinde balyklar,
Dosty-ýar-u halaýyklar.
Hüýr periler melaýyklar,
Uzlar daş galdy, daş galdy.

Sallananda saz edenler,
Gyş günleri ýaz edenler.
Gözün süzüp näz edenler,
Gyzlar daş galdy, daş galdy.

Aşyk Ahmet, çeker arman,
Ýarym bile döwran sürmän.
Medet berse Şahymerdan,
Pirler daş galdy, daş galdy.

Elgaraz, aşyk Ahmet sözüni tamam etdi. Ýene birniçe ýol ýöräp, ajygyp, suwsap bir daga çykdylar. Aşyk Ahmet ol daglara garap, bir söz diýdi:

Eredi, gary eredi,
Bu daglaryň, bu daglaryň.
Bezirgenleri ýöredi,
Bu daglaryň, bu daglaryň.

Men neýläýin dadym ýetmez,
Eýäm nalyşym eşitmez.
Depesinden duman gitmez,
Bu daglaryň, bu daglaryň.

Ajal peýmanymyz dolsa,
Açylgan güllerim solsa,
Goç ýigit üstünde ölse,
Haýpy geler, bu daglaryň.

Säher wagty öwser ýeller,
Saýraşar şeýda bilbiller.
Öwşün atyp dur sünbüller,
Bu daglaryň, bu daglaryň.

Aşyk Ahmet çykdy ýoldan,
Medet bolmazmy Alydan?
Öt günämi, ýa Ýaradan,
Bu daglaryň, bu daglaryň.

Elkyssa, ondan soň bu daglardan aman-esen aşyp, ýene ýola rowana boldular. Birniçe gün ýol ýöräp, bir çeşmäniň boýuna gelip düşdüler. Emma, Hemra bir sagat parahat bolaýyn diýip, ýatdy. Şol wagt, çeşmäniň başyna kybla tarapdan bir bölek gyz geldi. Arasynda bir gyz ulurak erdi. Aşyk Ahmede gözi düşüp, uýalyp, suwa gelmedi. Ahyry hemmesi gelip, çeşmeden suw almaga durdular, aşyk Ahmet uly gyza garap, bir söz aýtdy:

Küýzesine suw almaga gelen gyz,
Mämeli gyz, biziň bile, gel, danyş!
Aşygyn öldürip, janyn alan gyz,
Mämeli gyz, biziň bile, gel, danyş!

Sallana-sallana gidip ykyşa,
Iki mämäň bir-birine çakyşa.
Gurban olam göwsüňdäki nagyşa,
Mämeli gyz, biziň bile, gel, danyş!

Gurban olam biliňdäki guşaga,
Goşulypsyň bir bölejik uşaga.
Bizi görüp ýüzüň sallap aşaga,
Mämeli gyz, biziň bile, gel, danyş!

Gurban olam ýüzde gara halyňa,
Umydym bar lebiňdäki balyňa.
Mis küýzäni göterip sen dalyňa,
Mämeli gyz, biziň bile, gel, danyş!

Ajal gelse bakmaz gyza – juwana,
Seniň yşkyň etdi däli – diwana.
Goja Ahmedi sen getirdiň amana,
Mämeli gyz, biziň bile, gel, danyş!

Elgaraz, aşyk Ahmediň bu sözüne gyzlar gülşüp gidiberdiler. Emma, aşyk Ahmet: Bu gyzlar bilen dogry görşüp, sözleşmegim gerek – diýip, olaryň öňüne geçip durdy. Onda uly gyz:

– Eý, köpek, nirä barsak alnymyzda durup sen – diýip, eline taýak alyp gelip, aşyk Ahmediň gerdenine bir taýak urdy. Aşyk Ahmet gyzyň boýnundan dolap alyp, ýüz – gözünden öpüberdi.

Erse, gyz aşyk Ahmede bu iş seniň halyňa laýyk däldir – diýip, bir söz aýtdy:

Eý, türkmen gojasy kandan geler sen,
Allany söýer sen, menden el göter.
Ne aşyk sen synalary dagly sen,
Allany söýer sen, menden el göter.

Çagyrar men, iki gardaşym geler,
Başyňy aparyp janyňy alar.
Watanly jaýyňdan biwatan kylar,
Allany söýer sen, menden el göter.

Suwa git diýip garry enem goýmady,
Sargaryban gyzyl meňzim solmady.
Näler diýdim goja kişi galmady,
Allany söýer sen, menden el göter.

Ne adam sen, meniň ýolumny tusduň,
Şabaz dek tolgunyp öňümni kesdiň.
Meger bu gün meniň janymda kastyň,
Allany söýer sen, menden el göter.

Hanperi diýr, bize hylgat biçildi,
Göwsüm üzre güli – ragnam açyldy.
Tur öňümden, garry köpek, gaç indi,
Allany söýer sen, menden el göter.

Elgaraz, Hanperi sözüni tamam etdi.
Aşyk Ahmet gaçyp Hemranyň ýanyna baryp, ony oýardy.
Hemra turup:
– Näme habar? – diýdi.

Atasynyň ýüzüne garasa, onuň ýüzi pers-ala bolupdyr.

– Eý, Hemra jan, şu ýerde bir gyz gördüm, saňa alyp bermekçi bolup söz gatsam, iki gardaşymy çagyryp, seni öldürder men diýip, galmagal etdi – diýdi.

Onda Hemra:

–Eý, ata, özüňize derkar bolsa alyň! Maňa Saýat handan başga gyz derkar däldir – diýdi.

Ondan soň ikisi ýola düşüp, ugradylar. Näçe menzil ýol ýöräp Gyzylalma şäherine ýetdiler. Bir çarbag göründi. Daşyna üç mertebe aýlandylar, girere ýer tapmadylar.

Hemra aýtdy:

– Eý, ata, şu bag meniň ýarymyň bagy bolgaý, men bir habar alyp geleýin – diýdi.

Onda aşyk Ahmet aýtdy:

– Bu bag perileriň bagy bolaýmasyn. Gowusy özüm habar alaýyn, näme bolsa özüme bolsun, men ýaşymyň aňyrsyna ýetip men, sanaç uny köp iýip men, sen atlary tutup otur – diýdi.

Aşyk Ahmet bagyň içine suw geçelgesinden girdi. Görse ajaýyp bir bagdyr. Almalaryň miweleri bişip, bilbiller saýraşyp, gumrular dem dartyp, bulaklar her tarapa akyp barar erdi.

Erse aşyk Ahmet almalary kakyp alyp, iýmäge başlady.

Indi sözi Mämmethan patyşanyň gyzy Saýat handan eşidiň!

Andag rowaýat kylarlar ki Saýat han her gün çäş wagty bu baga çykyp, seýil eder erdi. Bu gün hem Saýat han gün guşluk galanda baga seýle çykdy we gördi, bir garry baba daragtlary ýykyp-ýumrup barar erdi.

Erse, Saýat han muny görüp:

– Ýurt adamsy bolsa, baga girebilmezdi. Doýandan soň çykyp gitsin bu baba – diýip, kenizlerine aýtdy.

Emma, aşyk Ahmet doýandan soň hem gitmedi.

Gaýta, almalaryň ýaryny iýip, ýaryny taşlap, miweleri zaýalady. Taýak bilen almalary urup, ýokardaky almalary hem düşürdi.

Saýat han iki kenizine garap:

– Bu baba bagy harap kyldy, kowup, daşary çykaryň – diýdi.

Erse, kenizler gelip aýtdylar:

– Eý, baba, bu bag patyşanyň bagydyr. Tiz çykyp gitgil, eger bagban görse deriňi soýar – diýdiler. Onda aşyk Ahmet:

– Kimiň bagy diýdiňiz? – diýip, ýene taýak bilen urup, almalary gaçyryberdi. Onda kenizler aşyk Ahmediň golundan tutup, urmaga başladylar.

Onda aşyk Ahmet:

– Köşeklerim, sag goluma uruň, çep golumda sazym bar, synmasyn – diýdi.

Onda kenizler:

– Beýle bolsa Saýat hana aýdyp geleli – diýip, Saýat hana garry babanyň sazandadygyny aýtdylar.

Saýat han:

– Babany munda alyp geliňler – diýdi.

Kenizler baryp aşyk Ahmediň golundan tutup, alyp geldiler. Erse, aşyk Ahmet salam berip, tagzym kylyp durdy. Saýat han salamyny alyp sorady.

– Eý, baba, nireden gelip, nirä barar sen?

Aşyk Ahmet Saýat hanyň jemalyny görüp, akyly haýran boldy.

Saýat han tylla tagt üstünde başy tylla jygaly bir gyz. Aý ýaly owadan, hünji dişli, galam gaşly, gara gözli, güler ýüzli, şirin sözli, bilbil owazly, zöhre ýyldyzly. Billeri inçe, badam gabak, ýuka dodak, pisse dahan, şirin suhan, gamzasy jellat, kirpigi ok, lebleri nabat, kamaty ar-ar, sagrysy mermer, boýy serwi, mahbub-yl kulb, müşteri sagadat, hoş kaddy-kamat, aşyk

jigerhun, mahy-taban, gaşyn kakan, zülpün döken, ýola bakan, bagry bürýan, syna suzan, gözi girýan, akly haýran.

Aşyk Ahmet bu gyzy göreninden yşk söwdasyna düşdi. Ol öz ýanyndan Hemra jan ýaşdyr, oňa başga bir gyz alyp berer men, ýa bolmasa Selbinyýaz bolar oňa diýip, oýlandy we Saýat hanyň gül ýüzüne garap duruberdi.

Şol wagt Saýat han dutaryny belentden-belent düzüp, ýene babadan habar sorady.

Saýat han –

Goja kişi, günähiňe kaýyl sen,
Neçün tirdiň almalary bagymdan?!
Gözelleriň jemalyna maýyl sen,
Neçün tirdiň almalary bagymdan?!

Aşyk Ahmet –

Peri-peýker ulug boldy günälem,
Tirdim niçe almalary bagyňda.
Bag eýesi ýa bagbany degilem,
Tirdim niçe almalary bagyňda.

Saýat han –

Muhabbet ýolundan güzer etmediň,
Bakyp öz-özüňe nazar etmediň,
Meniň gazabymdan heder etmediň,
Neçün tirdiň almalary bagymdan?!

Aşyk Ahmet –

Seniň ady-owazaňa gelmişem,
Her ne diýdigiňi kabul kylmyşam,
Bir guluň men, hyzmatyňda bolmuşam,
Gahr edip zyndana salma bagyňda.

Saýat han –

Her bir kimse gol uzatmaz bagyma,
Binalar saldyrdym soly-sagyma,
Birugsat giripsiň meniň bagyma,
Neçün tirdiň almalary bagymdan?!

Aşyk Ahmet –

Başyňy meňzetdim algyr laçyna,
Bir halyň bermenem Çyny- Maçyna,
Myradym bar, girsem, goýnuň içine,
Bu garyp janymy alma bagyňda.

Saýat han –

Saýat han diýr, gyzlar şahy-hubandyr,
Gülüp oýnaşmaga şirin zybandyr.
Urar men, söger men, hökmüm rowandyr,
Neüçin tirdiň almalary bagymdan?!

Aşyk Ahmet –

Aşyk Ahmet diýer, köpdür günähim,
Ýazygym geçirsin kadyr Allahym.

Iltimasym budur, periler şahym,
Perwana dek oda salma bagyňda.

Elkyssa, bular sözlerini tamam etdiler. Erse Saýat han:

– Eý, kenizler, bu goja kişiniň aýdan sözleriniň manysyna düşündiňizmi? Bu kişi myradym bar girsem, goýnuň içine diýip, meni özüne laýyk görüp, maňa aşyk bolupdyr, bu baba kyrk taýak uruň, dälini taýak ýeňer – diýdi. Onda kenizler kyrk taýak getirdiler. Emma, Saýat hanyň Banu diýen bir kenizi bar erdi.

Banu keniz aýtdy.

– Eý, Saýat han, kyrk taýak ursak babanyň endamy tike-tike bolup gider. Owwaly goluna sazyny beriň, saz çalsyn, sazyna gulak salaly, manysy bolmasa uraly – diýdi.

Soňra aşyk Ahmediň goluna saz berdiler: «Aýtgyl!» diýdiler. Aşyk Ahmet goluna sazyny alyp, men saňa çyn aşyk goýnuňa salgyl diýip, Saýat hanyň ýüzüne garap, bir gazal aýtdy:

Perim, seýle çykmyş bag arasyna,
Araýyş eýlemiş, pudagy alma.
Bagbany gerekdir bag eýesine,
Istesem berer sen, pudagy alma.

Gunçanyň söwdügi pudak degilmi,
Läläniň söwdügi pudak degilmi,
Synama çekilen pudak degilmi,
Läläni söýer sen pudagy alma.

Meni kytmyr edip, goýnuňa salgyl,
Kalba ýoldaş edip, goýnuňa salgyl,

Babaňy naryň dek goýnuňa salgyl,
Göter sen goýnuňa pudagy alma.

Saýat han sanagyl ýaşyn Ahmediň,
Aryp bolan biler ýaşyn Ahmediň,
Akdyrma gözünden ýaşyn Ahmediň,
Döküler sil kibi pudagy alma.

Elgaraz, aşyk Ahmet bu sözüni tamam etdi.

Erse Saýat han aýtdy.

– Eý, kenizler, bu sözleriň manysyna düşündiňizmi?

Kenizler:

– Düşünmedik – diýdiler. Saýat han aýtdy:

– Kytmyr edip goýnuňa salgyl diýmegi, meni nikaly edip goýnuňa salgyl – diýdigidir. Babaňy naryň dek goýnuňa salgyl – diýmegi, goşa naryň kibi goýnuňda saklagyl diýdigidir. Indi bu goja kyrk taýak urup garnyny ýaryp, güjüklere beriň – diýdi.

Banu keniz aýtdy.

– Entäk sabyr ediň. Goja bir sözünde aryp bolan biler ýaşyn Ahmediň diýýär. Meger gojanyň ýaş ogly bardyr. Saýat han sanagyl ýaşyn Ahmediň diýmegi, belki, bu saňa men gaýyn ata diýdigidir.

Erse, bu söz Saýat hanyň köňlüne makul boldy.

Şol wagt aşyk Ahmet Saýat hanyň gaharynyň gelendigini bilip, Hemrany beýan edip, bir gazal diýdi:

Nägahandan gelip, bagban bolmuşam,
Gözlerim sataşdy nar almasyna.
Günäkärem, günähimi bilmişem,
Gerden uzatmyşam nar almasyna.

Bagbanyň mesgeni bag ýagşy gerek,
Ýar köňlün almaga ýar ýagşy gerek,

Pygan bagrym başy, ýar ýagşy gerek,
Köýer köňlün ýykyp ýar almasyna.

Men söýmüşem perileriň birisin,
Biri lamdyr, biri jimdir, biri sin,
Biri awdyr, biri awçy, biri sen,
Bir aw ganly gerek ýar almasyna.

Geldi gara bulut bir ýagyn eýlär,
Tutdy gök ýüzüni bir ýagyn eýlär
Müşgül hal bolanda bir ýagy neýlär,
Saýat han myrady ýar almasyna.

Bir janym bar, pelek saňa bermes men,
Iç syrymny hiç kimsäge diýmes men,
Husny jemalyňdan hergiz ganmas men,
Hemrahym giç bakdy ýar almasyna.

Elgaraz, aşyk Ahmet sözüni tamam kyldy.

Erse Saýat han aýtdy:

– Eý, kenizler bu gojanyň sözüni pähim etdiňizmi?

Onda Banu keniz:

– Goja kişi, Bagbanyň mesgeni ýagşy bag gerek diýer. Manysy budur ki men bagban imes men diýer. Ýene hem aýdar ýar köňlün almaga ýagşy ýar gerek diýer. Manysy budur ki seniň özüňe mynasyp ýar gerek diýer.

Onda Saýat han:

– Geldi gara bulut bir ýagyn eýlär diýer, manysy budur ki, özüni gara bulut hasap edip, seniň ýanyňa baryp bilerin diýdigidir. Ýene aýdar, müşgil hal bolanda bir ýagy neýlär. Munuň manysy nämedir?! – diýdi.

Onda Banu keniz:

– Meger munuň ýanynda ýoldaşy bardyr – diýdi.
Saýat han aýtdy:
– Eý, baba, ýoldaşyň barmy?
Aşyk Ahmet:
– Oglum bar, adyna aşyk Hemra diýerler.
Onda Saýat han:
– Eý, baba, bu sözüňi owwaldan aýtsaň bolmadymy, munça azaplar gördüň, herne bolsa ogluňy alyp gel – diýdi.
Aşyk Ahmet:
– Eý, köşegim, ata ogula çakylykçy bolarmy, her zat-da seniň göwnüň synmasyn – diýip, Hemrany çagyryp, bir söz diýdi:

Gel balam istärler seni,
Istegliň bagdadyr-bagda.
Balam kazaňy alaýyn,
Istegliň bagdadyr-bagda.

Mahy-münewwerdir ýüzi,
Şekerden şirindir sözi.
Mämmethan patyşaň gyzy,
Saýat han bagdadyr-bagda.

Synasy daglaryň gary,
Mämesi Gürjüstan nary,
Kyrkynjy gyzyň serdary,
Bal Saýat bagdadyr-bagda.

Söhbeti bar sazlar bile,
Ördegi bar gazlar bile,
On üç, on dört gyzlar bile,
Saýat han bagdadyr-bagda.

Ýar bagyna girer bolsaň,
Gyzyl gülün tirer bolsaň,
Saýat hany görer bolsaň,
Saýat jan bagdadyr-bagda.

Gel, Ahmet, uýgul Allaga,
Ýüzüň gönder kyblagähe.
Diýdiler: – gelsin – Hemraga,
Saýat han bagdadyr-bagda.

Elgaraz, aşyk Ahmet bir sagat garaşdy, Hemra gelmedi.

Saýat han aýtdy:

– Eý, baba, seniň sözüňde aldaw hem hile bar.

Aşyk Ahmet aýtdy:

– Meniň oglum zyýada akyllydyr. Onuň yzyndan özüň bir kişini iberseň, baryp alyp gelse – diýdi.

Ondan soň Saýat han iki kenizini Banu bilen Gülperini iberdi. Kenizler baryp, bagyň daşyna çykyp seretseler bir näzenin oglan oturypdyr, gara gözli, zerewşan käkilli. Kenizler ony görüp, haýran galdylar.

Olar:

– Eý, Hemra jan, her haýsymyza bir posa bergil, ýa posa algyl – diýdiler.

Onda Hemra aýtdy:

– Eý, kenizler, men sizden posa almaryn we size posa bermerin. Men uzak ýoldan Saýat han üçin geldim. Eger posa bersem Saýat hana bererin we ýene posa alsam Saýat handan alaryn – diýdi. Gülperi keniz:

– Saýat han bizlerden zyýada däldir diýip – bir söz aýtdy:

Sadagaň bolaýyn, gül ýüzli ýarym,
Gel, ikimiz zowky-sapa süreli.

Saňa pida bolsun bu şirin janym,
Gel, ikimiz zowky-sapa süreli.

Bu baglaryň almasy bar, nary bar,
Injiri bar, engury bar, bary bar.
Ak ýüzümiň nokat kimin haly bar,
Gel, ikimiz zowky-sapa süreli.

Bu baglaryň alma, nary bişipdir,
Injir, şetdalysy hetden aşypdyr,
Gyzyl gül üstüne şebnem düşüpdir,
Gel, ikimiz zowky-sapa süreli.

Gülperi diýr, saňa gurban bolaýyn,
Gol uzadyp, ýar, boýnuňa salaýyn,
Ak synam üstünden ýoluň bereýin,
Gel, ikimiz zowky-sapa süreli.

Onda Hemra jan:

– Birniçe menzil ýol geçip, men Saýat han üçin geldim – diýdi.

Kenizler aýtdylar:

– Onuň ýaly bolsa bizleriň şanymyza hem söz aýtgyl – diýdiler. Hemra eline sazyny alyp, kenizleri taryp edip, bir söz diýdi:

Bir gyz bilen, bir geliniň,
Saçy aýagyna düşmüş.
Dakynypdyr heýkel – tumar,
Her dem gujagyna düşmüş.

Gollary çykmaz hynadan,
Parh edip bolmaz sonadan.

Aýrylyp ata – eneden,
Jennetiň bagyna düşmüş.

Bu baglaryň gül-lälesi,
Ýar geýen gyrmyz, alasy,
Perhadyň ahy – nalasy,
Şiriniň dagyna düşmüş.

Geldi ýene seýil çagy,
Pyýalany getir saky,
Iki zülpüň bolup ýagy,
Her dem ýaňagyna düşmüş.

Ol perini gören çagda,
Läleler açylar bagda,
Uzyn boýly, ak gujakda,
Höwesim agyna düşmüş.

Ýeke başym galdy derde,
Akyl – huş galmady serde,
Myhman bolman özge ýerde,
Ýaryň otagyna düşmüş.

Köňül her dem gaýnap joşmaz,
Yşkyň oduna tutaşmaz,
Hemra özge ýere düşmez,
Ýaryň gujagyna düşmüş.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi.

Erse, kenizler Hemranyň golundan tutup, Saýat hanyň ýanyna alyp geldiler. Hemra Saýat hany görgeç iki goluny gowşuryp, edep bilen salam berdi.

Saýat han hem ýerinden turup aleýk aldy. Erse, Saýat han Hemranyň gara gözüne, güler ýüzüne, şirin sözüne, galam gaşyna, hünji dişine, pisse dahanyna, tylla suwy berlen käkiline gözi düşüp, bihuş bolup ýykyldy. Bir sagatdan soň huşuna gelip, haýran bolup durdy.

We läkin Hemra hem gördi ki, tylla tagt üstünde şa sypatly bir gyz oturypdyr. Ýüzüniň şuglasy köşki röwşen kylyp erdi. Ýüz tarlaň bakyşly, aşyklar janyn ýakyşly Saýat hany görgeç, aşyk Hemra mest, biygtyýar bolup durdy.

Erse Saýat han aýtdy:

– Eý, baba, ogluň hiç bir aýby ýokdur. Emma birjik aýby bar eken.

Onda aşyk Ahmet:

– Eý, Saýat han peri, sözüňi bilip sözlegil, meniň oglumyň päkizelikden özge aýby ýokdur – diýdi.

Saýat han aýtdy:

– Aýby şoldur ki, ýigidiň saz-söhbetden habary bolmasa köp aýypdyr.

Onda aşyk Ahmet aýtdy:

– Eý, gurbanyň bolaýyn Saýat han, munuň bileni saz, isläni sözdür – diýdi.

Saýat han:

– Onuň ýaly bolsa, Hemranyň sazyny getirip beriň – diýdi.

Kenizler saz getirip berdiler. Hemra bir pasyl saz çaldy.

Erse, Saýat han Hemranyň sazyny diňläp, köp hoş boldy we aýtdy:

– Eý, oglan, berekella, sazyňa. Sözüňi hem eşidäýsek – diýdi.

Erse, Hemra Saýat hana garady, görse dokuz gat ýüpek lybaslaryň astynda Saýat hanyň mämeleri tözlenip, mälim bolup durar. Hemra ony görüp akyl we huş serasima bolup, mest-bi-

ygtyýar bolup, Saýat handan uýalman, mämelerine garap, bir söz diýdi:

Gidende zemistan, gelende bahar,
Sowsanly-sünbülli ak mämeleriň.
Ýüzüň görgeç köňlüm şat oldy, meger,
Düşermi gollara ak mämeleriň.

Garşydan rakyplar ne diýrler bize,
Aşyklar magşugyň jebrine döze,
Säheriň çagynda görüne göze,
Goýupdyr synama dag mämeleriň.

Gyzlaryň elinde altyn pyýala,
Däli köňlüm görüp gitdi hyýala,
Ýuka köýnek geýip, çyksaň şemala,
Ýöräňde titreşer ak mämeleriň.

Kadyr möwlam göz üstünde gaş bermiş,
Lagyldan, merjenden, dürden diş bermiş,
Ak göwsüňde ýumrulanyp baş bermiş,
Güleňde titreşer ak mämeleriň.

Gyzyl güli desselemiş ýaryna,
Her kim arzuw çeker öz dildaryna,
Göwsi meňzär Gürjüstanyň naryna,
Beýazlykda gardan ak mämeleriň.

Ýüzüňi meňzetdim Aý bilen Güne,
Bir tersa gyzydyr, hiç girmez dine.
Hemra jan zar ýyglap, bakar ýüzüne,
Bal bile ýugurlan ýag mämeleriň.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Erse Saýat han:

– Bu köpek ogly tersa gyz diýer. Atasy oglundan beter, ogly atasyndan beter – diýip, gahary gelip, Banu kenizine diýdi:

– Eý, Banu keniz, bulary daragtdan asyp, tä ölinçä uruň – diýdi. Kenizler urup başladylar. Onda Hemra jan Saýat hanyň golundan dat edip, bir söz diýdi:

Bu gözi gaşy garanyň,
Dat elinden, dat elinden,
Syýa zülpi çar paranyň,
Dat elinden, dat elinden.

Gyýa-gyýa bakyşlynyň,
Janym oda ýakyşlynyň,
Aç garçgaý bakyşlynyň,
Dat elinden, dat elinden.

Goly dutarly, sazlynyň,
Kölleri guba-gazlynyň,
Säher bilbil owazlynyň,
Dat elinden, dat elinden.

Gözi, gaşy binalynyň,
On barmagy hynalynyň,
Bizden köňli kineliniň,
Dat elinden, dat elinden.

Gözi gaşy süzükliniň,
On barmagy ýüzükliniň,
Ak goly bilezikliniň,
Dat elinden, dat elinden.

Güli açylmyş bagynyň,
Meýi tükenmez sakynyň,
Hemra diýer şu ýagynyň,
Dat elinden, dat elinden.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi. Kenizler goja pakyry ogly bilen bile agaçdan asyp, urup başladylar. Hemra ýene Saýat hana garap, ondan aman diläp, bir söz diýdi:

Gurbanyň bolaýyn seniň
Saýat hanym, aman-aman!
Ötermiň ýazygym meniň
Saýat hanym, aman-aman!

Akyl-huşum gitdi serden,
Jyda düşdüm bal-u perden,
Seniň üçin yzak ýerden
Men gelmişem aman-aman!

Gahar etme söwer ýarym,
Bag içinde alma-narym,
Saňa diýrem ahy-zarym,
Han Saýadym, aman-aman!

Hemra diýer, ýandym oda,
Gollaryňda gülgün bada,
Arz eýlärem perizada,
Bal Saýadym, aman-aman!

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi. Ondan soň Saýat han aýtdy:

– Hemra jan bizin elimizden aman diledi. Ony alyp geliň – diýdi.

Onda kenizler aşyk Ahmedi goýup, Hemrany Saýat hanyň ýanyna alyp geldiler.

Erse Hemra atasynyň daragtdan asylgy duranyna gözi düşdi. Ol Saýat handan atasyny diläp, bir söz diýdi:

Bir arzym bar gözelleriň hanyna,
Aýdaýynmy, aýtmaýynmy, ne diýr sen?!
Asly göwher kän gelipdir şanyňa,
Aýdaýynmy, aýtmaýynmy, ne diýr sen?!

Owal başda han tagtyna han çykar,
Ýyglap gözden ýaş ornuna gan çykar,
Näzli ýara arz edinçä, jan çykar,
Aýdaýynmy, aýtmaýynmy, ne diýr sen?!

Men neýläýin jyda düşdüm gülümden
Aýralygy beter bildim ölümden
Gorkym köpdür, hata çykar dilimden
Aýdaýynmy, aýtmaýynmy, ne diýr sen?!

Garyp bilbil gona bilmez gülşene,
Ýardan bize habar geldi-nyşana,
Bir sözüm bar, diýe bilmen üýşene,
Aýdaýynmy, aýtmaýynmy, ne diýr sen?!

Hemra diýer, içim derde dolupdyr,
Gyzyl gülüm sargaryban solupdyr.
Näzlim, senden bir dilegim galypdyr,
Aýdaýynmy, aýtmaýynmy, ne diýr sen?!

Elkyssa, Saýat han gördi ki Hemranyň atasy heniz hem asylgy durupdyr.

Erse Saýat han aýtdy:

– Eý, naýynsap kenizler, goja kişini düşürip, hüjrä eltiň! Kenizler aşyk Ahmedi hüjrä eltdiler. Emma, Hemrany bir munakgaş öýe salyp gyrmyzy lybaslar geýdirdiler.

Hemra bilen Saýat han aýşy-eşretge meşgul boldular.

Erse, günleriň birinde bir gyz bilen, bir gelin bir-birine men ýagşy-da, men ýagşy diýşip, jedel kyldylar.

Onda Banu keniz aýtdy:

– Saýat hanyň alnyna baryň – diýdi.

Erse, olar Saýat hanyň ýanyna bardylar.

– Bizleriň haýsymyz ýagşy? – diýdiler.

Onda Saýat han:

– Eý, Hemra jan, bularyň haýsysy ýagşydyr, sen aýdyp ber – diýdi.

Hemra Saýat hanyň sözüni kabul edip, bir söz diýdi:

Bir gyz bilen bir geliniň bäsi bar,
Gelin aýdar: – ýaşyl üzre alym bar,
Tilim oýnar gand-u nabat içinde,
Leblerimde emmelije balym bar.

Gyz hem aýdar: – ogşamyşam eneme,
Lagly-merjen dakynmyşam synama,
Ynjydar sen, gol ýetirme mämäme,
Ýaňagymda desse-desse gülüm bar.

Gelin aýdar: – diýdijegim diýer men,
Gandu-asal, şeker, nabat iýer men,
Sakalsyz, murtsuz oglan söýer men,
Her gijede ýüz-müň tümen näzim bar.

Gyz hem aýdar: – älem bize bakyly,
Üstümize köşki-eýwan ýapyly,
Bir galam bar agzy kümüş gapyly,
Şa aldynda hüňkarym bar, gulum bar.

Hemra diýer, sizler kimler bolar siz,
Ikewiňiz gol boýnuma salar siz,
Men ölen soň sizler kime galar siz,
Her kim bilmez, aýralyk bar, ölüm bar.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi. Saýat han Hemranyň ikiňizem gol boýnuma salar siz diýen sözüne gahary gelip, bulary munça taryp etdi diýip, Hemrany zyndana taşlamagy buýurdy.

Üç günden soň Saýat han bag seýline çykdy. Baga tomaşa edip ýörkä:

– Hemradan habaryň barmy diýip – Banu kenizden sorady. Banu keniz:

– Habarym ýok – diýdi.

Onda Saýat han:

– Baryp habar algyl – diýdi.

Onda Banu keniz Hemranyň ýanyna gelip:

– Eý, Hemra jan, halyň niçikdir – diýdi.

Onda Hemra jan Banu kemize garap bir muhammes aýdar boldy:

Arz eýlemişem men gul, ol ýara ýetir arzym,
Halymdan bolma gapyl, janana ýetir arzym,
Gül şowkyda bilbil men, bossana ýetir arzym,
Ýana-ýana kül boldum, nadana ýetir arzym,
Köp jebir, sütem bergen, ol ýara ýetir arzym.

Sabyr eýlegil köňlüm, derdige şipa istäp,
Gör, niçe wagt ýygladym, mährige wepa istäp,
Üzmegil umydyňy salamyn saba istäp,
Gam bile hasrat gördüm, zowk ile sapa istäp,
Köp jebir, sütem bergen, ol ýara ýetir arzym.

Jebir bile hijranydan boldy kaddym nun dek,
Gözýaşym akar boldy Gulzum bile Jeýhun dek,
Perhat bile Şirin dek, hem Aý bile, hem Gün dek,
Daglary edip seýran, Leýli bile Mežnun dek,
Köp jebir, sütem bergen, ol ýara ýetir arzym.

Hemra diýr, aşyk ähli yşkyda karar olmaz,
Hakdan ýetişse hümmet, bir-birine zar olmaz,
Diwana bolar aşyk, namys bile ar olmaz,
Nadana köňül berme, ondan saňa ýar olmaz,
Köp jebir, sütem bergen, ol ýara ýetir arzym.

Banu keniz onuň arzyny Saýat hana ýetirjekdigini aýtdy. Şu ýerde Hemra ýene-de Banu Kenize garap bir gazal aýtdy:

Garyp bolup, gam öýünde galmyşam,
Bize çoh-çoh bolar aly Saýadyň.
Galat eýläp, bu ülkäge gelmişem,
Ýandyrdy janymy dili Saýadyň.

Tarlaň alyp bile seýle çykanda,
Dolup gözden ganly ýaşyn dökende,
Laçyn salyp, tebli-bazyn kakanda,
Awlagy, çeşmesi, köli Saýadyň.

Pikir eýläp, köňlüm gitdi gümana,
Ýar hanjary bu gün ýetişdi jana.
Meni kowmak üçin eýläp bahana,
Üstümizden düşdi ýoly Saýadyň.

Mämmet şanyň gyzy özün mest eýläp,
Gamzalary jan almaga kast eýläp,
Bizi duşman bilip, kimi dost eýläp,
Men bilmenem ýegdir ili Saýadyň.

Bakjasynda alma ola, nar ola,
Men bilmenem şejerlerde bar ola,
Biz gidende özge bile ýar ola,
Hemranyň keç bagty-goly Saýadyň.

Elkyssa, Banu keniz bu sözleri eşidip, Saýat hana habar berdi.

Saýat han Hemrany görmek üçin onuň ýanyna rowana boldy. Hemra Saýadyň gelýänini görüp, zar-zar ýyglap, bir gazal aýtdy:

Aga begler, bir gözele maýylam,
Dine gelmez ermenidir ermeni,
Şamu-säher ýar jebrine kaýyl men,
Näçaglykda ýaman etdi ýar meni.

Üstümizde Gürjüstanyň dagydyr,
Çar tarapy alma, enar bagydyr,
Şol gözeliň guçmalyja çagydyr,
Gyzyl gülüň harmanydyr-harmany.

Alysdan gelende gördüm göçüni,
Tora saldym algyr gözli laçyny,

Latyf ak ýüzüne döküp saçyny,
Ýüz müň derdiň dermanydyr dermany.

Mestana nerkesdir- garadyr gözi,
Örteýir aşygyn şirindir sözi,
Aslyny sorasaň tersanyň gyzy,
Dile düşmez ermenidir ermeni.

Gyzyl güli desse-desse tirerler,
Dessesini synam üzre goýarlar,
Gapyl bolma, penjireden gararlar,
Hemra diýer, göre geldi ýar meni.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Erse, Saýat han penjireden garap, tomaşa kylyp durupdyr. Hemra hem Saýat hanyň garap duranyny görüp, synasynda tap we takat galman, bir gazal aýtdy:

Penjireden maýyl-maýyl bakan ýar,
Ýar, gara gözleriň nä tilär menden?
Şirin janym yşk oduna ýakan ýar,
Ýar, gara gözleriň nä tilär menden?

Şol gara gözüňe bende bolaýyn,
Men senden aýrylyp, kanda bolaýyn,
Men bir tylla ýüzük, sende bolaýyn,
Ýar, gara gözleriň nä tilär menden?

Säherler ir turup, bakam her ýana,
Men ýary görmesem galam armana,
Näge gözüm düşdi, galdym haýrana,
Ýar, gara gözleriň nä tilär menden?

Gözleriň jellatdyr alar janymy,
Kirpikleriň neşter döker ganymy,
Sen dileseň men berer men janymy,
Ýar, gara gözleriň nä tilär menden?

Müňküriň göwnünden gitmez gümany,
Bilbiliň destinde gülüň dermany,
Saýat han Hemranyň dini imany,
Ýar, gara gözleriň nä tilär menden?

Elkyssa, Hemranyň bu sözüne Saýat hanyň wagty hoş boldy. Hemra hem Saýat hanyň gülenine hoşwagt bolup, onuň köňlüni awlap, bir söz diýdi:

Nägehandan söwda düşdi serime,
Degse maňa degsin, ýara degmesin,
Gahba pelek degme meniň perime,
Degse maňa degsin, ýara degmesin.

Gözeller içinde sen gözel hasy,
Bir zaman görmesem bolar men asy,
Gyşyň sowgy bardyr, ýazyň howasy,
Degse maňa degsin, ýara degmesin.

Gözeller içinde sen gözel şowky,
Gözümden akyzdym gan bilen koky,
Kazanyň elinde janymyň oky,
Degse maňa degsin, ýara degmesin.

Egnine geýipdir akdan alalar,
Ony görüp, şeýda bilbil nalalar,

Gökden ýere inen müň bir belalar,
Degse maňa degsin, ýara degmesin.

Bagynda açylmyş reňbe-reň güller,
Degresinde saýrar şeýda bilbiller,
Aşyk Hemra diýer, aýralyk günler,
Degse maňa degsin, ýara degmesin.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Saýat han kenizleri bile köşge geldi. Ýorgan-düşek, ýassyklary jaýba-jaý, bir-bir goýup, kenizlerine garap:

– Baryň Hemrany alyp geliň – diýdi.

Iki keniz Hemrany alyp gelmäge baranda Hemra aýtdy:

– Eý, kenizler meni birazrak goýuň – diýdi. Kenizler goýdular. Hemra suwa düşünip, tämizlendi. Serhowuzyň başynda elwan-elwan gülleri görüp, wagty hoş bolup, bir söz diýdi.

Bendiwany bolup galdym,
Bir kaddy daly näzliniň,
Ýüzi gül, gözleri nerkes,
Ruhsary läle näzliniň.

Aýralyk ölümden beter,
Müjgänleriň jandan öter,
Düzülipdir hatar-hatar,
Ak ýüzde haly näzliniň.

Gupbalary oýmak-oýmak,
Galat sözdür ýardan doýmak,
Agzy süýtdür, lebi gaýmak,
Bulanar baly näzliniň.

Boýy Buhary gamyşdyr,
Dişi Ürgenji kümüşdir,
Bahar bolsa göz gamaşdyr,
Açylan güli näzliniň.

Hallary bardyr halynça,
Seýrana çyksam dalynça,
Her zülpüniň tary inçe,
Ol kaddy daly näzliniň.

Gül tirerler desse-desse,
Arguwan gönderdiň dosta.
Hemra diýer, boldum hasta,
Köýünde guly näzliniň.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Kenizler Hemrany alyp Saýat hanyň ýanyna ýöräberdiler. Hemra Saýat hana baş egip, salam berdi. Bir-iki sagatlap edep saklap aýak üstünde durdy, Saýat han şonda-da gep goşmady. Hemra eline sazyny alyp, zar-zar aglap, ýene bir söz aýtdy:

Köp bilbil kim gülge çün nigäh boldy,
Bilbil desti oýnar gönderdigini,
Hijran çeken köňlüm bu gün şat boldy,
Läle deý bagryma gönderdigini.

Ýar bizi eýledi bir ymla bilen,
Genç üstün örtüpdir bir ymla bilen,
Şahymerdan özi bir ymla bilen,
Günorta ýerine gönderdigini.

Çykypdyr erkine bir özi bilmez,
Hak özi kylganyn bendesi bilmez,

Köp ah çekdigini bendesi bilmez,
Hijranyň oduna gönderdigini.

Gülşeniň oduna köp ýandy bende,
Meger tersa diýip köp ýandy bende,
Biwepa ýar diýip köp ýandy bende,
Pynhan ilçisini gönderdigini.

Aşyk Hemra diýer, men özüm diýem,
Erenlere syrym men özüm diýem,
Ne hajat bu derdim men özüm diýem,
Ýar özi bilmese gönderdigini.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi.

Saýat han ýerinden turup, Hemraga salam berdi. Hemra aleýik aldy. Hemrany tagt üstüne çykaryp, onuň boýnuna gol saldy. Hemra hem Saýat hanyň boýnuna gol saldy. Ikisi aýş-eşrete meşgul boldular.

Emma günlerde bir gün Saýat han:

– Eý, Hemra jan, ataňy ýurduna gaýtarsak niçik bolar? Her niçik bolsa gaýyn ata ady bardyr. Men uýalar men – diýdi. Kenizler aşyk Ahmedi çagyryp getirdiler.

Saýat han aýtdy:

– Eý, baba, ogluňyzy bizlere tabşyryp, özüňiz ýurduňyza gaýdyň. Baryp mal-mülkleriňize serenjam beriň – diýdi.

Onda aşyk Ahmet:

– Eý, Saýat jan, Hemra jan meniň ýeke perzendim, ony munda goýup, özüm gideýinmi? – diýdi.

Onda Saýat han:

– Hemra jandan hatyrjem boluň. Men Hemra jana ýagşy garar men, siz gaýdyberiň – diýdi.

Erse, aşyk Ahmet biçäre näme ederini bilmän, Hemra jany Saýat hana tabşyryp, oňa ýagşy seretmegi sargap, bir söz diýdi:

Men indi gider men Häzirbegjana,
Saýat jan, Hemrany saňa tabşyrdym.
Sizleri tabşyrdym Kadyr Subhana,
Saýat jan, Hemrany saňa tabşyrdym.

Düşüpdir goluňa bir asly dana,
Jemalyny bermen ýagty jahana,
Ýusup deýin salma ýene zyndana,
Saýat jan, Hemrany saňa tabşyrdym.

Hemra ýaşdyr bilmedigin bildiriň,
Urman, sökmän, şadyýana güldüriň,
Ýa gözüm görmesin, menem öldüriň,
Saýat jan, Hemrany saňa tabşyrdym.

Ahmediň dünýäde birdir pisady
Pelegiň elinden eýlärem dady
Bilimiň kuwwaty, köňlümiň şady
Han Saýat, Hemrany saňa tabşyrdym

Elgaraz, aşyk Ahmet sözüni tamam etdi.

Erse, Saýat han:

– Eý, baba, Hemrany birjikde ynjytdyrmas men, örän arkaýyn we hatyrjem boluň – diýip, bir söz aýtdy.

Babajan, gider sen Häzirbegjana,
Goja, sen ogluňdan hatyrjem bolgul,
Hemrany bermes men ýagty jahana,
Goja, sen ogluňdan hatyrjem bolgul.

Bu gün ýar hyýaly ýadyma düşdi,
Akyl-huşum bary serimden uçdy,
Gökdäki dilegim ýerde gowuşdy,
Goja, sen ogluňdan hatyrjem bolgul.

Ogluň üçin pinhan-pinhan ýerim bar,
Näçe dürli injirim bar, narym bar,
Mundan zyýat aýtsam, haýa-şerim bar,
Baba, sen ogluňdan hatyrjem bolgul.

Ýanymdan aýrylsa ogluň ýoklar men,
Gülap suwun berip, ýüzün päklär men,
Taňry haky üçin eziz saklar men,
Baba, sen balaňdan hatyrjem bolgul.

Saýat han diýr, aýdan sözüň tutar men,
Baba ynanmasaň güwä öter men,
Golum ýassap, ýüzün ýelpäp ýatar men,
Baba, sen ogluňdan hatyrjem bolgul.

Elgaraz, ondan soň Saýat han aýtdy:

– Eý, Banu keniz, ýagşy-ýagşy şahana lybaslardan getirgil – diýdi.

Aşyk Ahmede bir at ýüki tylla, iki gulam beçe hyzmatkär berip, şäherden çykaryp, ak pata bilen ugratdylar. Hemra atasy bilen allaýarlaşyp, Saýat hanyň ýanynda galdy.

Aşyk Ahmet hem Saýat hanyň köşgünden çykyp, gidip barar erdi. Erse öňünden Mämmethan patyşanyň garawullary çykdylar. Aýtdylar:

– Eý, baba, nireden gelip, nirä barýarsyň, meger sen, ýol urup ýören garakçy sen – diýip, aşyk Ahmedi tutdular. Aşyk

Ahmet eger Saýat hanyň bagyndan geler men diýsem, Hemra jan bir bela giriftar bolar diýip, bulardan gorkup, haýran bolup, sözlemän durdy.

Olar aýtdylar:

– Hakykat, bu baba ýol urup ýören garakçy eken – diýip, aşyk Ahmediň elini arkasyna bagladylar we öldürmekçi boldular. Aşyk

Ahmet öten pirlerden medet diläp bir söz diýdi:

Pirim Şahymerdan, ýa baba Gambar,
Ýetişer günleriň geldi ezizim.
Aşyklaryň piri Ýusup pygamber,
Ýetişer günleriň geldi ezizim.

Bir täze gül idim, soldum har oldum,
Zalymlar elinde giriftar oldum,
Pirim Aly didaryňa zar oldum,
Ýetişer günleriň geldi ezizim.

Kimseler patyşa, kimseler wezir,
Kimsäge zulumdyr, kimsäge jebir.
Eýa baba Dargan, eýa Şyh Kebir,
Ýetişer günleriň geldi ezizim.

Köpdür bir Allaga, nalyşym, zarym,
Soltan Hupby bolgun meniň destgirim.
Ýaradan Allahym, ýa Biribarym,
Ýetişer günleriň geldi ezizim.

Allany ýat eder ýazykly guly,
On iki ymam bilen, on ýedi weli.

Hümmetiň ýetişsin ýa pirim Aly,
Ýetişer günleriň geldi ezizim.

Aşyk Ahmet aýdar, eşitgil sözüm,
Sergerdan men seniň ýoluňda gözüm.
Muhammet Mustapa ymmaty özüm,
Ýetişer günleriň geldi ezizim.

Elgaraz, aşyk Ahmet sözüni tamam etdi. Ol arman bilen öler boldum diýip, her ýana bakar erdi. Gördi kim, bir bölek durna Häzirbegjan tarapyna uçup barar erdi. Emma, aşyk Ahmediň ölüm ýakasyndan tutan dek bolup, Häzirbegjandaky garyndaşlary bilen gaýybana hoşlaşyp, olara durnalardan salam iberip, bir söz diýdi:

Durnam, gitseň Häzirbegjan iline,
Barsaň näzli ýara salam diýgeý sen.
Ýürek-bagrym bölek-bölek diline,
Barsaň, näzli ýara salam diýgeý sen.

Arman bilen bagladylar golumy,
Şahymerdan bent eýledi ýolumy.
Durnam, barsaň meniň arzy-halymy,
Kowmy-gardaşlara salam diýgeý sen.

Ýaman ýolda gezen Taňrydan tapar,
Kyýamat gününde harasat gopar.
Durnam, meniň arzym ol ýara apar,
Didar kyýamata galdy diýgeý sen.

Mundan gitsen Häzirbegjan görüne,
Gara bagrym suw boluban erine.

Barsaň aýtgyl ala gözli Şirine,
Aşyk Ahmet ýaryň öldi diýgeý sen.

Elgaraz, aşyk Ahmet sözüni tamam etdi. Durnalar Hudaýtagalanyň gudraty bilen aşyk Ahmediň depesinde döwür gurap aýlanyberdiler. Garawullar ony görüp haýran bolup, bir-birine bu kişide keramat bar diýdiler.

Garawulbaşy aýtdy:

– Eý, goja kişi, sen şu durnalary ýanyňa düşürip bilseň, mal-esbabyň bilen seni azat kylaly, eger düşürip bilmeseň öldürermiz – diýdi.

Onda aşyk Ahmet:

– Sizler meniň goluma sazymy beriň, özüňiz hem pynhan ýerde garap duruň – diýdi.

Garawullar bir ýerde gizlenip garap durdular. Aşyk Ahmet sazyny belent-belent gurup, durnalara garap, bir söz diýdi.

Depesinden şalyk laçyn salyna,
Ýa Reb, niçik geçer haly durnanyň.
Jygalary tel-tel bolup bölüne,
Onda niçik geçer haly durnanyň.

Bu durnalar hemdem bolup hemişe,
Çekiler sähraga, barmaz gamyşa.
Aga-begler, perin baglaň kümüşe,
Saýrasa gök öwser dili durnanyň.

Durnam howa uçma, gözüň gamaşar,
Niçe taryp etsem saňa ýaraşar.
Al howada gözüň uzaga düşer,
Belent dagdan aşar ýoly durnanyň.

Men bir biçäre, men köňlüm kemine,
Eýäm şipa bersin köňül gamyna.
Ýaz bolsa ýüzlener yrak zemine,
Gyş bolsa Bagdatdyr ili durnanyň.

Indi sizler geliň meniň ýanyma,
Ýogsa bu zalymlar galar ganyma.
Rehm eýläňiz meniň garyp janyma,
Aşyk Ahmet garyp guly durnanyň

Elgaraz, durnalar aşyk Ahmediň sözlerini eşidip, onuň üstüne inip başladylar.

Garawullar bu keramaty görüp:

– Eý, baba, keramatly kişi eken siz, bu durnalary ýene-de öz ýoluna iberseň, bir hak öwlüýä erer sen – diýdiler.

Aşyk Ahmet durnalara garap, bir söz diýdi:

Habar aldyňyzlar meniň halymdan,
Indi öz ýoluňa uç indi, durnam.
Meni azat etdiňizler zalymdan,
Bölüm-bölüm bolup, göç indi, durnam.

Indi gözläň, Häzirbegjan ýoluny,
Tiriňler bagynyň gyzyl gülüni.
Şirin ýara baryp aýdyň halymy,
Sizler bu zalymdan gaç indi, durnam.

Iki durnam gezer akly, garaly,
Birisiniň endam jany ýaraly.
Hakdan buýruk bolsa, biz hem baraly,
Häzirbegjan sary uç indi, durnam.

Ahmedi ölümden etdiňiz halas,
Goja Ahmet – sizden köp gördi yhlas.
Medet bersin size ol Hydyr Ylýas,
Hümmet eýläp, dagdan aş indi, durnam.

Elkyssa, Hudaýtagalanyň gudraty bilen durnalar öz ýoluna uçup gitdiler.

Erse garawullar bu wakany görüp aşyk Ahmedi azat edip, ähli alan tyllalaryny, serpaýlaryny berip:

– Eý, baba, biziň günämizi ötüň, bize ak pata beriň – diýdiler.

Aşyk Ahmet garawullara ak pata berdi, özi hem nirede sen Häzirbegjan diýip ýola rowana boldy. Aşyk Ahmet niçe menzil ýol geçip, Häzirbegjan ýurduna dahyl boldy. Sag-salamat kowum-garyndaşlaryna, Gülşirin ýaryna gowuşdy.

Hudaýyň emrine boýun sunup, namaz ba jemaat okamaga meşgul boldy. Emma Hemranyň enesi aşyk Ahmede garap aýtdy:

– Eý, aşyk Ahmet, ýeke-ýalňyz balamy taşlap geldinmi?! – – diýip sorady. Aşyk Ahmet hem jogap berdi.

Gülşirin –

Arzymny eşitgil, aşyk Ahmet şah,
Ol ýalňyz balamy sen kaýda goýduň?
Subhy-şam dynmaýan çekerem köp ah,
Ol ýalňyz balamy sen kaýda goýduň?

Aşyk Ahmet –

Alyp bardym han Saýadyň ýanyna,
Şady-horram bolup oýnady, galdy.

Guwwas bolup, ol uçrady känine,
Şady-horram bolup oýnady, galdy

Gülşirin –

Subh-şam çekeni ahy-zarmydyr?
Ýa bolmasa Saýat hana ýarmydyr?
Ýene aman-esen görmek barmydyr?
Ol ýalňyz balamy sen kaýda goýduň?

Aşyk Ahmet –

Saýat hana goýmuş keli:m destine,
Çykardylar tylla köşgüň üstüne,
Her kim kaýyl boldy, katt bestine,
Şady-horram bolup oýnady, galdy.

Gülşirin –

Ýalançy dünýäde oldur geregim,
Gije-gündiz bir Hudadan dilegim,
Tizräk aýt ýaryldy-la ýüregim,
Ol ýalňyz balamy sen kaýda goýduň?

Aşyk Ahmet –

Kyrk keniz göterdi tylladan gata.
Özüne mynasyp tapdy elfeta,
Özüni bermedi gaýgy-külpete,
Şady-horram bolup oýnady, galdy.

Gülşirin –

Saba-saba yşk oduna ýana men,
Gahba pelek bilen olan du:ne men,
Şirin diýer, Hemrajana ýana men,
Ol ýalňyz balamy sen kaýda goýduň?

Aşyk Ahmet –

Aşyk Ahmet tamam etdi bu sözi,
Edep-ekram bilen iberdi bizi,
Zowk-sapadadyr Hemranyň özi
Şady-horram bolup oýnady, galdy.

Elkyssa, bular sözlerini tamam etdiler. Indi iki keleme sözi Saýat han bile Hemradan eşidiň. Aşyk Ahmedi Häzirbegjana ugradandan soň, Saýat han ikisi tylla köşk içinde aýş-eşrete meşgul boldular. Bir gün säher wagty Saýat han ukudan oýandy. Hemrany oýatman özi Hemra, saňa bir desse gül bogup getireýin diýip, ýerinden turup, baga tarap gitdi. Bir pasyldan soň Hemra oýanyp görse, ýanynda Saýat han ýokdur. Hemranyň köňlüne güman gitdi. Saýat hanyň menden başga hem ýary barmyka diýip, gama batyp oturdy, şol wagt Saýat han bir desse gül bogup, mestan-mestan basyp, ýylgyryp geldi.

Hemra aýtdy:

– Eý, Saýat han, siz dek patyşazada baga ýeke girmek aýypdyr – diýip, birnäçe ýerden tymsal getirip, bir söz diýdi:

Saba-saba çykma, perim, gülkeşte,
Zülp perişan olar, ýelden aýypdyr.
Bir ýany rakybyň tagna sözleri,
Bir ýandan ulusly-ilden aýypdyr.

Iki aşyk bir-birine ýetende,
Bilbiller saýraşyp sema tutanda,
Ak bilekler dal gerdenden ötende,
Şitdäň işilmesi bilden aýypdyr.

Söwdügim, girip sen ýüz elwan dona,
Gorkaram üstüňe garyçgaý gona,
Garkyldaşmaň gazlar, ürküşmäň sona,
Näge suw çaýkansa kölden aýypdyr.

Säherler söwdügim çyksaň seýrana
Gorkaram aşyklar oduňa ýana,
Bijowap zülpüňe degirme şana,
Bir tary üzülse gyldan aýypdyr.

Aşyk Hemra aýdar, dinim-imanym,
Müjgäniň hanjary akyzdy ganym,
Her kaýan bakyşyň alaýdy janym,
Diýdigim pitne söz dilden aýypdyr.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi.

Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, men seni oýarman, özüm baga baryp, gül ýygyp, seni gül bilen oýatmak isledim – diýdi.

Ondan soň ikisi öpüşip, guçuşyp, aýş-eşrete meşgul bolup, bu güni hem geçirdiler. Ertesi säher bilen Hemra jan bag tarapa garasa günüň şöhlesi güle düşüp, gülüň şowky güne düşüp, baglaryň ajaýyp görnüşine ýüregi joşup:

– Ýör Saýat jan, bag seýline baraly – diýdi.

Saýat han:

– Meniň zülplerim perişan bolupdyr. Men zülplerimi timarlap, soňra barar men, sen baryber – diýdi. Hemra baga

tomaşa edip ýörer erdi. Saýat han köp eglendi. Hemra baryp görse, ol saçlaryny darap, zülplerine timar berip oturypdyr. Hemra Saýat hanyň al ýaňaklaryndan öpüp, on dördi gijäniň aýy dek ýüzündäki burçak-burçak dere bakyp, sabyr-kararyny elden berip, bir söz diýdi:

Her saba gezerdim güli-gülşende,
Baglar arasynda boldum heserli.
Müşki tatar buýlym, miýan gerdenlim,
Söwdügim eliňden boldum heserli.

Müşki- anbar buýlym beýle düzülmiş,
Asal-şeker lebleriňde ezilmiş.
Humarlanyp ala gözler süzülmiş,
Zülpi zerewşanly, müşki anbarly.

Munakgaş öýlerde, ak otaklarda,
Bilbil pygan eder soly-saglarda.
Düwürjik-düwürjik al ýaňaklarda,
Ak zynjyrlar inmiş, çün ýüzi derli.

Ne sebäpden gül deý meňzim sargara,
Hesretiňden bagrym başy müň para,
Mysalyn ogşatdym çölde marala,
Alma zenehdanly, ýüzi gülerli.

Gökde bulut oýnar, derýada mahy,
Seni gören aşyk köp çeker ahy.
Hemra bir gedadyr, sen jahan şahy,
Seniň deý görmedim bir simu-zerli.

Elgaraz, Hemra jan, Saýat han ikisi goşulyp, baga baryr erdiler. Şol baryşlaryna Hemranyň göwni hoş bolup, Saýat hanyň jemalyna garap, bir söz diýdi.

Şikesteýem, gam öýünde saýylam,
Işim boldy nala bilen zar indi.
Seniň husny-jemalyňa maýylam,
Sözleş indi, dalaş indi ýar indi.

Meniň ýarym bu ülkede sag ola,
Goýnuň içi jennet ola, bag ola.
Guwanmyşam şitdäňdäki ak ola,
Kagyz indi, beýaz indi, gar indi.

Lebleriňde baldan özge ab bolmaz,
Walla, bu husnuňça mahy-tap bolmaz.
Ýaňagyňa gül-gunçasy bap bolmaz,
Narynç indi, turunç indi, nar indi.

Gurban olam bilbiliňe, gülüňe,
Bal ezilmiş dodagyňa, diliňe.
Her tarapdan çyrmaşypdyr biliňe,
Saçyň indi, örüm indi, mar indi.

Hemra diýer, yşk oduna tutaşsa,
Köňüldäki matlabyna ýetişse.
Seniň bilen mydam döwran sürüşse,
Namys indi, gaýrat indi, ar indi.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi. Saýat han gülgün lybaslar geýip, gaşlaryna wesme goýup, gözlerine sürme çekip, ýüzlerine gaza tartyp, başyna tylla jygasyny geýip, tawus deý dara-

nyp, toty deý saýrap, bilbil deý nala kylyp, humaý deý saýa salyp, mestan-mestan basyp geler erdi. Emma Saýat hanyň iki bagy bar erdi. Birine «Uly bag» birine «Gülşen bag» diýer erdiler. Hemrany «Uly baga» alyp bardy. Ol bagda Saýat hanyň birnäçe ekdi keýikleri bar erdi.

Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, siziň ýurduňyzda hem bular ýaly keýikler barmydyr? – diýdi.

Onda Hemra:

– Eý, gurbanyň bolaýyn, Saýat jan, bularyň mekany biziň ýurdumyzdyr. Bular bu ýerlere azaşyp düşdümi? Bulara biziň ilde jeren diýerler – diýip, goluna sazyny alyp, bir söz diýdi:

Serim gurban bolsun seni görene,
Biziň iliň jerenidir-jereni.
Azaşypdyr, munda jeren neýle-ýe,
Biziň iliň jerenidir-jereni.

Akar çeşmelerim sile dolduran,
Saraldyban gül meňzimi solduran.
Arap atym, ýüwrük tazym öldüren,
Öz ilimiň jerenidir-jereni.

Uzakdan ak bolar jereniň özi,
Depesinde bardyr goşa buýnuzy.
Seýr eýläp gelendir daglary, düzi,
Öz ilimiň jerenidir-jereni.

Jeren gezer dag başynda duwlanyp,
Duwlanyban, çeşmelerden suwlanyp.
Aşyk Hemra abdal bolup dolanyp,
Biziň iliň jerenidir-jereni.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi. Saýat han birnäçe laçyn guşlarym bar diýip, Hemrany laçyn guşlaryň ýanyna alyp bardy. Onda Hemra jan han Saýadyň guşlaryny görüp, başyny ýaýkady.

Onda Saýat han:

– Eý, Hemra jan, näme üçin başyňy ýaýkadyň? – diýip, sorady.

Onda Hemra:

– Eý, Saýat han, bu guşlaryň asly mekany biziň ýurdumyz bolar. Bu guşlara tarlaň guşlar diýerler. Bulary awa hem salarlar – diýdi we guşlary taryplap, bir söz diýdi:

Gyşyň zähmin çekip, ýaza çykanda,
Ereýip döküler ýagy tarlaňyň.
Ter çemen üstünde perin kakanda,
Kuýaş deý ak erer peri tarlaňyň.

Goş jyga ýaraşar ýorga, alaşa,
Sagyndan atlanyp, solundan düşe.
Tebil, baz kakylar ol tarlaň guşa,
Batar dyrnaklary gana tarlaňyň.

Howaga uçanda, mest bolup döne,
Awun alyp, tarlaň kuýaşa gona.
Hatardan aýrylan ýaşylbaş sona,
Bilmeze düşüpdir dagy tarlaňyň.

Awun alyp al howaga atylsa,
Arş üstünde ganatlary çatylsa.
Bilmezlikde müň tümene satylsa,
Jygasy, şikary, tiri tarlaňyň.

Üstümizden tarlaň uçar agalar,
Tutup ýaşylbaşa sanjyň jygalar.
Oturan gazylar, duran agalar,
Hemra diýer, geçdi awy tarlaňyň.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi.

Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, ýöri, serhowuzyň ýanyna baraly – diýip, serhowuzyň başynda şasypana çykdylar. Görseler howuzyň içinde ýaşylbaş sonalaryň biri çümüp, biri çykyp ýörüpdir.

Erse, Hemra bu sonalary görüp, sonalaryň gözüni Selbinyýazyň gözüne meňzedip, Selbinyýazy ýadyna düşürip, köňli bozulyp, bir gazal aýtdy:

Barar idim ýaşylbaşa ugradym,
Sonam bizi görüp, ýüzmäge düşdi.
Özüni taşlady derýa düýbüne,
Aldy galamlaryn ýazmaga düşdi.

Bir hyýal eýledim bukulyp ýatam,
Destimni uzadyp, sonany tutam.
Bir pikir eýledim daş bilen atam,
Ýüregim dözmeýen, ezmäge düşdi.

Emer idim lebleriniň balyndan,
Guçar idim ýaryň inçe bilinden.
Jyda düşdüm han Selbiniň ilinden,
Köňlüm telwas urup, gezmäge düşdi.

Selbimden aýrylyp, düşdüm yraga,
Gözüm ýaşa doldy, köňlüm pyraga.

Sonalar çekdiler özün gyraga,
Egrije tellerin ýazmaga düşdi.

Hemra giriftardyr ýaryň özüne,
Tel dökülmiş gerdenine, ýüzüne.
Maýyl boldum sonalaryň gözüne,
Humaý gözlerini süzmäge düşdi.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi.

Erse, Saýat han aýtdy:

– Eý, Banu, bu oglan sözüni ýaman heserli aýdar, her sözünde Selbi diýip, köp heläk bolar. Meger öz ýurdunda ýary bar bolgaý. Eger ýene Selbi diýip sözlese, takyklap göreli – diýip, ýöräberdiler. Gördüler ki, bir daşyň üstünde üç sany käkilik saýrap oturypdyr.

Hemra olary görüp, hoş wagt bolup, bir söz diýdi:

Güýz dolandy, bahar geldi, ýaz geldi,
Owazy gulaga geldi käkiliň.
Aglamadym, oýnamadym, gülmedim,
Höwesi janymda galdy käkiliň.

Ýaňagyna düşär zülpün, saçyny,
Köňlüm istär ala gözli laçyny,
Aldap awdan goýar algyr laçyny,
Haty-haly, syýah zülpi käkiliň.

Çoh saýýatlar aldanarlar alyna,
Köňlüm telwas urar goşa halyna,
Barabardyr çar köçäniň malyna,
Kah-kah urup gülüşi bar käkiliň.

Gök jama geýinip keşt eder düzi,
Gollary hal-haldyr, paýy gyrmyzy.
Jygasy şikärli, sürmeli gözi,
Haty-haly, syýah zülpi käkiliň.

Hemra diýer, ýar hemişe handandyr,
Ýurdumyzda galan ol Selbi jandyr,
Lagyldyr, göwherdir, dürri-merjendir,
Murassag gupbasy bardyr käkiliň.

Elgaraz, Hemra jan, sözüni tamam etdi.

Saýat han Hemranyň ýakasyndan tutup aýtdy:

– Eý, Hemra jan, ýurduňda galan niçik Selbidir, aýt! – diýdi.

Onda Hemra:

– Eý, gurbanyň bolaýyn Saýat jan, Selbi diýen bir daragt bar, atam ýedi mertebe haja gidende Mekge şäheriniň ýolundan iki daragtyň nahalyny getiripdi. Bir ziba daragt eken. Gyşu-ýaz gök bolup durar. Alma, enar kimin miwe berer, onuň saýasynda ýatyp, aýş-eşret sürerdim. Ol daragtyň biriniň adyna Selbi diýerler, beýlekisine Nyýaz diýerler. Olary her mahal ýadyma salar men – diýdi.

Onda Saýat han:

– Her niçik şalyk daragt bolsa meniň bagymda bardyr. Selbi bilen Nyýaz ýokmy? – diýdi.

Onda Hemra:

– Seniň bagyňda hem bar bolsa gerek – diýip, baglar arasynda gezim etdiler, emma beýle daragty tapmadylar.

Hemra aýtdy:

– Eý, Saýat han, Selbi diýen daragt elmydam gyşu-ýaz gök öwsüp oturar, hergiz ýapraklary düşmez, elwan-elwan öwsüp,

kä gyzyl, kä gök, käte ýaşyl bolar – diýdi. Ondan soň Hemra jan,bilen Saýat han hammama bardylar.

Erse, Hemra jan:

– Eý, Saýat jan, meniň senden başga ýarym bolmaz – diýip, biri-biriniň boýnuna gol salşyp, köşge gaýtdylar. Ýene şol üç käkiligiň üstünden geldiler. Hemra Selbinyýazy ýatlap, onuň jemalyny arzuwlap Saýat, Selbi üçümiz hem şu käkilikler dek hatarlanyşyp oturarmykak, ýa-da Selbinyýaz başga birine köňül berdimikän diýip, goluna tylla sazyny alyp bir gazal aýtdy:

Bir doga eýläňler uluslar-iller,
Meniň ahym ýara ýetişermikän?
Magrypdan-maşryga ýeten erenler,
Aşyk magşugyna gowuşarmykan?

Bize hümmet bersin ol uly pirler,
Onuň hökmündedir ziri-zeberler,
Bir ah ursam ýanar ýedi gat ýerler,
Köňlüm yşk oduna tutaşarmykan?

Tomaşaňa geler agalar, begler,
Sürmeli gözleriň meni çoh eglär,
Ilinden aýrylan garyp käkiller,
Ýene kah-kah urup, gülüşermikän?

Meniň köňlüm gussa bilen gamlarda,
Ýar ýardan aýrylyp, gezer her ýerde,
Iki peri hemdem bolup bir ýerde,
Bir-birniň gadyryn bilişermikän?

Bizden aşnalygy ýat bolan Selbi,
Bizi gamda goýup, şat bolan Selbi,

Owwaldan Hemraga adalan Selbi,
Ýatlar bilen oýnap gülüşermikän?

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi. Saýat hanyň köňlüne güman gitdi.

Saýat han Hemra garap:

– Eý, oglan, ýatlar bilen oýnap gülüşermikän diýer sen, owwaldan adaglanan Selbi diýer sen, o niçik Selbidir, aýtgyl! – diýdi.

– Onda Hemra jan:

– Eý, Saýadym, Selbi bir ýagşy daragtdyr – diýip, ozal aýtmadymmy, onuň ýagşy miwesi bardyr. Onuň miwesiniň suwuny içerler. Şony ýatlar içmesin diýenimdir – diýdi. Saýat han ynanmady.

– Ynanmas men, öz ýurduňda Selbi atly ýaryň bardyr – diýdi. Hemra jan:

– Eger şert etsem ynanarmy sen –diýdi.

Saýat han:

– Ynanar men – diýdi.

Hemra:

– Men siziň ýurduňyzyň ýaman şertini bilmeýärin, öz ýurdumyzyň ýaman şertini edeýin – diýdi.

Saýat han:

– O niçik şertdir? – diýdi.

Hemra:

– O daga, bu daga, aýagym degsin aýaga – diýdi. Saýat han:

– Bu şertiň manysy nedir – diýip, sorady. Hemra:

– O daga diýenim, o dünýäde ýüzüm gara, bu daga diýenim, bu dünýäde ýüzüm gara diýdigim. Kim şu şertiň manysyna ynanmasa günäli bolar – diýdi.

Saýat han:

– Indi ynandym – diýdi.

Emma Hemranyň öz göwnünde o taýda Selbinyýaz, bu taýda Saýat han diýdigidi.

Elkyssa, ondan soň Saýat hanyň keýpi çag boldy, bir almany ysgap iýmekçi bolup otyrdy, alma elinden gaçyp, togalanyp, Hemranyň öňüne geldi. Hemra ony alyp iýdi we wagty hoşlukda Saýat hana garap, bir söz diýdi:

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Halyndan gara gözliniň.
Aldadyp almasyn aldym,
Elinden gara gözliniň.

Gara göz bilen gözleşdim,
Şirin söz bilen sözleşdim.
Egilip şitdesin işdim,
Bilinden gara gözliniň.

Tutup otagasyn ýoldum,
Ak boýnuna golum saldym.
Ürküzip sonasyn aldym,
Kölünden gara gözliniň.

Hemra diýer, baryn aldym,
Alma bilen naryn aldym.
Men şu gün ygraryn aldym
Dilinden gara gözliniň.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi. Emma, Saýat hanyň köňlünden güman gitmedi. Ol köşge gelip Banu kenizden:

– Eý, Banu «O daga, bu daga, aýagym degsin aýaga» diýen şertden şert bolarmy? – diýdi.

Onda Banu:

– Mundan ant hem bolmaz, şert hem. Muňa «Çopan şerti» diýerler. Hemra seni aldapdyr – diýdi.

Onda Saýat han:

– Eýle bolsa meniň Hemra bilen aşyklygym ýok – diýip, gaharlandy.

Şol wagt Hemra hem bagdan çykyp, onuň ýanyna geldi.

Görse Saýat han gyrmyzy lybaslar geýnip, gazaba çykyp, her gözleri pyýala dek bolupdyr. Hemra Saýat han bilen keniz-lerine garap, bir söz diýdi:

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Ýar gyrmyzy geýinipdir.
Ak ýüzünde jüre-jüre
Hal gyrmyzy geýinipdir.

Ýar jygasyn sanjar başa,
Gurban olam galam gaşa.
Synasynda goşa-goşa
Nar gyrmyzy geýinipdir.

Bakyşyňyz jeren kibi,
Reftaryňyz maral kibi.
Iki zülpüň şamar kibi
Mar gyrmyzy geýinipdir.

Ýarym geler güle-güle,
Gülüşi meňzär bilbile.
Ýanynda kyrk keniz bile,
Bar gyrmyzy geýinipdir.

Gel, Saýat, gideli baga,
Dolan, bak synamda daga.

Hemranyň janyn almaga,
Ýar gyrmyzy geýinipdir.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi.

Saýat han Hemradan öýkeläp aýtdy:

– Eý, Banu, bu oglan herdemhyýal eken. Munuň öz ýurdunda Selbi atly ýarynyň bardygy mälim boldy – diýip, tersine gözläp oturyberdi.

Onda Hemra jan aýtdy:

– Käşki meniň ýurdumda Selbi atly ýarym bolsa, men hem seniň şu sözleriňden gutulsam – diýip, ýalandan zar-zar aglap, goluna sazyny alyp, bir söz diýdi.

Saba-saba ýar jemalyn söwdügim,
Zülpüň gerdeniňe çolaşan kibi.
Gandu-şeker bulanypdyr lebiňe,
Dal gerdenli ýarym güli Çin kibi.

Ýarym geýinipdir gyzyl, aklary,
Arzyrumdan gelen gyzyl, aklary.
Geýeniň gyrmyzy, çykar aklary,
Näzik endamlara dolaşan kibi.

Saky pyýalany dolduraýasy,
Meýlisde meý bilen gandyraýasy.
Saky hoş sözüňi diýdiräýesi,
Käşki ýalan sözler bolsa çyn kibi.

Hemra diýr, haýranam ýar jemalyna,
Meýlisde gurbanam ýar jemalyna,
Hyrydar olar men ýar jemalyna,
Ýedi azym şäher bolsun Çin kibi.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi. Saýat han bir gülüp, Hemraga bir käse meý tutdy. Hemra meý içenden soňra, Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, meniň şu oturşyma bir söz aýtgyl – diýdi. Erse, Hemra Saýat hanyň şanyna, ony taryp edip, bir söz diýdi:

Kadyr Alla bedr eýlemiş jemalyn,
Täsir olup janym melala düşmüş.
Gögerçin taýr dek köňlüm hyýalyn,
Iki gaşyň tarhy melala düşmüş.

Uja dagdan injir on düşen kibi,
Hallar arasyna tün düşen kibi.
Jemi rowzanlara gün düşen kibi,
Zenehdan hallaryň ga:lala düşmüş.

Jady gözleriňe ter düşen kibi,
Symrugyň teninden per düşen kibi,
Düwürçik-düwürçik der düşen kibi,
Lebinden bir yssy pyýala düşmüş.

Çykmak bolmaz aşyklaryň zaryndan,
Halyň hyraç alar Çin diýaryndan.
Men aklym aldyrdym husnuň baryndan,
Görende bir ajap hyýala düşmüş.

Hemra diýr, a:ky ýok dag adamynyň,
Tuhpasy gül bolar dag adamynyň.
Sähra dälisiniň, dag adamynyň,
Gözleri sen kibi zülala düşmüş.

Elkyssa, ondan soň Hemra bilen Saýat han ikisi gülüp-oýnap, aýş-eşrete meşgul boldular.

Günlerde bir gün Hemra aýtdy:

– Eý, Saýat han birnäçe gün bäri baga seýle çykmadyk. Bu gün baga seýle çyksak niçik bolar? – diýdi.

Onda Saýat han:

– Bu gün saraýlara seýle çykaly, erte çarbaga gidermiz – diýdi.

Onda Hemra jan Saýat hanyň husny jemalyna garap, bir söz diýdi:

Bu husnuňa maýyl bolup durmuşam,
Ogşatdym gözleriň humaýa beýle.
Diýdim: Ýör, gideli çar baga seýle,
Ýar goýupdyr, erte – sabaýa beýle.

Meniň ýarym gözelleriň şahydyr,
Elmydam çekdigim şonuň ahydyr.
Hallary enjümdir, kuýaş mahydyr,
Gol tutuşyp, girsek saraýa beýle.

Gara gözlim, gyýa-gyýa bakar sen,
Dal gerdene tylla heýkel dakar sen,
Gülgün geýip, bag seýline çykar sen,
Ýaraşar boýlaryň sallana beýle.

Sözledigim näzli ýaryň sözüdir,
Jennet içre hüýri, gulman özüdir.
Aly ogly Mämmethanyň gyzydyr,
Ýarym girmiş gülgün kabaýa beýle.

Meniň ýarym suw içinde sonadyr,
Gören aşyk kebap bolup ýanadyr.
Gol uzadyp pyýalany sunadyr,
Hemra diýer, getir pyýala beýle.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi. Soňra saraýlara seýil edip, gelip oturdylar. Şol wagtda daşardan bir owaz geldi.

Saýat han:

– Çykyp habar alyň! – diýip, kenizlerine ýüzlendi. Kenizler habar alyp, gelip:

– Gürjüstan patyşasynyň gyzy Kemal han diýen mährem eken. Onuň yzynda wekil we aksakallary we ýene-de kyrk kenizi bar – diýdiler.

Saýat han:

– Beýle bolsa, olary çarbagda serhowuzyň başynda ýerleşdiriň, tagamlar bilen hezzetläň! – diýdi.

Saýat hanyň özi hem kyrk kenizi bilen olaryň ýanyna gelip, salamlaşdy. Kemal hanyň kenizleri aýtdylar:

– Eý, Saýat jan, seniň bagyňa Häzirbegjan ýurdundan bir hoşroý oglan gelipdir, biz şony görmäge geldik– diýdiler.

Onda Saýat han:

– Beýle jandar meniň bagyma gelip bilmez. Ýat adamyň meniň bagymda näme işi bar? Siz maňa melamat etjek bolmaň –diýip, Kemal hanyň kenizlerine gaharlandy.

Onda Kemal han:

– Eý, Saýat han, şol ýagşy oglany maňa görkezmeseň seniň bilen görüşmerin – diýdi.

Onda Saýat han Kemal hana sen gitme diýip, göz-gaş bilen yşarat edip, onuň kenizlerini ýanyndan kowdy.

Saýat han Hemrany şahana lybaslar geýdirip, alyp gelmeklerini iki kenizine buýurdy. Kenizler Hemrany geýindirip, bularyň ýanyna alyp geldiler.

Kemal han Hemrany görüp, haýran galyp, barmagyny dişledi.

Hemra hem Kemal hany görüp, akyl-huşuny gaçyryp, haýran bolup durdy.

Onda Kemal han aýtdy:

– Eý, Saýat jan, Hemranyň özünde kemi ýok ekeni, iki keleme sözüni hem eşitsek, meni taryp etsin – diýdi. Emma, Hemra onuň sözlerine düşünmedi.

Saýat han Kemal hanyň sözlerine dilmaç bolup, onuň manysyny Hemra düşündirdi.

Hemra aýtdy:

– Men bu gyzy nähili taryp edeýin? – diýdi.

Kemal han üstki lybasyny çykaryp, daraýy köýneklerini geýip, tylla jygasyny sanjyp, Hemranyň o ýanyndan, bu ýanyndan sallanyp, seýkin basyp geçdi. Gürji gyzynyň inçe bili, sallanyp ýörişi Selbinyýaza meňzedi.

Hemra Selbinyýazy gören dek ah urdy. Öz ýanyndan şu gyzy Saýat handan öň gören bolsam alardym diýip, ýüregi joşup, Kemal hany taryp edip, Saýat hana hem sen dilmaç bol diýip, bir söz diýdi:

Bir salatyn boýlym sallanyp geldi,
Gözüme sataşdy haly gürjiniň,
Aklymy apardy, huşumy aldy,
Hesreti janymda galdy gürjiniň.

Örtügi ýaşyldyr, geýdigi ala,
Boýy Selbä meňzär kamaty dala,
Dişi düre meňzär, lebleri bala,
Haýp, türki däldir dili gürjiniň.

Pirim Şahymerdan döwranlar sürmüş,
Gözellik husnuny gürjüde görmüş,
Bady-saba zülpün gerdenne bölmüş,
Dökülmüş dört ýana teli gürjiniň.

Bakjasynda şeýda bilbil ötüşmez,
Ah urar men, nalam ýara ýetişmez,
Derdim köpdür, derman goluma düşmez,
Öter egremçeden bili gürjiniň.

Hemra diýer, tirsem gülün bagynyň,
Doly içsem pyýalasyn, sakynyň.
Gezem gapysynda ýar otagynyň,
Men bolsam hyzmatkär guly gürjiniň.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi. Erse, Saýat hanyň gahary gelip aýtdy:

– Eý, Hemra jan, bu gyzy munça taryp etdiň. Meniň duzumy iýip, serpaýymy geýip, meni şunça taryp etmediň – diýip öýkeledi.

Kemal han Saýat hanyň gaty gaharlananyny bilip, turup, çarbagyň içine tarap ýöredi. Ondan soň Hemra jan Saýat hana garap:

– Eý, Saýat jan, seniň husnuňy Häzirbegjana bermenem – diýip, bir söz diýdi:

Barça güler ýüzlim, jebraýyl perim,
Bu ýagty jahana bermenem seni.
Jesedimde janym, hem istihanym,
Damardaky gana bermenem seni.

Daglarda maral sen, çöllerde jeren,
Bir toty bakyşlym, başyňa gurban.

Genje Garabagym, Şamahy, Şirwan
Külli Häzirbegjan bermenem seni.

Ýüzüňi meňzetdim, bir dolan Aýa,
Hak seni saklasyn, baýrama toýa.
Tabystan, Termezi, Yraga, Hoýa,
Kürt-u Gürjüstana bermenem seni.

Gözeller ýygylşyp gitdi hammama,
Hak seni saklasyn, dostum, amana.
Aşyk Hemra diýer, dönse zamana,
Tagty Süleýmana bermenem seni.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi.

Erse, Saýat han henizem öýkeläp, tersine bakyp oturypdyr.

Hemra jan Saýat hanyň öýkesini ýazmak üçin, oňa garap, bir söz diýdi:

Bir salatyn boýlym, serwi-senuber,
Lebleriňde şirin-şeker bal olsun.
Jemalyň kuýaşdyr, kamatyň ar-ar,
Çemenler içinde boýuň dal olsun.

Sürmeler çekilmiş ol gara göze,
Dostum ýaşyň ýetsin elliden ýüze.
Men neýledim, sonam, ne diýdim size,
Bir galat söz diýsem, dilim lal olsun.

Ýüzüňi meňzetdim aýa- kuýaşa,
Seniň bilen döwran sürsem hemişe.
Asmanda melekler eýläp tomaşa,
Zenehdan deňesi goşa hal olsun.

Seniň geýdijegiň atlaz, daraýy,
Jaýyň jennet bolsun, köşki saraýy.
Hemra diýer aýagynda du paýy,
Ýaşyl köwüş, altyn, kümüş, lagl olsun.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam edip, Saýat hana bir pyýala şerap uzatdy.

Emma, Saýat han:

– Seniň dek namardyň golundan şerap içmes men – diýdi. Şonda Hemra Saýat handan göwni galyp, öz ýurduny ýatlap, bir söz diýdi:

Gel, köňlüm, gideli Häzirbegjana,
Gülşen baglarynyň bary bar, bary
Köňlüm istär Häzirbegjan ýurduny,
Mugan daglarynyň gary bar, gary.

Sargaryban gyzyl meňzim solupdyr,
Her bir günüm meniň müň ýyl bolupdyr.
Diýdiler, söwdügiň, dilgir bolupdyr,
Meger bizden başga ýary bar, ýary.

Ajal ýetişmeýen, kepen biçilmez,
Rugsat berilmeýen şerap içilmez,
Golum ýetişmeýen bendi açylmaz,
Meger ak göwsüniň nary bar, nary.

Garlar ereýipdir garly daglarda,
Bilbiller saýraşar solu-saglarda.
Saýasyna gün düşmeýen baglarda,
Onda bilbilleriň zary bar, zary.

Ajyglanyp çekdiň ýüze perdäni,
Ylahydan hub çekilmiş gerdeni.
Aşyk Hemra, çagyr Şahymerdany,
On bir ogly bilen jary bar, jary.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi.

Erse, Saýat han bir güldi, Hemra jan Saýat hanyň gahary gaçdy diýip, onuň boýnuna gol saldy. Saýat han ýene gaharlanyp, siltenip oturdy. Onuň bolşuna Hemranyň hem gahary geldi. Hemra şol wagt Selbinyýazy ýatlap, bir söz diýdi:

Däli köňlüm gel gideli watana,
Onda saňa gözli ýolda galan bar.
Kasyd gerek bu ýollarda ýörmäne,
Näzli ýaryň ülkesinde talaň bar.

Gülüm-gülüm, ne eýlediň gülünjä,
Ýüz agladym, bir şat bolup gülinçä.
El götermen eteginden ölinçä,
Meger bizi ýardan aýra salan bar

Ajalym ýetişip, peýmanam doldy,
Gül ýüzüm sargaryp bihuda soldy.
Diýdiler, söwdügiň ýary ýat boldy,
Diýdi, belki, ýedi ýatdan gelen bar.

Aşyk Hemra, giriftardyr özüne,
Köýdi bagrym, kebap boldy näzine,
Ynanmanam ygraryna, sözüne,
Biygrar sen, ygraryňda ýalan bar.

Elkyssa Hemra sözüni tamam etdi.

Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, men saňa degişmekden öýkelän boldum, sen lapykeç bolma! – diýip, Hemranyň golundan tutdy:

– Ýör köşge baraly – diýip, köşge gelip, şerap, şerbet içip, mest bolup oturdylar.

Şol wagt iki atly geldi. Saýat han olardan habar aldy.

Gelen atlylar:

– Eý, Saýat han, buşluk bolsun, ataňyz siz üçin pylan bege pata berdi, söýünjimizi beriň – diýdiler.

Saýat han:

– Ýagşy habaryňyz bar eken, olaryň hersine bir jam tylla beriň – diýip, kenizlerine aýtdy. Kenizler olaryň buşlugyna tylla berip, ugratdylar.

Emma bu işi Saýat hanyň çorularynyň biri görüp, Hemraga aýtdy:

– Eý, Hemra jan, Saýat hanyň saňa köňli owwaldan ýokdur. Bu gün Saýat hanyň atasy tarapyndan gelen iki atly onuň pylan bege – berilýändigini aýdanda, olaryň buşlugyna tylla berip goýberdi – diýdi.

Bu sözleri eşidip, Hemranyň gahary geldi. Ol Saýat han ýaly gyzy her ýerden hem taparyn diýip, bir söz diýdi:

Muhabbetli köňlüm açyp,
Onda ahy zarym galdy.
Zülpüni her ýana saçyp,
Ala gözli ýarym galdy.

Garyplykda köňül çagym,
Keç boldy synamda dagym.
Ter açylgan täze bagym,
Gülşenim, gülzarym galdy.

Her säherler ahyn çekip,
Gözünden ganly ýaş döküp.
Jeren kibi oýnap, böküp,
Maral gözli ýarym galdy

Mansur deý dara çekildim,
Halyl deý oda atyldym.
Ýusup deý Müsre satyldym,
Onda hyrydarym galdy.

Hemra diýer, öz ilimde,
Hak senasy bar dilimde.
Häzirbegjanyň ilinde,
Selbi atly ýarym galdy.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam edip, bagdan çykyp ýöräberdi. Erse, Gammaz çory baryp Saýat hana aýtdy:

– Eý, Saýat jan, Hemra gelen atlylara söýünji bereniňi eşidip, öýkeläp, bagdan çykyp gidip barýar. Hemra herdemhyýal eken. Size ýalan dil beren eken, onuň başga hyýaly bar eken. Saýat han bu sözi eşidip, Hemranyň yzyndan ýetip, gaharlanyp aýtdy:

– Eý, Hemra jan, ýol bolsun, nirä barýarsyň – diýdi.

Hemra görse Saýat hanyň gahary gelip, gözleri pyýala ýaly bolupdyr.

Hemra onuň bolşuny görüp, huşy başyndan uçdy. Şonda Hemra Saýat hana garap, bir söz diýdi:

Maral kibi kirpikleri san bermiş,
Habar alyň, Saýat hana ne boldy?
Aşygyn öldürip, ýada jan bermiş,
Habar alyň, han Saýada ne boldy?

Ak ýüzünde bardyr bir jüre haly,
Leblerinde bardyr şekeri, baly.
Men bilmenem, nedir onuň hyýaly,
Habar alyň, Saýat hana ne boldy?

Habar alyň näzli ýaryň näzinden,
Ibrişim nikabyn aýryň ýüzünden.
Saçy şamar kibi geçer dyzyndan
Habar alyň, Saýat hana ne boldy?

Sözlegende dür saçylyr sözünden,
Elip dek kaddyndan, aý dek ýüzünden.
Hemra diýer, aýrylmanam özünden,
Habar alyň, Saýat hana ne boldy?

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Saýat han Hemranyň gorkanyny bilip:

– Eý, Hemra jan, sen nirä barýaň, sen nirä barsaň, menem seniň bilen bararyn. Meniň senden başga köňül hoşum bolmaz. Atam tarapyndan gelen atlylara bolsa bize duşman bolmasynlar diýip, söýünji berdim – diýdi. Şol pursatda Hemranyň göwni bozulyp, ýat ülkede özüni ýalňyz duýup, Saýat hana garap, gel, Saýadym biziň ýurda gideli diýip, bir söz diýdi:

Maral kimin ne dolanyp bakar sen,
Sözle gurban olam şirin tillere.
Şirin janym yşk oduna ýakar sen,
Gol dolasak näzik, inçe billere.

Gaşlaryň garadyr, gözüň jereni,
Synam üzre syzlaşdyrma ýarany.

Men bir garyp, tapabilmen çäräni,
Bilbil kimin perwaz edem güllere.

Düşüp yşkyň derýasyny boýlaram,
Kesip gara bagrym kebap eýlärem.
Men bir garyp, ýat ülkede neýlärem,
Aşyk gözde ýaşym döndi sillere.

Her halyňy Çyn-Maçyna bermenem,
Özge bagyň alma-naryn tirmenem,
Hemra diýer, men bu ýerde durmanam,
Gel, Saýat, gideli biziň illere.

Elgaraz, Hemranyň bu sözlerine Saýat hanyň rehmi gelip, aýtdy:

– Eý, Hemra jan, siziň ýurduňyza Aý-Gün hasaby bilen, bir sähetli gün gideris – diýdi.

Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, gel ikimiz çemen bogaly, her kim çemeni ýaramaz bogsa, iki posa alsyn – diýdi. Hemra kabul etdi. Hemra güllerden ýaramaz çemen bogdy, ol muny Saýat handan posa almak üçin, bilgeşleýin etdi. Saýat han Hemranyň bogan çemeniniň ýaramazdygyny görüp, oňa köp posa berdi. Olar ýene köşge gelip oturdylar.

Emma, Hemranyň Saýat hanyň ýurduna gelenine üç ýyl dolupdyr. Bir gije Hemra ah urup oýandy.

Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, ne üçin ah urar sen, meniň kimin näzli ýaryň gujagynda bolsaň, başga näme armanyň bar – diýdi.

Hemra aýtdy:

– Rast aýdýaň, emma atamdan üç aý möhlet bilen galmaga söz berdim. Üç ýyl geçipdir. Atamyň ýanynda şermende bol-

dum – diýip, aglap oturdy we goluna sazyny alyp, Saýat hana garap, bir söz diýdi.

Boýuň serwi diýsem, kamatyň tuby,
Ak ýüzüňde hallar hindidir – hindi.
Gözeller içiniň huby, mahbuby,
Seniň gözelligiň indidir – indi.

Hudaýym saklasyn daryl-penadan,
Diliňi aýyrma hamdy-senadan.
Han Saýadym, bu gün ata-eneden,
Geçmeli çaglaryň indidir-indi.

Iki gaşyň meňzetmişem helala,
Ýarym, seni görüp, düşdim bu hala.
Lebleriň şekerdir, agzyň pyýala,
Içmeli çaglaryň indidir-indi.

Näzlim, bu janyma jebr etme beter,
Müjgäniň hanjardyr, janyma batar,
Senden bu gözellik bir güni öter,
Guçmaly çaglaryň indidir-indi.

Yşkyňda uçradym tükenmez derde,
Arzuwyň çeker men, şamu-säherde,
Aşyk Hemra goşulyşyp bir ýerde,
Uçmaly çaglaryň indidir-indi.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi.

Saýat han:

– Eý, Hemra jan, nesip çekip, siziň ýurduňyza barsak ol ýerde nämeler bar, nämeler ýok? – diýip, sorag berdi.

Hemra hem goluna sazyny alyp, oňa jogap berdi.

Saýat han –

Ajam ogly, meniň aklym çaşyrma,
Beg Hemrahym, siziň ýerde näler bar?
Dogry sözle, syryň menden ýaşyrma,
Beg Hemrahym, siziň ýerde näler bar?

Hemra –

Biziň ýerde seýle çykar gözeller,
Biziň ýerde leb goýarlar ýaňaga.
Gand-u-asal, şeker, nabat ezerler,
Biziň ýerde leb goýarlar ýaňaga.

Saýat han –

Seni diýip düşsem dilden-dillere,
Bilbil bolup uçsam gülden-güllere.
Nesip tartyp, barsak siziň illere,
Beg Hemrahym, siziň ýerde näler bar?

Hemra –

Ýürejigim örtenibän ýanadyr,
Köller doly ýaşylbaşly sonadyr.
Desterhany behişti nygmatlydyr,
Biziň ýerde leb goýarlar ýanaga.

Saýat han –

Garyp bilbil bolup bagyňa düşsem,
Seniň bilen döwran sürsem, ýaşasam.
Seniň üçin atam-enemden geçsem,
Beg Hemrahym, siziň ýerde näler bar?

Hemra –

Arçaly, gaýaly daglary bardyr,
Almaly, injirli baglary bardyr.
Öpmeli, guçmaly, çaglary bardyr,
Biziň ýerde leb goýarlar ýaňaga.

Saýat han –

Gel, ikimiz bir maksada ýeteli,
Muhabbeti muhabbete gataly.
Gam iýmegil, siziň ýurda gideli,
Beg Hemrahym, siziň ýerde näler bar?

Hemra –

Biziň iliň bakjasynda, bagynda,
Bilbiller saýraşar soly-sagynda.
Näzli ýaryň näzik ak gujagynda,
Biziň ýerde leb goýarlar ýaňaga.

Saýat han –

Gel, Hemra jan, ýapyşaly pirlere,
Bahaweddin, Şahymerdan, şirlere.

Nesip dartyp, barsak siziň ýerlere,
Beg Hemrahym, siziň ýerde näler bar?

Hemra –

Biziň ýerde alma biter, nar biter,
Gyzyl gülüň degresinde har biter.
Han Selbi alnyňdan sallanyp öter,
Biziň ýerde leb goýarlar ýaňaga.

Saýat han –

Ol niçik daragt sallanar şeýle,
Ot berme janyma, ýandyrma beýle.
Ýa-ha ýaryň barmy, rastyňy söýle,
Beg Hemrahym, siziň ýerde näler bar?

Hemra –

Ol daragta degse ýazyň ýelleri,
Elwan öwser ýapraklary, gülleri.
Sallanyşyp pudaklary, gollary,
Biziň ýerde leb goýarlar ýaňaga.

Saýat han –

Biziň bagyň alma, naryny gördüň,
Niçe wagtlap munda döwranlar sürdüň.
Bahar bolsa lälezarynda ýördüň.
Beg Hemrahym, siziň ýerde näler bar?

Hemra –

Şasypalar, menzil-mekan jaýlary,
Çöle çykar çarwalary, baýlary,
Dolup akar bulaklary, çaýlary,
Biziň ýerde leb goýarlar ýaňaga.

Saýat han –

Biziň bagyň bakjasynda gül bolar,
Senden aýrylanyň ömri kül bolar,
Arasynda niçe aýlyk çöl bolar,
Beg Hemrahym, siziň ilde näler bar?

Hemra –

Arasynda iki aýlyk çöl bolar,
Çöllerinde goýun, guzy mal bolar,
Gözelleriň leblerinde bal bolar,
Biziň ilde leb goýarlar ýaňaga.

Saýat han –

Saýat han diýr, etdiň meni zarynjy,
Seni söýen neýlär dünýäni, genji.
Biziň bagyň alma, nary, turunjy,
Beg Hemrahym, siziň ýerde näler bar?

Hemra –

Hemra diýer, reňgi-roýym sargardy,
Ýana-ýana gara bagrym kül boldy.

Aklymy-huşumy Selbinyýaz aldy,
Biziň ýerde leb goýarlar ýaňaga.

Elkyssa, bular sözlerini tamam etdiler.

Emma, Saýat hanyň gahary geldi. Ol:

– Eý, Hemra jan, owwal Selbi diýerdiň, indi Selbinyýaz diýip başladyň. Özge ýaryň bardygy indi mälim boldy! – diýdi.

Onda Hemra jan aýtdy:

– Eý, Saýat jan, owal aýtdym-a saňa, Selbi diýenim daragtdyr – diýip.

Saýat han aýtdy:

– Selbi daragt diýýäniň bir sözüňde sallanyp ötýär, bir sözüňde akyl-huşuňy alýar. Her nämede bolsa Selbi diýýäniň gyzyň adydyr – diýdi.

Onda Hemra aýtdy:

– Eý, Saýat han, erte bahar bolsa kybla tarapdan şemal öser. Şonda daragtyň ýapraklary o ýan, bu ýan öwüsmezmi? – diýdi.

Onda Saýat han:

– Eý, Hemra jan, ynandym indi, sen maňa ýene-de öz ýurduňyzda nähili geň-enaýy zatlar bar bolsa aýdyp bersene – diýdi.

Hemra öz ýurduny taryp edip, bir söz diýdi:

Gyş sowulyp, ýaz aýlary gelende,
Gülünde çyrmaşar gyzyl, aklary,
Almalary, injirleri bişende,
Ülkesinde köpdür gara baglary.

Ajaýypdyr onuň ar-ary bagy,
Her bir ýigitleri esrik ner ýaly.
Beg, hanlary geýer zeri-zerbaby,
Sopulary geýer ýaşyl, allary.

Şäheri Bagdadynda ekin ekiler,
Hatar ner-maýalar ýüke tutular.
Beglerine zerrin halat ýapylar,
Hak beripdir uzak-uzak sallary.

Merweritden öýler, gaýa daşlary,
Kölünde uçuşar ýaşylbaşlary.
Agyr desterhanly, nany, aşlary,
Täze gaýmaklary, göwher ýaglary.

Bahar bolsa ýene geler ýazlary,
Kölünde garkyllar guba-gazlary.
Boýy uzyn, inçe billi gyzlary,
Hemranyň janany Selbi daglary.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi.

Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, ýurduňyzyň höwesini köp belent aýtdyň. Eger şu sözleriň rast bolsa, ýurduňda ölinçäk döwran sürmegi Allatagala nesip etdirsin – diýip, köňli açyldy. Ol Häzirbegjan ýurduna gitmekçi bolup, Banu kenizine aýtdy:

– Eý, Banu, atamdan iki sany tylla jabdakly at getir, Hemra jan bile şikara çykar men – diýdi. Emma, Mämmet şanyň galasy bilen Saýat hanyň çarbagynyň arasy dört parsah ýol erdi.

Banu keniz gidenden soň Hemra jan Saýat hanyň özi bilen gitmäge razy bolanyna hoşwagt bolup, goluna sazyny alyp, bir söz diýdi:

Sapaly söwdügim, mundan göçeňde,
Kejebäň çekmäge akmaýa gerek!
Bezm eýleýip al şeraplar içende,
Agdarlyp, mest bolup akmaýa gerek.

Bilbil arzuw eýlär gunça-güllerde,
Köňül telwas urar Mugan çöllerde.
Agyr gapy:lalar uzak ýollarda,
Hatarda ner ýüki agmaýa gerek.

Saba bolsa rakyp ýoly tusula,
Üstümizden ýazyň ýeli ösüle.
Goçak är ýigidiň başy kesile,
Mert ogly ygrardan dönmeýe gerek.

Hemra diýer, bäş gün süreli döwran,
Bir güni ýetişer bu ajal perman.
Saýat jan adyňa bolaýyn gurban,
Gözel bir sözünden dönmeýe gerek.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi. Banu keniz birnäçe menzil ýol ýöräp, Mämmethan patyşanyň gaşyna gelip, tagzym, towazyh eýläp, salam berdi, Mämmethan patyşa aýtdy:

– Eý, Banu! Näme arzyň bar?

Banu aýtdy:

– Saýat han bibim meni siziň ýanyňyza iberdi. Atamdan iki sany tylla jabdakly at getir, şikara çykarmen – diýýär.

Saýat han Mämmethan patyşanyň ýeke perzendi erdi, onuň sözüni jan-teni bilen kabul ederdi. Dünýä dursun, Saýat han dursun. Men ölemsoň hazynam ona galar diýerdi. Emma, Gyzylalma şäheri bilen Ürgenç arasynda bir boz meýdan bardy. Şol ýerde Mämmethan köşk, çarbag saldyryp, Saýat hany ol ýerde goýup, bu ýeri sen soragyl diýipdi.

Mämmethan patyşa gullarynyň birine:

– Bar, seýishanadan iki sany tylla jabdakly at getir – diýdi. Gul tylla jabdakly iki aty eýerläp alyp gelip, Banu kenize berdi. Banu keniz atlaryň birini münüp, birini idip ýola rowana boldy.

Banu keniz birnäçe wagt geçensoň, atlar bilen Saýat hanyň ýanyna geldi.

Saýat han aýtdy:

– Eý, kenizler, siz maňa näçe ýyl bäri hyzmat edip gelýärsiňiz, şu gün men size öz golum bilen şerap guýup beräýsem – diýip, olary mest etdi.

Kenizleriň hemmesi bihuş boldular. Ondan soň Saýat han her atyň sagrysyna bir horjun tylla goýup, özi hem şahana lybaslaryny ýygnap, erkek lybasyny geýip, niredesiň Häzirbegjan ýurdy diýip, Hemra bilen ýola rowana boldular.

Emma, kenizleriň içinde biri Saýat hanyň syryny aňlap, şeraby azrak içipdir. Ol tiz wagtdan huşuna gelip görse, Saýat han bilen Hemra gaçypdyr.

Ol Banu kenizi huşuna getirip, bolan wakany aýtdy. Banu keniz mundan gidip Mämmethan patyşa habar berip:

– Häzirbegjan welaýatyndan aşyk Hemra diýen bir oglan gelip, gezip ýördi, Saýat han bibim şol oglan bilen gidipdir – diýdi:

Mämmethan patyşanyň gahary gelip:

– Ne üçin ozal habar bermediň!? – diýip, kenizi öldürmekçi boldy.

Onda Banu keniz:

– Patyşalaryň işine keniz goşulyp bilermi, ol patyşanyň gyzy ahyry – diýdi.

Patyşanyň gahary basyldy.

Ondan soň patyşa özüniň Mämmetsöýün diýen serdaryny ýanynyň kyrk nökeri bilen çagyrdy. Mämmetsöýüne nökerlere baş bolup, Hemranyň yzyndan kowup ýetmegi buýurdy.

Elkyssa, Hemra bilen Saýat han niçe menzil ýol ýöräp, bir daga ýetdiler. Hemra şu ýerde biraz ýatmakçy boldy.

Birden Saýat hana uzakdan bir çaň-tozan göründi. Daga çykyp görse, birnäçe atlylar gelýär.

Saýat han Hemrany oýardy. Hemra belent ýere çykyp seretdi. Görse, birnäçe atly dagdan aşyp gelýärler.

Hemranyň reňki agardy. Saýat hana gaçaly diýdi.

Saýat han:

– Eý, Hemra jan, gaçmaly, maňlaýdakyny göreli, bu gün bu daglarda ganym ganyny dökmeli gündür – diýip, Hemra ýüzlendi we bir-birine sowal berip, bir söz diýdiler:

Saýat han –

Yzymyzdan ganym gelip ýetişdi,
Söweşeli, beg Hemrahym, ne diýr sen?
Saky ajal peýmanamyz ýetişdi,
Söweşeli, beg Hemrahym, ne diýr sen?

Hemra –

Yzymyzdan goşun kowup geledir,
Gaçyşaly, jan Saýadym, ne diýr sen?
Men bilmenem olar niçik beladyr.
Gaçyşaly, jan Saýadym, ne diýr sen?

Saýat han –

Seni diýip, geçsem jany-serimden,
Dograsalar, gymyldaman ýerimden,
Gorkym köpdür sen çykarsyň elimden,
Söweşeli, beg Hemrahym, ne diýr sen?

Hemra –

Toty zyban ýaly şirin dillere,
Gurban olam ter hynaly gollara,

Ýaşylbaş sona deý kölden – köllere,
Uçuşaly, han Saýadym, ne diýr sen?

Saýat han –

Bizi elter han dädemiň ýanyna,
Rehmi gelmez aşyklaryň janyna,
Iki aşyk bir-biriniň ganyna,
Gatyşmaly, beg Hemrahym, ne diýr sen?

Hemra –

Yzymyzdan kowgy ýetip tutarlar,
Ikimiziň golumyzy çatarlar,
Meni öldürerler, seni satarlar,
Gaçyşaly, han Saýadym, ne diýr sen?

Saýat han –

Ganym gelse, ýüz döndermän duraly,
Mest bolup, meýdanda söweş guraly,
Takdyr, kysmat nedir Hakdan göreli
Söweşeli, beg Hemrahym, ne diýr sen?

Hemra –

Ganymlar topulyp, gelse gaşyma,
Rehim etmezler gözden akan ýaşyma.
Kyrky gelip gylyç urar başyma.
Gaçyşaly, han Saýadym, ne diýr sen?

Saýat han –

Mundan gider bolsaň Häzirbegjana,
Ýarym seni ýetirmezler mekana.
Gel ikimiz bu gün girip meýdana,
Döwüşeli, beg Hemrahym, ne diýr sen?

Hemra –

Men bilmenem, olar niçik beladyr,
Bir nagra çekseler, janym aladyr.
Indi meniň läşim çölde galadyr
Gaçyşaly, han Saýadym, ne diýr sen?

Saýat han –

Ýigit gerek şir ýürekli edenli,
Jöwher gylyç, ýene goly galkanly,
Iki aşyk bir-birine arkaly,
Söweşeli, beg Hemrahym ne diýr sen?

Hemra –

Yzymyzdan ýeten birnäçe zalym,
Takdyrym ýamandyr, şumdur ykbalym.
Saňa diýsem köňlümdäki hyýalym,
Gaçyşaly, han Saýadym, ne diýr sen?

Saýat han –

Han Saýat diýr, çykdym ganym kastyna,
Şerap içip, günden-günüň mestine.

Ganym ganyn gara dagyň üstüne,
Saçyşaly, beg Hemrahym, ne diýr sen?

Hemra –

Men bilmenem bu goşunyň sanyny,
Tanamanam serdaryny, hanyny,
Aşyk Hemra diýer, ajal donuny,
Biçişeli, han Saýadym, ne diýr sen?

Elkyssa, bular sözüni tamam edip, dagyň belent ýerine çykyp, uruşmaga taýýar bolup durdular.

Mämmetsöýün serdar hem bulary görüp, nökerlerini bir ýere ýygnap:

– Saýat han dagy bu ýerde ekenler. Her niçik bolsa-da, patyşazadadyr, men özüm baryp habar alaýyn – diýip, Hemra bilen Saýat hanyň ýanyna gelip, salam berdi.

Saýat han aleýik aldy.

Mämmetsöýün serdar aýtdy:

– Eý, Saýat han, bu işiň patyşalykda köp gabahat işdir, häli hem bolsa yzyňa gaýtgyn – diýdi.

Onda Saýat han:

– Eý, serdar aga, indi her niçik bolsa hem ýola çykypdyryn, her ne takdyra ten berdim. Atam sizi parasatly, gaýratly adam diýip, yzymyzdan iberipdir, men hem sizi parasatly adam saýýan, maňa yzyňa gaýt diýme – diýdi.

Onda Mämmetsöýün serdar Saýat hana garap, bir söz diýdi:

Ylgar edip çykdym seniň yzyňdan,
Han Saýadym, indi maslahat nedir?

Zülpleriň towlanar, öter dyzyňdan,
Han Saýadym, indi maslahat nedir?

Aşyklaryň köpdür perýady, dady,
Synamda möwç urar muhabbet ody.
Han Saýadym, mundan, yzyňa gaýdy,
Şazada gyz, indi maslahat nedir?

Ganym bilen tiri keman atyşdym,
Pelek bilen mert oýnadym, utuşdym.
Nökerlerim bilen kowup ýetişdim,
Han Saýadym, indi maslahat nedir?

Mämmetsöýün serdar, gaýnap, dolmuşam,
Synam üzre çoh söwdalar salmyşam,
Ataňnyň emrini tutup gelmişem,
Han Saýadym, indi maslahat nedir?

Elkyssa, Saýat han Mämmetsöýün serdaryň sözüni diňläp, muňa ýene bir hoş söz aýdyp, ýalbaryp göreýin diýip, bir söz diýdi:

Saňa diýr men, Mämmetsöýün serdarym,
Eltme meni, han dädemiň ýanyna,
Sen-sen meniň howandarym, hossarym,
Eltme meni, han dädemiň ýanyna.

Şalaryň ýanynda tutulsyn sözüň,
Dünýäde ýamanlyk görmesin gözüň,
Sen meniň atam bol, men seniň gyzyň,
Eltme meni, han dädemiň ýanyna.

At aldyna düşüp gitsem pyýada,
Derdim artar günbe-günden zyýada,
Gül meňzim solduryp, goýma uýada,
Eltme meni, han dädemiň ýanyna.

Özüň öldür, berme meni zalyma,
Rehm eýlegil meniň garyp halyma,
Atam galar aşyklaryň ganyna,
Eltme meni, han dädemiň ýanyna.

Saýat han diýr, çykdym çarbaga seýle,
Uçradym bir derde, belaga beýle,
Ozalda kysmatym, takdyrym şeýle,
Eltme meni, han dädemiň ýanyna.

Elkyssa, Saýat han sözüni tamam etdi.

Mämmetsöýün serdar aýtdy:

– Atańdan seniň günäňi geçmegini soraýyn, gideli – diýdi. Emma Saýat han aýtdy:

– Eý, serdar aga, ok ýaýdan çykan soň gaýdyp gelermi?

Onda Mämmetsöýün serdar:

– Eý, Saýat jan, biz hem şunça nökerler bilen gelip, seni alyp yzymyza gaýtmasak niçik bolar? – diýip, dergazap boldy.

Saýat jan Hemrany bir gyrada goýup, özi serdara: tomaşany munda gör diýip, bir söz diýdi:

Goýber meni, men gideýin ýoluma,
Pirden pata aldym, ýolum boş olsun.
Söweşse, begleriň düşer goluma,
Istedigim gözüň üzre ýaş olsun.

Zarbymdan goşunyň geler amana,
Dagda okum durmaz, girse kemana.
Mundan ýurda aşmaklygyň gümana,
Düşsün ölüm, läş üstüne läş olsun.

Serdar aga, işiň hata kylyp sen,
Tutmak üçin üstümize gelip sen,
Başymyza munça söwda salyp sen,
Ýetdim diýip, köňlüň ajap hoş olsun.

Saýat han diýr, synama dag urar sen,
Mert boluban, meýdan üzre durar sen,
Dogry gelseň nesibäňi görer sen,
Owwal atan okum saňa duş olsun.

Elkyssa, Saýat han sözüni tamam etdi.

Mämmetsöýün serdar aýtdy:

– Eý, Saýat han, bu kyrk kişini öldürip gidebilmes sen? – diýdi.

Saýat han:

– Sagdagymda segsen okum bardyr. Biri hata geçmez – diýdi. Onda Mämmetsöýün serdar:

– Eý, Saýat han, her niçik bolsa hem, senden bir göz görüp gidermiz – diýdi.

Ondan soň bir mähremini bir derbendiň üstüne çykaryp oturtdy, başynda bir almany goýup aýtdy:

– Eý, Saýat han, okçy bolsaň bu almany urgul!

Saýat han sary ýaýyny alyp:

– Ýa şiri Derga, özüňden pena – diýip, çekip goýberdi. Almanyň ýarysy ok bilen gidip, ýarysy ýerinde galdy.

Mämmetsöýün serdar ony görüp, haýran bolup oturdy. Soňra:

– Eý, ýigitler, muny hiç bir wej bilen alyp bolmaz, geliň, assa gaçan namart diýip, ýurdumyza aman-esen aşalyň – diýdi.

Ondan soň Mämmetsöýün serdar Saýat hanyň ýanyna gelip, bir söz diýdi:

Miwesi kemala gelen perizat,
Çytma gaşyň, azar bermän gider men,
Bu garyp köňlümi eýleme berbat
Çytma gaşyň, azar bermän gider men.

Seniň köňül maksadyňa ýeter men
Gaýt diýseň, yza durman gider men
Baryp Mämmethany dil-jemg eder men
Çytma gaşyň, azar bermän gider men.

Bildim indi sen-sen maňa mähriban
Şirin janym bolsun ýoluňda gurban
Kowup geldim seniň hatyryň görmän
Çytma gaşyň, azar bermän gider men.

Mämmetsöýün serdar diýerler maňa
Ataňyz hökm edip iberdi saňa
Huda ýaryň, gider bolsaň ýoluňa
Çytma gaşyň, azar bermän gider men.

Elgaraz, Mämmetsöýün serdar sözüni tamam edip, aýtdy:

– Eý, Saýat han, seniň diýeniň bolsun, ýöne, yzymyza dolanmankak Hemrany bir ýakyndan görsek – diýdi.

Saýat han Hemrany şahana lybaslar bilen bezäp, olaryň ýanyna bile geldi.

Mämmetsöýün serdar Hemrany görüp aýtdy:

– Munuň dek oglan hem eneden dogjak eken. Eý, Saýat jan, dünýäde sen hoşwagt bol, emma şu oglany öz ýurdumda gören bolsam, başyna jyga gysdyrardym. Munun ýüzüni gördük, indi sözüni hem eşitsek – diýdi. Hemra goluna sazyny alyp, serdara garap, bir söz diýdi:

Tanyş-biliş, kowum-gardaş bolanlar,
Derde mübtela men garyp ýerlerde.
Bir güler ýüzliniň hemdemidir men,
Ömrüm zaýa geçdi garyp ýerlerde.

Şum rakyplar ýyglyşyban ne diýrler,
Jan Saýadym özge hyýal ederler.
Arapdan Ajama, Töwriz giderler,
Öňünde dogry ýol garyp ýerlerde.

Kap dagyň üstüne atdy kemendi,
Çaldy zülpükäri, baglady bendi.
Şahymerdan ogly, on bir perzendi,
Bize hümmet bersin garyp ýerlerde.

Aşyk Hemra söýdi gül ýüzli ýary,
Bir zaman görmese ýokdur karary.
Älemi ýaradan gudratly Taňry,
Bize ýary bersin garyp ýerlerde.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Mämmetsöýün serdar aýtdy:

– Eý, Hemra jan, owazyň gulaga köp hoş ýakdy, ýene bir dessan aýt – diýdi.

Hemra pirlerden medet diläp, bir söz diýdi:

Meniň pirim Şahymerdan Alydyr,
Erenler seýrine ýetenden medet.
Gahr eýläp, Haýbaryň gulpun goparyp,
Kast bilen asmana atandan medet.

Şalaryň serweri, aşyklaň piri,
Çaldy zülpükäri ýedi gat ýeri.
Öldürdi ajdary, ýükledi şiri,
Öz-özün bazarda satandan medet.

Magraçda pygamber ýüzügin alan,
Sejdede oturyp almany bölen.
Adamdan ýedi ýyl ileri bolan,
Ak döwüň barmagyn çatandan medet.

Suw beriban, teşneleri gandyran,
Ýezidiň şäherinde şiri öldüren.
Jebraýylyň şa perisin syndyran,
Süleýman goluny tutandan medet.

Sabr eýle sen, Hemra ýetersiň ýara,
Ol sahyby köwser myradyň bere.
Selbinyýaz muşdakdyr didaryn göre,
Derwüşlik köýüne ýetenden medet.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Mämmetsöýün serdar aýtdy:

– Eý, Saýat jan, size ýol gutly bolsun, bize hem ýurt – diýip, golun göterip, ak pata berip, ýoluňyzy Hak açsyn – diýdi.

Mämmetsöýün serdar nökerleri bilen yza dolandy. Mämmethan patyşanyň gaşyna gelip:

– Eý, patyşahym, golumyzdan hiç iş gelmedi – diýdi.

Onda patyşa dergazap boldy:

– Kyrk kişi bolup, bir kişiniň hötdesinden gelebilmediňizmi? – diýdi.

Mämmetsöýün serdar aýtdy:

– Eý, patyşahy älem! Şir balasy hem şir boljak eken – diýip, bolan işleri beýan etdi. Patyşaga bu söz makul bolup, gahary ýatyşdy.

Elkyssa, indi sözi Saýat han bilen Hemradan eşidiň.

Bular hem köp ýol ýöräp, Ujadag diýen daga ýetişdiler. Gördüler ki, Ujadagyň üstünde bir maral ah çeker erdi. Baryp görseler, ol maralyň aýagyna çöp çümüp, laýa batyp, galabilmän, zarynlap ýatypdyr. Hemra maralyň aýagyndan çöpi aýryp daňdy we marala nebsi agyryp, bir söz diýdi:

Sapar aýyň on dördünde, bäşinde,
Bu dagda bir maral ýaman zeýrendi.
Uzak däldir, Ujadagyň başynda,
Şu dagda bir maral ýaman zeýrendi.

Meger, çölde galan kiçik baladyr,
Her nala çekişi janym aladyr.
Belki, maral öz bagymdan boladyr,
Şu dagda bir maral ýaman zeýrendi.

Biz hem düşdük şol maralyň yzyna,
Çybynlar gonmuşdyr näzik ýüzüne,
Gubar düşmüş şu maralyň gözüne,
Şu dagda bir maral ýaman zeýrendi.

Yzlaýa-yzlaýa barsam yzyndan,
Ganlar akyp durar iki dyzyndan,

Göz ýaşyny döker humaý gözünden,
Şu dagda bir maral ýaman zeýrendi.

Bu ýerlerden niçe ärler ötendir,
Öten ärler myradyna ýetendir.
Tebrene bilmeýen maral ýatandyr.
Bu dagda bir maral ýaman zeýrendi

Aşyk Hemra, arzyn aýdar Hudaýa,
Bu öten günleri bolupdyr zaýa.
Dyzyndan aşagy batypdyr laýa,
Şu dagda bir maral ýaman zeýrendi.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Maral janawer ýerinden turup, erkana ýöräp gitdi.

Hemra hem Saýat han bilen ýola rowana boldular. Bir menzil ýörediler. Gözleri aglap ýatan bir şire düşdi. Şir janaweriň hem aýagy daşyň aşagynda galyp, ejir çekip ýatypdyr.

Hemra munuň hem aýagyny boşadyp berdi. Şir janawer hem bularyň öňüne düşüp, gije-gündiz ýolbaşçy bolup ýöräberdi. Ençe menzil ýörediler.

Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, bu janaweriň yzyna düşüp barýarys, kim bilýär, birden hatarly ýerlere eltäýmesin! – diýdi. Onda Hemra jan:

– Eý, Saýat han biz bu haýwandan galaly – diýip bir söz diýdi:

Saýat hanym gulak salgyl sözüme,
Her kim öz ugruna baran ýagşydyr.
Bu janawer ýaman görner gözüme,
Her kim öz ýoluna ýörän ýagşydyr.

Ýol ýöresek, mundan galyp ýöräli,
Her ne kysmat bolsa Hakdan göräli
Öpüşip-guçuşyp döwran süräli
Çola ýerde döwran süren ýagşydyr.

Meger bizi elter hatarly jaýa
Köpleşip bizleri ederler zaýa
Ýüzüňi meňzetdim bir dolan Aýa
Her ýerde duşmany uran ýagşydyr.

Hemra diýer hatarlydyr bu ýollar,
Hakyň penasynda erenler, gullar,
Umydym bar, basym görünse iller,
Häzirbegjan sary baran ýagşydyr.

Elgaraz, olar ýolbarsyň yzyndan galdylar. Ýolbars bir salym seredip durup, çöl-beýewana urup gitdi.

Saýat han bilen Hemra az salym ýörediler, gördüler, kybla tarapdan bir gara ýel peýda boldy. Ýer-gök bilinmedi. Bular atdan düşüp, atlaryň yk tarapynda ýatdylar.

Hemra aýtdy:

– Eý, Saýat han, gulagyma at aýagynyň sarsgyny gelýär, bu niçik syr? – diýdi.

Şol wagt bir bölek atly peýda boldy. Görseler dişlerinden özge ak ýerleri ýok. Olar «Berzeňňiler» diýilýän, adam etini iýýän adamlar erdi. Olar Saýat han bilen Hemranyň gollaryny baglap, özleri bilen alyp gidiberdiler. Hemranyň gözi Saýat hana düşdi, onuň näzik gollaryny tanap kesip, gözünden katra-katra ýaş akdyryp barýardy. Hemra oňa dözmän, zar-zar aglap, bir söz diýdi:

Ýatar erdik berzeňňiler döküldi,
Agla, ýarym, ahyrzaman bolandyr.
Bizi görüp, Aý bile Gün tutuldy,
Agla, Saýat, ahyrzaman bolandyr.

Bir daş idim dagdan daga atyldym,
Pelek bilen mert oýnadym, utuldym,
Men bilmenem gapyllykda tutuldym,
Agla, Saýat, ahyrzaman bolandyr.

Näzik gollar arkamyza çatyldy,
Bizi berzeňňiler owkat edindi,
Meger ajal peýmanamyz ýetildi,
Agla, ýarym, ahyrzaman bolandyr.

Berzeňňiler öldürmäge çaglandy,
Hijran bilen ýürek bagrym daglandy,
Men neýläýin, näzik golum baglandy,
Agla, ýarym, ahyrzaman bolandyr.

Arçaly, gaýaly daglardan aşdym,
Şum pelegiň söwdasyna sataşdym,
Aşyk Hemra diýer, ýoldan azaşdym,
Agla, ýarym, ahyrzaman bolandyr.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Berzeňňiler bulary galalaryna alyp baryp, jellady çagyrdylar. Jellat goluna hanjar alyp geldi.

– Bu oglany soýuň, etinden kebap ediň – diýip, berzeňňilerbaşy aýtdy.

Ol Saýat hana garap:

– Munuň ajap jemaly bar eken, muny öldürmäň, meýlisde saky ederis – diýdi.

Jellat Hemrany alyp ýöräberdi, Hemranyň köňlünde aram-karary galmasa-da, Saýat hana göwünlik berip, bir söz diýdi:

Pelek bize jebir-sütem eýledi,
Aýralyk ýetişdi, hiç mydar olmaz.
Allanyň gazaby meni neýledi,
Meniň dek hiç kişi şermisar olmaz.

Näler gezdim, däli-diwana bolup,
Gam bilen köýüňde sargaryp, solup,
Näzik ak gollaryň boýnuma salyp,
Pelegiň işine ygtybar olmaz.

Bize bu gün saldy dagy-hijrany,
Men indi neýläýin maly-dünýäni,
Pirim Şahymerdan Huda arslany,
Gahry gelip, bu gün medetkär olmaz.

Hemra diýr, dünýäde galdy armanym,
Takadym galmady, tende dermanym,
Dünýäde sen sag bol, eý, Saýat janym,
Hak söýen bendesi asla har olmaz.

Elkyssa, ondan soň jellat Hemrany alyp ýöräberdi. Bir ýere eltip Hemranyň gol-aýagyny baglap, bogazyna pyçak goýar boldy. Hemra takdyra ten, kazasyna razy bolup, gözüni ýumdy.

Erse, jellat aýtdy:

– Eý, oglan, men seni öldürmezden ozal bir habar alaýyn, beýle ajap husny jemalyň bar, asly zatyňy beýan et – diýdi.

Hemra gol-aýagy bagly ýatan ýerinden jellada garap, zar-zar aglap, bir söz diýdi:

Nägahandan düşdüm duşman goluna,
Dost haýsydyr, duşman haýsy bilmedim.
Men düşmenem bu zalymlar diline,
Nurbat haýsy, aman haýsy bilmedim.

Eý, ýigit, eşitseň meniň sözümi,
Akyl-huşum gitmiş, bilmen özümi,
Gubar tutmuş meniň gara gözümi,
Zemin haýsy, asman haýsy bilmedim.

Mesgenimdir Häzirbegjan daglary,
Gahba pelek ýakdy ýürek ýaglary,
Bir bilbilem, hazan urdy baglary,
Nala haýsy, pygan haýsy bilmedim.

Men gelmişem Gyzylalma ilinden,
Özüm bilmen, her söz çykar tilimden.
Aýra düşdüm watanymdan, ilimden,
Menzil haýsy, mekan haýsy bilmedim,

Aşyk Hemra diýrler, sorasaň meni,
Adam diýip güman eýlärem seni,
Birehim zeňňiler öldürse meni,
Ýagşy haýsy, ýaman haýsy bilmedim.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam etdi.
Jellat muny eşidip, gelip Hemranyň gollaryny çözdi.
Hemra jellada garap:

– Sen berzeňňilere ogşamas sen, adamzada ogşar sen – diýdi.

Onda jelladyň köne derdi gozgalyp, başyndan ötenlerini beýan edip, zar-zar aglap, bir söz diýdi:

Men saňa aýdaýyn gül ýüzli şahym,
Pelegiň elinden bendiwan boldum.
Nesibäm, kysmatym, şumdur ykbalym,
Zalymlar golunda bendiwan boldum.

On dört zalym yzymyzdan ýetdiler,
Ýeten ýerde gol-aýagmyz çatdylar.
Altymyzy diri kebap etdiler,
Zalymlar golunda bendiwan boldum.

Keşt edip gezerdim dag bilen düzi,
Delmirip ýollarda galandyr gözi,
Bibimiz Selbinyýaz iberdi bizi,
Deregin tapmaýan sergezdan boldum.

Aslym sorsaň Häzirbegjan ilinden,
Çemenler içiniň täze gülünden,
Begleriň, biriniň sözlär tilinden,
Zeňňiler golunda bendiwan boldum.

Aşyk Nyýaz aýdar, pelek nädipdir,
Gül meňzim sargaryp, reňgim ýitipdir,
Selbinyýaz aşygy Hemra gidipdir,
Men onuň yzynda sergezdan boldum.

Elgaraz, aşyk Nyýaz sözüni tamam etdi.

Hemra onuň bilen gujaklaşyp görüşdi. Aşyk Nyýaz oňa başdan geçirenlerini bir-bir beýan etdi. Özüniň Häzirbegjan ýurdunda kyrk ýigide baş bolup, şolardan birnäçesini ýanyna alyp, Selbinyýazyň sözi bilen Hemranyň gözlegine çykandygyny aýtdy. Alty ýigidiň heläk bolandygyny, özüni hem jellat edip goýuşlaryny aýdyp berdi. Aşyk Nyýaz nädip berzeňňiler goluna düşdüň diýip, Hemradan sorap, bir söz diýdi:

Uzak ýoldan gelen algyr şunkarym,
Niçik düşdüň adamhoryň goluna?
Sen-sen meniň howandarym, hossarym,
Niçik düşdüň adamhoryň goluna?

Pelek bize jebri-sütem edipdir,
Aýralyk tyglary jandan ötüpdir.
Saky ajal pyýalasyn tutupdyr,
Niçik düşdüň adamhoryň goluna?

Bir täze gül erdim, soldum, har boldum,
Zalymlar golunda giriftar boldum.
Didaryňy bir görmäge zar boldum,
Niçik düşdüň adamhoryň goluna?

Gamdan gutulmady gaýgyly başym,
Gije-gündiz akar gözümden ýaşym,
Türkmeniň ilinden gelen gardaşym,
Niçik düşdüň adamhoryň goluna?

Aşyk Nyýaz aýdar, bizi goýdular,
Altymyzy kebap edip iýdiler,
Birimizi tutup, gözün oýdular,
Niçik düşdüň adamhoryň goluna?

Elkyssa, aşyk Nyýaz sözüni tamam etdi.
Hemra hem başyna düşen işleri beýan edip, bir söz diýdi:

Derýa kimin dolup-daşyp,
Tükenmez söwdaga düşdüm.
Belent-belent daglar aşyp,
Müň dürli belaga düşdüm.

Bir perige köňül berdim,
Aýş bile eşretin gördüm,
Niçe wagtlap döwran sürdüm,
Çemenli çarbaga düşdüm.

Pelek jebrin saldy sere,
Ýapyşdyk köp äre, pire,
Ýoldaş bolup ýeke şire,
Gam bilen hijrana düşdüm.

Gutulmadym dag-hijrandan,
Aýryldym menzil-mekandan,
Jyda düşdüm Saýat handan,
Men bu gün zyndana düşdüm.

Şum nesibäm onda ertip,
Günbe-günden derdim artyp.
Takdyrym, kysmatym tartyp,
Öz-özüm duzaga düşdüm.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.
Ondan soň aşyk Nyýaz aýtdy:

– Eý, Hemra jan, men bu zalymlara bir hile gurjak bolaýyn. Sen şu ýerde otur – diýip, özi berzeňňileriň ýanyna gelip:

– Ol adam örän arryk ekeni, ondan agzyňyz maza tapmaz – diýdi.

Adamhorlar:

– Beýle bolsa, ony bakyp semret, bize köne etden kebap edäý! – diýdiler. Nyýaz olara köne etden kebap bişirip berdi. Berzeňňiler kebap iýip, şerap içip, mes bolup ýatdylar. Ondan soň turup, awa gider boldular.

Saýat han olara:

– Eý, berzeňňiler, men bir düýş gördüm, düýşümde siziň ýigrimiňizi bir ýolbars agzyna atdy. Eger awa gitseňiz biriňiz galman hemmäňiz bile gidiň! – diýdi.

Berzeňňileriň kyrkysy hem jem bolup awa gitdiler. Saýat han berzeňňileriň hazynasynyň açaryny alyp, Hemra bilen Nyýazyň ýanyna geldi. Olar hazynany açyp, bir öýden iki hum arak tapdylar, ýene bir öýden iki sany almaz gylyç tapdylar. Araklaryň içine bihuş dermanyny goşdular.

Bir zamandan soň berzeňňiler geldiler. Saýat han olara arak getirip berdi. Berzeňňiler arak içip, mes boldular. Bir salymdan olaryň hemmesi bihuş bolup, ýykylyp ýatdylar.

Aşyk Nyýaz Hemra bilen Saýat hana:

– Tizräk bu ýerden gideliň – diýdi.

Emma Saýat han:

– Men bu zalymlaryň başlaryny kesmän gitmerin – diýdi. Ondan soň aşyk Nyýaz, Hemra, Saýat han almaz gylyç bilen adamhorlaryň ählisiniň başlaryny kesdiler. Saýat han berzeňňileriň hazynasyndan her hili gymmat bahaly zatlary alyp horjuna saldy.

Aşyk Nyýaz bilen Saýat han, Hemra üçüsi her haýsy bir ata atlanyp, ýola rowana boldular.

Ençeme menzil geçenden soň biçäre Nyýazyň kazasy dolup, ýolda wepat boldy.

Hemra bilen Saýat han ol bendäniň jynazasyny okap, jaýlap, aýat- töwür etdiler. Soňra ýene ýola rowana boldular. Bular gidip barýarkalar üstlerinden bir bölek durna toýnuk gurap uçup, Häzirbegjana tarap ötüberdi. Hemra durnalaryň ýüzüniň Häzirbegjana tarapdygyny görüp, öz ýurduny, Selbinyýazy ýatlap, oňa salamnama iberip, zar-zar ýyglap, bir söz diýdi:

Göçe-göç eýledi Bagdat şäherine,
Göçüň bölek-bölek bölündi, durnam!
Seni, meni ýaradanyň yşkyna,
Selbime bir habar ber indi, durnam!

Men biler men Rum ilinden geler siz,
Saýrap – saýrap her dillerden biler siz,
Mundan jan Selbime habar berer siz,
Dogruja habarym ber indi, durnam.

Tirer erdim gunçasyndan, gülünden,
Guçar erdim ýaryň näzik bilinden.
Bimürewwet gahba pelek elinden,
Bagrym şana-şana dilindi, durnam.

Bir gul idim çagyrar men Allany,
Rehim eýläp diňläňiz men gümrany.
Selbinyýaza tiz ýetirgin Hemrany,
Bir ka:lyň pähminden bil indi durnam.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi. Emma Hemranyň bu sözünden Saýat hanyň göwnüne melal düşüp, gahary gelip, atynyň başyny çekip durdy.

Hemra onuň gaharynyň gelendigini bilip:

– Eý, Saýat jan, meniň senden özge ýarym bolmaz – diýdi.

Emma Saýat han duran ýerinden sarsman duruberdi. Onuň bilinde iki ýüzli hanjary bardy. Hemra ol hanjary sogrup alyp, Saýat hanyň goluna tutduryp:

– Eý, Saýat jan, beýle sözlemän duranyňdan şu hanjary alyp, meniň bagrymdan ur, ýa bolmasa sözle diýip, bir söz diýdi:

Iki taýr haryjynyň golundan,
Elip kaddym, dal bolmaly zamandyr.
Gadam goýsaň, ýaradanyň yşgyna,
Synam üsti ýol bolmaly zamandar.

Meni neçün ýowuz güne salar sen,
Hanjar alyp, gara bagrym diler sen,
Her zamanlar gahar eýläp geler sen,
Gözellere gul bolmaly zamandyr.

Söwdügüm, gül ýüzüň dönderme menden,
Gurbanyň bolaýyn aýrylman senden,
Jesedim boş galyp, jan çyksa tenden,
Gury göwre kül bolmaly zamandyr.

Aşyk Hemra, seni söýmüş jan bile,
Ne hetdi bar, gul danyşsa han bile,
Kes başymy, hanjaryňy gan eýle,
Barmaklaryň a:l bolmaly zamandyr.

Elkyssa, bu sözlerden soň Saýat hanyň köňli bag-bag açylyp, öpüşüp, guçuşyp ýola rowana boldular. Birnäçe menzilleri geçip,

Häzirbegjan welaýatynyň bir gyrasyndan girdiler. Selbinyýazyň hünjüsiniň üzülen ýerine ýetenlerinde, Hemra Selbinyýazy ýatlap aglady.

Saýat han:

– Eý, Hemra jan, ne jyn urdy, bu ýere gelip agladyň? – diýdi. Onda Hemra aglanynyň sebäbini beýan edip, bir söz diýdi:

Almasyna daş atdygym näzli ýar,
Atdygym ýadyma düşüp aglaryn.
Gol uzadyp ýar mämesin tutdugym,
Tutdugym ýadyma düşüp aglaryn.

Mekgäniň öňünde mähraby münber,
Alynyň öňünde ýöridi Ganbar.
Zülpüne sepdigim müşk ile anbar,
Sepdigim ýadyma düşüp aglaryn.

Bilbilli, çemenli, bossanly baglar,
Selbinyýaz seýr edip, miwesin alar.
Ýar bilen badalar içdigim çaglar,
Içdigim ýadyma düşüp aglaryn.

Sen bolsaň halypa, men bolsam talyp,
Jan çykdy jesetden göwre boş galyp,
Selbinyýaz bagynda galdy hor bolup,
Galdygy ýadyma düşüp aglaryn.

Leýli kimin Mejnunyny ýitirip,
Kadyr Möwlam bir maksada ýetirip,
Söwer ýaryň gara zülpün göterip,
Öpdügim ýadyma düşüp aglaryn.

Hemra diýer, jan jesetden üzüldi,
Gara bagrym suw boluban ezildi,
Oýnar erdik ýar hünjüsi üzüldi,
Üzdügim ýadyma düşüp aglaryn.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Saýat han şu ýerde Hemranyň Selbinyýaz atly ýarynyň bardygyny takyk bildi. Ol:

– Eý, Hemra jan, munça ýalan sözler bilen meni bir ýurtdan bir ýurda alyp geldiň. Sen namart ekeniň. Ikiň biri bolanymdan meniň ölenim gowy dälmi? – diýip, çöl ýerlerde öz-özüne nesihat edip, bir söz diýdi:

Gel, köňlüm, men saňa öwüt bereýin,
Iki dilli biwepadan dön, göwnüm.
Kysmatym ne bolsa, ony göreýin,
Iki dilli biwepadan dön, göwnüm.

Çyn güli saklasaň müň ýylda solmaz,
Biwepanyň hergiz ygrary bolmaz.
Belki diýr men, kişi ýary ýar bolmaz,
Iki dilli biwepadan dön, göwnüm.

Goç ýigitler bar zadyny bar eýlär,
Muhannesler giň jahany dar eýlär.
Biwepaga köňül berseň har eýlär,
Iki dilli biwepadan dön, göwnüm.

Ýarym sen diýip ýerde goýmadym sözün,
Seň üçin soldurdym atamyň ýüzün.
Biwepanyň azdyr oýdursaň gözün,
Iki dilli biwepadan dön, göwnüm.

Biweç biwepadan bu köňlüm geçdi,
Eşretiň guşlary her ýana uçdy.
Başga ýarym ýok diýp, kasamlar içdi,
Iki dilli biwepadan dön, göwnüm.

Näler çekdim biwepanyň renjini,
Rakyplar emmesin lebim gandyny,
Eşit indi han Saýadyň pendini,
Iki dilli biwepadan dön, göwnüm.

Elkyssa, Saýat han sözüni tamam edip aýtdy:

– Eý, Hemra jan, sen sag-aman ýurduňa geldiň, ýagşy-ýaman söz aýdyp ynjydan bolsam razy bolgul, indi saňa ýurt gutly bolsun, maňa-da ýol – diýip, atynyň başyny yza dönderip, ýola rowana boldy.

Hemra Saýat hanyň degişmesidir diýip güman edip, garap durdy.

Emma Saýat han bara-bara ara açyp barýar.

Hemra goluna sazyny alyp, belent owaz bilen, bir söz diýdi:

Sallanaňda sujut iner gaşyňa,
Sen kaýan barar sen, dön, gyz, gaýt indi?!
Dönem zülpleriňe, dönem başyňa,
Sen bize näz etme, dön gyz, gaýt indi?!

Alysdan gelmişem, menzilden, ýoldan,
Ýaşylbaş sonalar ürküşer kölden,
Öpsem ýaňaklaryň, gyrmyzy gülden,
Dilindi ýüregim, dön, gyz, gaýt indi?!

Sona kimin dal gerdeniň galdyrma,
Her ýeter, ýetmeze syryň bildirme,

Dostuňy agladyp, duşman güldürme,
Salatyn gerdenlim, dön, gyz, gaýt indi?!

Köňlüňe getirme pikri-hyýaly,
Sadka bolsun saňa dünýäniň maly.
Hemra janyň sen-sen wepaly ýary,
Gadamyň didäme goý, gyz, gaýt indi?!

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi. Saýat han atyna gamçy urup, arasy daşlaşyp, gözden ýitdi.

Aşyk Hemra haýran bolup, ýüregi howlap, Saýat hanyň giden ýoluna garap, zar-zar, ýyglap, bir söz diýdi:

Her säherler ýar serine döndügim,
Gitdi Saýat hanym, görünmez boldy.
Helal gaşlaryna sujut inderen,
Gitdi Saýat hanym, görünmez boldy.

Seniň bilen bir maksada ýetmedim,
Gol uzadyp, ter mämäňi tutmadym,
Arman galdy, gujaklaşyp ýatmadym,
Gitdi Saýat hanym, görünmez boldy.

Gahba pelek awy gatdy aşyma,
Rehim etmedi gözden akan ýaşyma.
Öz dilimden nist geldi başyma,
Gitdi Saýat hanym, görünmez boldy.

Hemra diýer, akyl-huşum aldyrdym,
Galat aýdyp ýara syrym bildirdim.
Men elimden Saýat hany aldyrdym,
Gitdi Saýat hanym, görünmez boldy.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam edip, Saýat hanyň atynyň yzyny yzarlap baryberdi. Hemranyň öňünden awçylar çykdy. Hemradan soradylar:

– Eý, ýigit, bagşymysyň, sazandamysyň?

Hemra aşykdygyny beýan edip, bir gazal okady:

Aga-begler, tarlaň guşum gaçyrdym,
Sag elimden sol elime salynça.
Näzli ýaryň gurbany men, guly men,
El aýyrman eteginden ölinçä.

Gurban bolam näzli ýaryň tiline,
Tel dökülmüş gerdenine, biline.
Bir gül berdim Saýat hanyň eline,
Janym çykar, gülüm ondan alynça.

Men gorkaram gahba pelek elinden,
Aýralygy beter bildim ölümden.
Bir bilbilem, jyda düşdüm gülümden,
Kararym ýok, gülüm gola salynça.

Özi hüňkar, agalary beg idi,
Bize beren nesihaty ýeg idi.
Lutp eýleýip, boýnum üzse ýeg idi,
Terk eýleýip, bizi gözden salynça.

Hemra diýer, eden ähdi bozuldy,
Gara bagrym suw boluban ezildi.
Wagtym ýetip, jan jesetden üzüldi,
Kararym ýok näzli ýarym gelinçä.

Elkyssa, Hemra bu sözi aýdyp, Saýat hanyň yzyny alyp, rowana boldy.

Saýat han Hemradan aýrylyp gaýdanyndan soň, bir derbende çykyp garady, görse kybla tarapda bir küren oba bar. Türkmen obasy erdi. Saýat han şol oba geldi. Görse, bu obada toý bolýar. Bir adam gelip Saýat hanyň atyny tutdy. Atdan düşende Saýat hanyň telpegi ýere gaçdy, zülpleri biline düşdi. Gördüler, bu gelen erkek lybasly gyz bolar. Saýat hanyň daşyna gyz-gelinler üýşüp, ony zenanlaryň meýlisine alyp bardylar. Olar Saýat hanyň husny-jemalyna haýran galdylar.

Şol wagt Hemra hem atyny çapdyryp, Saýat hany yzarlap, şu ýere geldi. Onuň hem atyny tutup, hormat bilen düşek üstüne geçirdiler. Adamlar nireden gelip, nirä barýarsyň diýip, ondan habar aldylar. Hemra Saýat hanyň atyna gözi düşüp, zar-zar aglap bir söz diýdi:

Tora düşen aç garyçgaý bakyşlym,
Nirede meniň gara gözlim görünmez.
Şirin janym yşk oduna ýakyşlym,
Nirede meniň gara gözlim görünmez.

Al howadan uçan laçyn mysalym,
Awuny aldyran tuýgun synalym.
On barmagy bogun-bogun hynalym,
Nirede meniň gara gözlim görünmez.

Oturanda zülpün ýere degiren,
Turanda gulpagy bile oralan.
Özi boz balaman, dalmynyp duran,
Nirede meniň gara gözlim görünmez.

Aşyk Hemraň şa perisi gaçanda,
Hiç rehmi gelmezmi ýaşyn saçanda.
Perim lepbeýik diýip, agzyn açanda,
Nirede meniň gara gözlim görünmez.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi. Meýlishanadan uzyn boýly, ak ýüzli, bir gelin çykdy.

– Bu oglan näme söz aýdyp dur – diýip, eline bir taýak alyp, Hemranyň üstüne howala boldy. Hemra ol gelniň jemalyna bakyp, hoşamaýlyk bilen, bir söz diýdi:

Gurban olam zülpleriniň taryna,
Serim gurban täze gelen now güle.
Ak ýüzünde jüre-jüre halyna,
Başym gurban täze gelen now güle.

Bilmen ne söwdaga saldy başymy,
Alladan dilär men göwün hoşumy,
Uçurdum golumdan şunkar guşumy,
Janym gurban täze gelen now güle.

Aga-begler barmy meniň dek bolan?
Bagyn hazan urup, ýapragy solan,
Ýaryndan aýrylyp, telmuryp galan,
Başym gurban täze gelen now güle.

Oňa pida bolsun bu şirin janym,
Ýolunda sarp bolsun bar hany-manym,
Saýat handyr meniň dinim-imanym,
Başym gurban täze gelen now güle.

Hemra diýer, däli-diwana boldum,
Bir täze gül idim, sargaryp-soldum.
Sergezdany boldum, telmuryp galdym,
Janym gurban täze gelen now güle.

Elkyssa, Hemranyň bu sözüni eşiden Saýat han içerden kah-kah güldi. Hemranyň synasynda aram-takady galman, bir söz diýdi:

Gurbanyň bolaýyn wepaly ýarym,
Ak ýüzüň , görmäge intizar boldum,
Ýüzi gül-gunça deý sapaly ýarym,
Gül ýüzüň, görmäge intizar boldum.

Gel gideli, bu ýerlerden sera-ser,
Syýa zülpüň dal gerdene serbe-ser,
Lebleriň şirindir, mysaly köwser,
Ak ýüzüň görmäge intizar boldum.

Humaýa meňzetdim ala gözüňi,
Eşider men şirin-şeker sözüňi,
Bir bahana bilen görkez ýüzüňi,
Gül ýüzüň görmäge intizar boldum.

Aşyk Hemra, şipa dilär renjine,
Jan guşy myhmandyr köňül genjine.
Destim tama eder göwsüň genjine,
Aý ýüzüň görmäge intizar boldum.

Elkyssa, Hemranyň bu sözünden soň toýdaky adamlar bularyň aşyk-magşukdygyny bildiler. Hemranyň gulagyna içerden Saýat hanyň belent owaz bilen çalýan gopuzynyň sesi

eşdildi. Hemra ony eşidip, synasynda sabry-karary galmady. Emma meýlis öýüniň bir tarapynda gyz-gelinler oturyp, beýleki tarapynda ýaş ýigitler oturypdylar. Hemra şol ýerde Saýat hanyň jemalyna gözi düşüp, bir ebýat okady:

Gül ýüzli söwdügim saňa diýerin,
Galmyşym men gaýgy-gamlar içinde.
Bu garyp janyma bolmasaň hemra,
Çeşmim-girýan bolar nemler içinde.

Sakynyň golundan bada sunaram,
Ölmeýänçe senden niçik dönerem.
Gijeler tutaşyp, gündiz ýanaram,
Seni görsem nämähremler içinde.

Kap dagyň üstüniň garyny gördüm,
Jennetiň içiniň hüýrüni gördüm.
Ak göwsüňde goşa naryňy gördüm,
Ogşatmyşam gül şebnemler içinde.

Hakykat yşk ýolun tut indi, Hemra,
Aşyklyk şerbetin iç indi, Hemra.
Bu biwepa ýardan geç indi, Hemra,
Sen ah çekip bu hemdemler içinde.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi. Ondan soň gyz-gelinler ýygylyp, Saýat hana nesihat berdiler. Beýle bolmaň, eýle bolmaň diýip, maslahat berdiler. Şol wagt Hemra Saýat hana garap bir söz diýdi:

Näzli dilber, maňa munça näz etme,
Sen hem söýseň, men hem söýerin seni.

Söwer bolsaň muhabbeti az etme,
Sen hem söýseň, men hem söýerin seni.

Hajym sen-sen, senden özge hajym ýok,
Senden özge dessanym ýok, wejim ýok,
Soltan idim bu gün başda täjim ýok,
Sen hem söýseň, men hem söýerin seni.

Näzlim neçün köňlüň seniň daşdandyr,
Ýakam ezikligi gözüm ýaşdandyr,
Muhabbet diýeniň iki başdandyr,
Sen hem söýseň, men hem söýerin seni.

Hemrahyňdan eşit belli jogaby,
Hiç ýerde deň bolmaz at bilen ýaby,
Meniň üçin sensiň gözeller huby,
Sen hem söýseň, men hem söýerin seni.

Elgaraz, Saýat han şondan soň ýüzünden nikabyny aýyrdy we Hemranyň ýanyna geldi. Hemra Saýat hanyň boýnuna gol salyp, bile ýöredi. Olar gider wagty Nowgül diýen gelin size kemter hyzmat eden däldiris-dä hernä diýip, Saýat hanyň barmagyna bir tylla ýüzük ötürdi we Saýat hana ýagşy dilegler edip, Hemra bilen Saýat hany ugradyp birnäçe menzil bile ýörediler we hoşlaşyp galdylar.

Saýat han ýolda atynyň başyny towlap, dogry ýöremän başlady. Hemra şu ýerde bir söz diýdi:

Hesretiňden boldum däli diwana,
Gurbanyň bolaýyn, ýoly düz ýöre.
Gurban olam başyňdaky teliňe,
Başyňa döneýin, ýoly düz ýöre.

Gaňrylyban, her tarapa bakar sen,
Meniň janym hijr oduna ýakar sen.
Atyň başyn her ýanlara çeker sen,
Gurbanyň bolaýyn, ýoly düz ýöre.

Gel, gideli Häzirbegjan iline,
Gurban olam şähdi-şeker tiliňe,
Janym pida bolsun ýarym ýoluňa,
Gurbanyň bolaýyn, ýoly düz ýöre.

Niçe mahal pyrakyňa ýakar sen,
Şitde kemer bilen guşap çykar sen,
Hemra diýer, köňlüm öýün ýykar sen,
Gurbanyň bolaýyn, ýoly düz ýöre.

Elkyssa, Hemranyň bu sözünden soň, Saýat han bir agyz hem geplemedi.

Saýat hanyň bu bolşundan Hemranyň köňli bozulyp, zar-zar aglap, bir söz diýdi:

Jan Saýadym, bu gün arzym aýdaýyn,
Dilber bolan beýle zalym bolarmy?
Ýüzi ter gunça deý wepaly ýarym,
Dilber bolan beýle zalym bolarmy?

Gül ýüzli söwdügim, men saňa zaram,
Gijeler ýatmaýan, saba bidaram,
Derdimi bilmez sen niçik bimaram,
Dilber bolan beýle zalym bolarmy?

Jepany köp çekip, sapa istärem,
Öz ýarymdan mähri-wepa istärem.

Her sejdämde suýy-sema istärem,
Dilber bolan beýle zalym bolarmy?

Hemra diýr, derdime tapmadym derman,
Birehim ýar üçin köp çekdim arman.
Bize kysmat boldy gaýgydyr hijran,
Dilber bolan beýle zalym bolarmy?

Elkyssa, Hemranyň sözünden soň Saýat hanyň köňli açylyp, ýola rowana boldular. Birniçe menzil geçip, Häzirbegjan ýolunda bir çeşmäniň boýunda düşlediler. Ol çeşmeden ýaýlanyň mallary suw içerdiler.

Saýat han bilen Hemra çeşme suwundan ýuwnup-ardynyp, aýş-eşrete meşgul boldular. Soňra atlanyp, birnäçe menzil ýol geçip, Häzirbegjan ýurduna girdiler.

Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, siziň ýurduňyz çölüstan diýip eşiderdik weli, ýalan eken – diýdi. Onda Hemra:

– Biziň ýurduň daglaryny, baglaryny, obalaryny görseň, ajaýyplykdyr – diýip, öz ýurdunyň howasyndan dem alyp, ýüregi joşup, bir söz diýdi:

Şükür, Hakyň dergähine,
Daglar göründi, göründi.
Sowuk suwly, ser çeşmeli,
Saýlar göründi, göründi.

Telbe doly bedew atly,
Köşki-eýwan şa sypatly,
Biziň bilen muhabbetli,
Begler göründi, göründi.

Golun ýassanyp ýatdygym,
Maksat-myrada ýetdigim.
Ýar bilen söhbet tutdugym,
Çaglar göründi, göründi.

Gözelleri inçe billi,
Degre-daşy gyzyl gülli,
Gülleri şeýda bilbilli,
Baglar göründi, göründi.

Bakjasy Bagdat gapyly,
Degre-daşy gyzyl-akly,
Akar sil, çeşme bulakly,
Çaýlar göründi, göründi.

Golumda düzülgi sazym,
Ýara ýetermi owazym,
Hemra diýer, Selbinyýazym,
Aglap göründi, göründi.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, sen köp namart ekeniň. Her sözüňde ýalan sözleýäň – diýip, öz ýurduny ýatlap, kysmatyna razy bolup, bir söz diýdi:

Saňa diýrem, aşyk Hemra,
Ýakdy meni diliň seniň.
Reňbe-reň güllerim tirdiň,
Ter hynaly goluň seniň.

Ne söwdaga düşdi başym,
Gam çekmäge ýokdur keşim.
Aga-inim, deňi-duşum,
Onda galdy ilim meniň.

Üstümizden dogan aýlar,
Köşki-eýwanym, saraýlar,
Menzilim, mekanym jaýlar,
Onda galdy gülüm meniň.

Tagt bagtymdan göterdiň,
Meni bu jaýa ýetirdiň,
Ýat ülkelere getirdiň,
Niçik geçer, halym meniň.

Saýat han diýr, men neýläýin,
Syrymy beýan eýläýin,
Sözüň dogrusyn söýläýin,
Getirdi ykbalym meniň.

Elkyssa, Saýat han sözüni tamam edip:

– Eý, Hemra jan, Selbiniýaz ýaryň bizçe barmydyr – diýdi. Onda Hemra:

– Baraňda görersiň – diýip, ýene Saýat hana köňüllik berip, bir söz diýdi:

Baglaryňda elwan güller açylmyş,
Miwesi kemala gele söwdügim.
Ak ýüzleriň ylahydan ýasalmyş,
Aý ýüzleriň hala-hala söwdügim.

Boz maralym, aç garyçgaý bakyşlym,
Dal gerdene tylla heýkel dakyşlym.
Aşygynyň şirin janyn ýakyşlym,
Boz tarlaň sypatlym, güle söwdügim.

Ýarym bilen söhbet edip göreýdim,
Dalaşyp her zaman lebin emeýdim.
Çemen içre seýil edişip ýöreýdim,
Seýran etseň biziň bile söwdügim.

Başyma düşüpdir ýüz gaýgy-elem,
Hak aşyk men seniň köýüňde ölem.
Sen bir gül pudagy, men bir bilbilem,
Uçup-uçup gonsam güle söwdügim.

Egniňe ýaraşar gyrmyzy, ala,
Lebiňe ýaraşar altyn pyýala.
Hemra jan diýr, dostum gitme hyýala,
Gel myradyň bizden dile söwdügim.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi. Saýat han wagtyhoş boldy. At üstünde öpüşip, dalaşyp ýola rowana boldular. Indi bir-iki keleme sözi Selbinyýazdan eşidiň! Hemra gidenden soň, aradan üç ýyl geçdi. Hemradan hiç habar, nyşan bolmady. Selbinyýaz biçäre ýola garap oturdy, gije we gündiz işi ahy-pygan boldy. Yşk mähri köňlüne düşüp, Hemrany ýatlap, ýürek bagry köýüp, aglardy, ýene hem özüni taşlap gidenine namys edip, özüni mert tutup, köňlüne teselli bererdi. Toý-meýlise hem barmazdy. Emma bir gije düýş gördi, düýşünde Hemra eline bir laçyn guş alyp gelýär. Selbinyýaz tisginip oýandy, görse düýşi eken. Öz düýşüni özi ýordy. Hemra jan Saýat hany alyp, bu gün erte gelse gerek – diýip, ir säherden turdy. Şol wagt

asmandan durnalaryň owazy geldi. Selbinyýaz asmanda uçup barýan durnalara garap, bir söz diýdi:

Gökden uçan bölek-bölek durnalar,
Arzyrum dagynda gary gördüňmi?
Gapyllykda söwda salan başyma,
Pelek aýra salan ýary gördüňmi?

Bizi garyp kyldy kadyr Hudaýym,
Haçan ýara ýeter bu çeken ahym,
Wahasrat-a köňül hoşum Hemrahym,
Pelek aýra salan ýary gördüňmi?

Akyp gözde ýaşym döndi sillere,
Bilbil uçup zaglar gondy güllere,
Başyn alyp giden uzak ýollara,
Pelek aýra salan ýary gördüňmi?

Selbinyýaz diýr, meniň bagtym garadyr,
Aýralyk derdinden bagrym paradyr,
Durnalardan bu gün habar soradym,
Pelek aýra salan ýary gördüňmi?

Elkyssa, Selbinyýaz sözüni tamam edip, gamgyn bolup oturdy.

Indi sözi Hemra bilen Saýat handan eşidiň! Bular bir näçe menzil ýol geçip, Häzirbegjan welaýatynda düşdüler. Hemranyň atasynyň bir harazy bardy, şol ýerde harazmanyň tamynda Saýat hany we atlary goýup, Hemra aýtdy:

– Eý, Saýat han, sen şu ýerde dur, men baryp habar alaýyn. Gidelim bäri köp wagt boldy. Aralykda neneňsi wakalar boldu-

ka, bileýin – diýip, rowana boldy, gelip Selbinyýazyň bagyna girdi. Bagban babasy bar eken. Hemra aýtdy:

– Eý, baba, maňa köne lybaslaryňy ber, meniň şahana lybaslarym şu ýerde dursun – diýip, bagbanyň köne lybaslaryny geýdi, eline bir taýak alyp, rowana boldy. Görse, Selbinyýaz gara geýip, kyrk kenizi bilen oturypdyr. Hemra ony görüp sabyr – takady galman, bir söz diýdi:

Saňa diýrem şirin janym,
Ne üçin gara geýiner sen.
Hemdemim, dinim-imanym,
Ne üçin gara geýiner sen.

Dosty duşmanyň garaşar,
Ak ýüze zülpüň dolaşar,
Saňa gyrmyzy ýaraşar,
Ne üçin gara geýiner sen.

Gülaby gülüň gunçasy,
Guçmaga biliň inçesi,
Uly baýramyň gijesi,
Ne üçin gara geýiner sen.

Nahany begler nahany,
Keşt edip geldim jahany,
Hemrahynyň şirin hany,
Ne üçin gara geýiner sen.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Selbinyýaz Hemrany tanaman:

– Bu oglan niçik oglan, näme sözler aýdar – diýdi.

Onda kenizler:

– Bu oglan bir ýetim oglana meňzeýär – diýdiler. Onda Selbinyýaz:

– Eý, kenizler, bu oglanyň owazy gulaga ýakymly eşidilýär, oglan ýene sözlesin – diýip, Hemra ýüzlendi:

– Eý, oglan, owazyň ýakymly eken, ýene bir dessan aýt! – diýdi. Hemra elindäki taýagyny tamdyra edinip, Selbinyýaza garap, bir söz diýdi:

Nowruz ötdi, bahar pasly ýetişdi,
Şejerler gögermiş, ýar seni gözlär.
Elip katdyň, jim gözleriň, mim agzyň,
Diliň harp içinde, ýar seni gözlär.

Polat onda, demir onda, daş onda,
Dilim guramasyn, gaýnap-joşanda,
Ajal peýmanamyz dolup-daşanda,
Kaddym ham-ham bolup, ýar seni gözlär.

Tylladan bilezik goly – destinde,
Jellat gözüň jan almanyň kastynda,
Selbiniýazyň ak göwsüniň üstünde,
Islenen mämeler ýar seni gözlär.

Selbinyýazym öter-öter güleje,
Kyrk kenizler bilen bile-bileje,
Geýdigi ketendir, gülgün küleçe,
Tenine rowandyr, ýar seni gözlär.

Baglar ne sebäbe gara geýipdir,
Ýusup-Züleýhasy gara geýipdir,
Selbim ne üçin bu gün gara geýipdir,
Meger Hemrajanyň ýar, seni gözlär.

Elkyssa, Hemra bu sözüni tamam etdi. Selbinyýaz aýtdy:

– Eý, kenizler, bu oglanyň owazy Hemranyň owazyna meňzeýär. Meger bu Hemradyr – diýdi.

Onda kenizler:

– Eý, bibimiz, siziň akylyňyz çaşypdyr, kimi görseňiz Hemradyr öýdýärsiňiz, bu bir ýetim oglandyr, bagdan garnymy doýraýyn diýip gelendir – diýdiler.

Onda Selbinyýaz:

– Eý, oglan, ne habaryň bar, miwe iýseň bagdan alyp iýiber – diýdi.

Hemra:

– Men bir çopan bolaryn, şu bagy göreýin – diýip geldim. Näme üçin siziň hemmäňiz gara geýdiňiz – diýip, sorady Selbinyýaz hem jogap berdi:

Hemra jan –

Näzli dilber senden habar soraýyn,
Sözle, neçün geýinmiş sen garany.
Men bilmenem ne syr geçdi aradan,
Sizler, neçün geýinmiş siz garany,

Selbinyýaz –

Başymdan ötenin beýan eýläýin,
Onuň üçin geýinmişem garany,
Üç ýyl boldy aýrylmyşam ýarymdan,
Onuň üçin geýinmişem garany.

Hemra jan –

Sona kimin dal gerdeniň galdyrma,
Sargaryban gül-meňziňi soldurma,

Dosty-duşmanyňa syryň bildirme,
Sözle, neçün geýinmiş sen garany.

Selbinyýaz –

Gurban bolam ýaryň galam gaşyna,
Gelip gowuşmady deňi-duşuna,
Bilmedim ne işler düşdi başyňa,
Onuň üçin geýinmişem garany.

Hemra jan –

Gurban olam kamatyňa, özüňe,
Şekerden, asaldan şirin sözüňe,
Ýaş getirme gara nerkes ýüzüňe,
Sözle, neçün geýinmiş sen garany.

Selbinyýaz –

Gahba pelek awy gatdy aşyma,
Rehim eýlemez gözden akan ýaşyma,
Onuň üçin kyýamatdyr başyma,
Ýarym üçin geýinmişem garany.

Hemra jan –

Hemra, Selbi diýip köp çekdi ahy,
Myradyňy bersin kadyr Ylahy,
Indi bildim çoh isläp sen Hemrahy,
Sözle, neçün geýinmiş sen garany.

Selbinyýaz –

Selbinyýaz diýr, ýar hijrine dözerem,
Öten günlerime depder ýazaram,
Mejnun kibi çölden-çöle gezerem,
Hemra üçin geýinmişem garany.

Elkyssa, Hemra bilen Selbinyýaz sözlerini tamam etdiler.

Kenizler aýtdylar:

– Bu oglany bagdan kowalyň – diýdiler.

Onda Selbinyýaz:

– Eý, ýigit, Hemradan bir habar bilermiň – diýdi.

Hemra:

– Hemra öten gije biziň öýümizde myhman boldy, men şony söýünjilemäge geldim – diýdi.

Onda Selbinyýaz aýtdy:

– Eý, kenizler, bu oglana buşluk beriň – diýdi.

Kenizler:

– Näme bereli – diýdiler.

Onda Selbinyýaz:

– Başdan aýak serpaý bilen bir çanak tylla beriň – diýdi. Kenizler serpaýy getirip, Hemrany geýindirdiler.

Hemra aýtdy: – Maňa mal we dünýä gerekmez, eger çyn aşyk bolsaň meni tana – diýip, goluna sazyny alyp, bir söz diýdi:

Hyýalyň köňlümiň öýüne doldy,
Tawus tomagalym sona Selbinyýaz.
Tygy müjgänleriň bagrymy dildi,
Keşti-kär eýlediň jana Selbinyýaz.

Meýlisiňde al şeraplar içiler,
Gülüp baksaň köňül bendi açylar,
Bu äleme müşki-anbar saçylar,
Degende zülpüňe şana Selbinyýaz.

Gel, ýarama melhem eýle han peri,
Açylypdyr bagyň müşki-anbary,
Söwdügim, men seni görenden bäri,
Gelmişem imana, dine Selbinyýaz.

Daglaryň jerenin awçylar awlar,
Bilbilli çemenli, bossanly baglar,
Gözeller sypanyp, zülpüni ýaglar,
Ak ýüze hal düşer däne Selbinyýaz.

Tomaşaňa geler ol Rumy kaýsar,
Zülpleriň çil-çildir her ýana öwser,
Boýuň tuba meňzär, billeriň Köwser,
Emsem lebiň gana-gana Selbinyýaz.

Tomaşaňa geler gyzlaryň käni,
Eger aşyk bolsaň magşugyň tany,
Eýrany, Turany, Häzirbegjany,
Hemra, saňa gurban ola Selbinyýaz.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Selbinyýaz aýtdy:

– Eý, Hanperi, bu oglan Hemra bolaýmasyn ýagşyja synlap tana – diýdi. Hanperi gelip, Hemranyň başyndaky kelle poşuny sypyryp goýberdi. Hemranyň käkilleri biline düşdi. Ýüzünden nikabyny aýyrdy. Hemranyň ýüzi ondördi gijäniň aýy kimin şöhle saldy. Selbinyýaz muny görüp:

– Hemra jan – diýip, onuň üstüne özüni taşlady. Hemra hem Selbinyýazy gujaklap, ikisi-de bihuş boldular. Soňra huşlaryna gelip, bir-biriniň boýunlaryna gol salyp, öpüşip-guçuşyp oturdylar.

Selbinyýaz aýtdy:

– Eý, Hemra jan, istäp giden ýaryňy getirip bildiňmi? – diýdi. Onda Hemra Selbinyýaza garap, bir söz diýdi:

Söwdügim syrymny beýan eýläýin,
Getire bilmedim, ýar onda galdy.
Öz dilimden bela galdym neýläýin,
Getire bilmedim, ýar onda galdy.

Onda galdy meniň janym-jahanym,
Akdy gözlerimden aby-rowanym,
Owalda matlabym, dinim imanym,
Getire bilmedim, ýar onda galdy.

Gara-gara, garly daglar aşanda,
Niçe söwdalary başa düşende,
Ýar ýardan aýrylyp akly çaşanda,
Getire bilmedim, ýar onda galdy.

Hemra diýer, ýassanaýdym goluny,
Sydkym bilen çagyraýdym Allany,
Üç ýyl boldy çekdim derdeserini,
Getire bilmedim, ýar onda galdy.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Selbinyýaz aýtdy:

– Eý, Hemra jan, menden aýrylyp gidip, üç ýyl ol ýerde bolubam getire bilmediňmi?

Hemra:

– Eý, Selbinyýaz jan, ýeke kişiniň hem bitiren işi bolarmy? – diýdi.

Onda Selbinyýaz:

– Eý, Hemra jan, beýle bolsa ýene üç aý möhlet berýän, ýanyňa ýigitlerden alyp git-de, Saýat hany alyp gel – diýdi. Hemra aýtdy:

– Eý, Selbinyýaz jan, men seni synap gördüm. Saýat hany alyp geldim, ony atamyň harazynda goýup geldim. Sen öňünden çyk – diýdi. Selbinyýaz aýdan sözüne puşman etdi. Ol Hemranyň köňli üçin hoş bolgaý diýip, başyna tylla jygasyny sanjyp, gülgün geýnip, kyrk kenizleri bilen, huraman-huraman basyp, Hemra bilen Saýat hanyň ýanyna rowana boldular. Hemra gelip, Saýat hana garap, bir söz diýdi:

Saňa diýrem, akyl peri,
Ýar, alyp gitmäge geldim.
Rum şäherinden jan şäherine,
Ýar, alyp gitmäge geldim.

Sen bolup, sen älem Aýy,
Men boldum husnuň gedaýy,
Gaşyň Yspyhanyň ýaýy,
Ýar, alyp gitmäge geldim.

Dagdan indim agaýana,
Syrym aýtsam döne-döne,
Aşyk boldum Saýat hana,
Ýar, alyp gitmäge geldim.

Aşyk Hemra men nädeýin?
Syrymny kime aýdaýyn?

Gel, Saýat alyp gideýin,
Ýar, alyp gitmäge geldim.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi. Saýat han gördi ki, Hemranyň ýany bilen bir perizat gelýär. Dişleri dür kibi düzülen, gaşlary ýaý kibi çekilen, lebleri bal kibi ezilen, bili zerrin kemerli, hytaýy barmaklary hynaly, gaşlary wesmeli, gözleri sürmeli, toty dek saýrap, bilbil dek owaz edip, gaşyn kakyp, zülpün döküp, sülmüräp Saýat hanyň gaşyna geldi. Saýat han Selbinyýazy beýle sypatda özünden artyk görüp, haýran bolup, seredip durdy. Selbinyýaz hem Saýat hany gördi ki başy tylla jygaly, bili zerrin kemerli, şasypat bir gyz. Selbinyýaz hem Saýat hanyň jemalyna haýran boldy. Hemra jan bir Selbinyýaza, bir Saýat hana garap, bir söz diýdi:

Gurban olam lebleriniň balyna,
Bili gülgün Selbinyýazym, ýör indi.
Aý ýüzünde goşa-goşa halyna,
Haly gülgün Selbinyýazym, ýör indi.

Şekerden şirindir sözlän sözleriň,
Gamzasy jan alar jellat gözleriň,
Gözüme däridir basan yzlaryň,
Ýoly gülzar Saýat hanym, ýör indi.

Gurban olam ýaryň çeşmi-mestine,
Goşa hal ýaraşar galam destine,
Goýgun gadamlaryň didäm üstüne,
Ýoly gülzar Selbinyýazym, ýör indi.

Iki peri keşt eýleýir bu baga,
Şirin janym ikisine sadaga,

Başynda topjyga, tylla tomaga,
Bili gülgün Saýat hanym, bar indi.

Saba-saba ýar jemalyn görende,
Ak ýüzüne gara zülpün ýaýanda,
Aşyk Hemra diýer, ýola ýörände,
Ýoly gülgün Selbinyýazym, ýör indi.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi. Saýat han bilen Selbinyýaz ikisi biri-biri bilen salamlaşyp, gujaklaşyp görüşdiler. Saýat hanyň husny gyşda açylan gül ragna meňzäp, Selbinyýazyň husny ondördi gijäniň Aýyna meňzäp durar. Selbinyýaz:

– Hoş gelipsiňiz Saýat han, sapa gelipsiňiz! – diýip, Saýat hana yzzat, hormat bilen hoşamat etdi. Ondan soň Selbinyýaz Saýat hanyň golundan tutup, köşge rowana boldular. Hemra gördi ki, ikisiniň boýlary deň, husny-jemallary deň, sallanyp, ýörişleri hem deň, messan-messan basyp bararlar. Hemra bulary bu halda görüp, wagtyhoş bolup, bir söz diýdi:

Begler, iki peri söýdüm,
Söýmäge gözel ýaraşar.
Iki periniň aldynda,
Durmaga gözel ýaraşar.

Bir-birine yzzat edip,
Şirin leblerinden dadyp,
Ikisi deň ädim ädip,
Ýörmäge gözel ýaraşar.

Çekdim gözeller derdini,
Bilmezler aşyk gerdini,

Gözel gözeliň gadryny,
Bilmäge gözel ýaraşar.

Men doga almyşam pirden,
El göterdim namys-ardan,
Iki gözele bir ýerden,
Barmaga gözel ýaraşar.

Hemra, dost bagyna girip,
Täze güllerinden tirip,
Gülüp, oýnap, sapa sürüp,
Ýörmäge gözel ýaraşar.

Elkyssa, ondan soň Saýat han Selbinyýaz, Hemra üçüsi köşk içinde bir öýe bardylar. Saýat hana dürli tagamlar, şerbet suwlary bilen hyzmat etdiler. Hemranyň Saýat hany alyp gelenini eşidip, dost-ýarlary, aksakallar, emeldarlar, geldiler. Olar bilen saglyk-amanlyk soraşdylar. Hemrany gutladylar. Gyz-gelinler Selbinyýazy mübäreklediler. Olar göreliň Hemra niçik gyz getiripdir diýişdiler. Selbinyýaz olary Saýat hanyň oturan öýüne saldy. Gyz-gelinler gördüler ki, bir şasypat gyz, mürçe miýan, gunça dahan, güler ýüzli, başy tylla jygaly, sülmüräp oturypdyr. Gyzlar Saýat hanyň owadanlygyna haýran galdylar. Munuň dek gözel gyz adamzatdan boljak eken-ow, bu gyz hüýr- periden hem zyýada diýdiler.
Ýene hem aýtdylar:

– Selbinyýaz, Saýat han mysapyrçylyk çekmesin, onuň bilen bag seýline çykyň! – diýdiler. Ondan soň Selbinyýaz Saýat han we birnäçe gyz bag seýline çykdylar.

Hemra olara guwanyp, tylla sazyny eline alyp, bir söz diýdi:

Perim saba-saba çyksaň gülkeşte,
Bilbiller ürküşip, gül ynjamasyn.
Säheriň ba:dyna bozulyp zülpüň,
Bir tary üzülip tel ynjamasyn,

Ganymy görende dagdan aşarlar,
Söweş güni mertler gaýnap joşarlar,
Ýar-u dostlar duşsa gujaklaşarlar,
Gerden agyrmasyn bil ynjamasyn.

Baharda açylar gunçanyň bary,
Ýetişip görk alar almasy-nary,
Ötenden, geçenden sorarlar ýary,
Gadamyň assa bas, ýol ynjamasyn.

Gök ýüzünde garar şems bile kamar,
Her kim öz söwdügi lebinden emer,
Biliňe baglap sen, murassag kemer,
Beýle guşanyp sen bil ynjamasyn.

Aşyk Hemra diýer indi sözlesem,
Bu şirin janymy gurban eýlesem,
Selbi jan, Saýat jan lebiňden emsem,
Dodak deprenmesin, til ynjamasyn.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi.

Selbinyýaz aýtdy:

– Eý, Saýat han, bu baglary gör, tä ölinçäk ikimiz bu bagda seýran edip gezeris – diýdi. Bular baga seýil edip, ýörer erdiler. Hemra jan bu iki perizada syn etdi. Görse, ikisi hem gyzyl, gyrmyzy geýnen. Görmäge göz gerek, diýmäge söz. Şol duran ýerinde Hemra jan goluna sazyny alyp, bir söz diýdi:

Iki gözel biziň baga keşt eder,
Başy ýaşyl, aýaklary gyrmyzy,
Lagly, merjen sadap dakyp boýnuna,
Läle kimin dodaklary gyrmyzy.

Göwüs üsti ýumrulary enardyr,
Malym ýokdur başym size gurbandyr,
Hem ýakutdyr, zümerretdir, merjendir,
Düzüm-düzüm saçbaglary gyrmyzy.

Boýlarydyr tal çybygyň dessesi,
Agyzlary Arzyrumyň pissesi,
Garyp göwnüm çym ak ýaryň hassasy,
Bogun-bogun barmaklary gyrmyzy.

Periler Hemrany gutarar gamdan,
Aglaý-aglaý ýaşlar akar didämden,
Haktagalla aýyrmasyn didardan,
Saýat, Selbi bu baglary gyrmyzy.

Elkyssa, Hemra sözüni tamam etdi. Selbinyýaz bilen Saýat han köşge gaýdyp geldiler. Hemranyň bir ýanynda Selbinyýaz, bir ýanynda Saýat han gelip oturdylar.

Ondan soň agşam ýatar wagty boldy. Hemra Saýat hanyň boýnuna gol salar boldy.

Saýat han aýtdy:

– Eý, Hemra jan, her niçik hem bolsa gündeşlik ýamandyr. Selbinyýazyň köňlüne melal gitmesin. Üç ýyl meniň ýanymda bolduň. Indi Selbinyýazyň ýanyna bargyn – diýdi. Hemra bu sözi eşidip, Selbinyýazyň boýnuna gol saldy.

Emma Selbinyýaz aýtdy:

– Eý, Hemra jan, Saýat hanyň köňlüne melal gitmesin, bir ýurtdan bir ýurda atam – enemden geçip Hemra diýip geldim, emma Hemrany maňa bermedi diýip, özüni ýalňyz duýmasyn. Ol Hemranyň eline almalar berip:

– Şulary al-da, Saýat hanyň ýanyna bar – diýdi. Hemra almalary alyp, Saýat hanyň boýnuna gol salyp, öpüşip, guçuşyp, aýşy-eşrete meşgul boldular. Hemra, Selbinyýaz, Saýat han üçüsi ençeme aýlap agzybir ýaşaberdiler.

Emma ilat arasynda aşyk Ahmediň ogly Hemra Gyzylalma şäherinden bir gyz alyp gelipdir, onuň ýüzüniň şuglasy ondördi gijäniň aýy dek, garaňky gijede şugla salarmyş diýip, gürrüň ýaýraýar. Her kim bu husny jemaly görmäge gelýärler. Bu habar ýurduň patyşasyna baryp ýetýär. Ol patyşanyň adyna Esetli han diýerdiler.

Oňa bir kişi:

– Eý, patyşahy älem! Hemra diýen biri Gyzylalma şäherinden bir gyz alyp gelipdir. Aý diýseň agzy bar, gün diýseň gözi bar, özi hem patyşazada – diýip, habar beripdir.

Esetli han:

– Beýle gyz patyşalara mynasypdyr – diýip, ýasawullaryny iberip, derrew alyp geliň – diýdi.

Ýasawullar Hemranyň köşgüne geldiler:

– Sizi Esetli han çagyrýar – diýip, habar berdiler. Hemra haýran galdy.

Saýat han sorady:

– Patyşa bizi näme üçin çagyrýar?

Ýasawullar:

– Patyşa gyzy patyşa laýyk bolar, Saýat hany bize alyp geliň diýip, iberdi – diýdiler. Muny eşiden Saýat hanyň gahary geldi.

Ol:

– Men bu ýurtda myhmandyryn, ýogsam burnuňyzy kesip özüňize iýdirerdim, baryň patyşaňyza aýdyň – diýip, ýasawullary kowup goýberdi. Ertesi Saýat han, Hemra, Selbinyýaz üçüsi, hersi bir ata atlanyp, Hemranyň elinde almaz gylyç, Selbinyýazyň elinde iki ýüzli hanjar, Saýat hanyň özi hem sary ýaýyny biline baglap, patyşanyň göwni synmasyn diýip, Esetli hanyň köşgüne geldiler. Emma atdan düşmän durdular.

Esetli han bularyň lybaslarynyň söweş lybaslardygyny görüp, huşy başyndan uçdy. Bu gün jan jesetden çykmasa-da biridir diýip, howpa düşüp durdy. Patyşanyň adamlary Hemra dagynyň atyny tutup, atdan düşürdiler. Patyşa gördi kim, bir şasypat gyz, başy tylla jygaly, bili zerrin kemerli, haýbaty älemi titretjek ýaly bolup durar. Patyşa bu gyzy görüp, ony almak pikirinden el çekdi. Hiç bir söz aýdyp bilmän, haýran galyp duruberdi.

Saýat han gorkan adama haýbat atyp durmak namartlyk bolar diýip, patyşa tagzym edip, bir söz diýdi:

Men saňa diýer men Esetli hanym,
Meni Hemrahymdan aýyrma, hanym!
Kes başymy, ýere dökülsin ganym,
Meni Hemrahymdan aýyrma, hanym!

Eýrany, Turany bile gezeli,
Hanym, bu jebriňe niçik dözeli,
Saňa däldir dünýäň ähli gözeli,
Meni öz ýarymdan aýyrma, hanym!

Pirim Şahymerdan Köwser sakydyr,
Seýilgähi sekiz jennet bagydyr,
Bize bu gözellik başdan ýagydyr,
Meni Hemrahymdan aýyrma, hanym!

Men bir merdem, mertligimi bildir men,
Duşmanym agladyp, dostum güldir men,
Gahrym gelse şahym, senem öldir men,
Meni Hemrahymdan aýyrma, hanym!

Saýat han hem ýola düşüp saýlandy,
Saýlanyban yşk oduna çawlandy,
Ter mämäm tutulyp, tägim ellendi,
Meni Hemrahymdan aýyrma, hanym!

Elkyssa, Saýat han sözüni tamam etdi.

Patyşa öz ýanyndan ajaýyp mert, batyr gyz eken, bize sypaýyçylyk edip, öz arzyny beýan etdi, emma gahary gelse ajdarha dek demine dartjak bu diýdi.

Ol:

– Eý, Saýat han, men toba etdim. Biz ikimiz kyýamatlyk ataly-gyz bolaly – diýdi.

Saýat han:

– Hoş bolgaý – diýdi. Ondan soň Esetli han ýagşy-ýagşy şahana halat-serpaýlar ýapyp, Hemrany, Saýat hany Selbinyýazy hormat-sylag bilen gaýtardy. Bular hem köşge aman-sag gelip, hiç zatdan howatyr etmän, asudalykda aýş-eşretde ýaşaberdiler. Hemra Saýat hanyň Esetli hanyň öňünde bitiren işlerinden hoşal bolup, ony taryp edip, bir söz diýdi:

Demme-dem ah urup, ýara-ýar diýip,
Men arzuw çeker men, ýar, gara gözli.
Ahyret wepasy kime bar diýip,
Men arzuw çeker men, ýar, gara gözli.

Synamda dagmydyr yşkyň ýarasy?
Sen bolup sen aşyklaryň seresi,

Sensiň gözlerimiň agy-garasy,
Men arzuw çeker men, ýar, gara gözli.

Sen Leýli, men Mejnun çöller gezer men,
Sen Şirin, men Perhat, daglar gazar men,
Kabul etseň şirin jana dözer men,
Men arzuw çeker men, ýar, gara gözli.

Hemra diýer, Häzirbegjan ilinden,
Men tirerem bakjasyndan, gülünden,
Guçar erdim ýaryn inçe bilinden,
Men arzuw çeker men, ýar, gara gözli.

Indi sözi Mämmethan patyşadan eşidiň.

Saýat han bilen Hemranyň Gyzylalma şäherinden çykyp gaýdaly bäri bir ýyl ötdi. Mämmethan patyşanyň bir gije ukusy gaçyp, säher wagty ah çekip turdy. Wezir-wekillerini, aksakallaryny maslahata çagyrdy.

– Meniň dünýäde ýeke perzendim bar. Ony hem Häzirbegjanly Hemra alyp gitdi. Ýat ülkelerde onuň haly niçikkä? Häzirbegjana baryp, Saýat hany getirsek nähilli bolar diýip, sizi çagyrdym – diýdi.

Olar:

– Örän ýagşy bolar, bu işde size Allatagala kömek etsin – diýdiler. Mämmethan patyşa Mämmetsöýün serdara ýüzlenip:

– At-ýaraglary, azyklary, leşgerleri taýýar et! – diýdi.

Mämmetsöýün serdar ýagşy-ýagşy bedew atlara atlanan dört müň leşgeri azyk, ýarag esbaplary bilen düzedip, tugma-tug, baýdakma-baýdak, top-top, sanjak-sanjak bolup, niredesiň Häzirbegjan welaýaty diýip ugradylar. Birnäçe menziller geçip, Saýat hanyň alma uran ýerine gelip ýetdiler. Mämmetsöýün serdar Mämmethan patyşa bu ýeri görkezip, Saýat hanyň ok

atmaga ussat ekendigini aýdyp berdi. Hemmesi haýran galdylar. Olar ýene ýola rowana boldular. Birnäçe menzil ýol ýöräp, Berzeňňileriň galasyna ýetişdiler. Bir möhüri gördüler. Okap görseler, Berzeňňiler diýen adamhorlary Saýat hanyň ýok edendigi mälim boldy. Bular bu ýerden hem ötüp gidiberdiler.

Az ýöräp, köp ýöräp, Häzirbegjan welaýatyna ýetişdiler. Welaýatyň gyrasynda bir ülke bardy. Onuň patyşasyna Abdylla han diýerdiler. Ol ülkäniň etrabynda garawullar durardylar. Şol garawullar Mämmethanyň leşgerlerini görüp, baryp Abdylla hana üstümize goşun geldi diýip, habar berdiler. Abdylla han ýedi yklyma jar çekdirdi.

Elgaraz, ondan soň ýedi lek leşger jem boldy. Esetli han hem öz goşuny bilen gelip, Abdylla hana goşuldy. Mämmethan patyşanyň öňünden çykyp, sap-sap bolup durdular. Ol taýpa gökleň diýerdiler. Taraplar sap tutup, baýdak dikip, meýdanda uruş teblini kakdylar. Mämmethan patyşaga ilçi iberdiler. Mämmethan patyşa Mämmetsöýün serdara geňeş saldy. Olar:

– Abdylla handan sekiz gün möhlet soradylar. Uruşmaga soň çykarys – diýdiler.

Elkyssa, Esetli hanyň ýurduna Gyzylalma şäherinden Mämmethan patyşa goşun çekip gelipdir – diýip gürrüň ýaýraýar. Bu gürrüňi Saýat han hem eşidýär.

Saýat han:

– Eý, Selbinyýaz jan, aman-esen gelsek görşeris, häzir hoş gal! – diýip, tylla jabdakly atyna münüp, sary ýaýyny biline baglap, galkany arkasyna taşlap, Hemranyň ýanyna geldi. Hemranyň goluna almaz gylyç berip, iki ýüzli hanjary eline alyp, erkek lybasyny geýip, ikisi-de ýüzlerine nikap dartyp, uruş meýdanyna geldiler.

Indi sözi Mämmethan patyşadan eşidiň.

Müddeti dolan pursaty uruş tebili kakyldy. Iki tarap hem uruş meýdanyna çykdy. Mämmethan patyşa gördi, Häzirbegjan

tarapynyň leşgerleriniň san-sajagy ýokdy. Binehaýýat köpdür. Mämmet şa dagy haýran bolup, Allatagaladan ýagşy dileg edip, leşgerleriň üstüne at goýdular. Ol wagtda Saýat han bilen Hemra hem gündogar tarapdan gelip, Abdylla hanyň goşunynyň arka tarapyndan girip söweşip başladylar. Uruş üç gije-gündize çekdi. Abdylla hanyň goşuny basgy tapyp, söweş meýdanyndan çykyp başladylar. Şol aralykda Mämmethanyň leşgeriniň biri:

– Eý, patyşahy älem, ol at biziň atymyza meňzeýär – diýip, Saýat hanyň münen atyny görkezdi. Mämmethan patyşa haýran galyp:

– Şol atlyny men öňräk gördüm, olar iki sany, özi hem biziň tarapymyz üçin uruş etdi – diýdi.

Patyşa ýene aýtdy:

– Saýat han bolaýmasyn, baryň, olary bäri getiriň, kim hem bolsa, günäsini geçeli – diýdi. Mämmetsöýün serdar egni uruş esbaply şol iki sany atla garap:

– Sizi patyşa çagyrýar – diýdi. Saýat han bilen Hemra patyşanyň ýanyna geldiler, gol gowşuryp salam berdiler.

Patyşa aýtdy:

– Size kim diýerler?

Hemra bilen Saýat han ýüzlerinden nikaplaryny aýyrdylar. Mämmethan patyşa gyzyny tanap, bihuş bolup ýykyldy. Soň huşuna gelip, gyzyny gujagyna gysyp, hal-ahwal soraşdy. Ondan soň Hemra seredip, onuň aý dek ýüzine, biline düşüp duran käkilini görüp haýran galdy.

– Hudaýtagala biri-biriňizi mynasyp ýaradypdyr – diýdi.

Soňra Saýat hana garap:

– Eý, köşegim, indi meniň ýaşym ahyr bolupdyr. Ölsem täji-tagtyma kim eýe bolar! Meniň sizden başga oglum-gyzym ýokdur. Baryp täji-tagta eýe bolsaňyz – diýip, bir söz diýdi. Saýat han hem jogap berdi:

Mämmethan –

Sözümni eşitgin janym perzendim,
Gel, gaýdaly indi ile, Saýadym.
Jesedimde şirin janym peýwendim,
Goşulyban gitseň bile, Saýadym.

Saýat han –

Arzymny eşitgil eziz patyşam,
Dönüp indi niçik ile baraýyn.
Mekanym, mydarym, puşty-penahym,
Dönüp indi niçik ile baraýyn.

Mämmethan –

Bendäge ne kysmat bolsa Hudadan,
Ne çäre bar, takdyr etse Ýaradan.
Akylly pähm eder, bilmedik nadan,
Gel düşeli indi ýola, Saýadym.

Saýat han –

Bilbil kimin telwas ederem güle,
Hyjalat çekerin, düşerin dile.
Owalda kysmatym, takdyrym şeýle,
Utanar men, niçik ile baraýyn.

Mämme han –

Dost bolan şat bolar, duşmanlar aglar,
Hesret ody ýürek bagrymy daglar.

Eýesiz galmasyn köşki-çarbaglar,
Bagban bolgun baryp güle, Saýadym.

Saýat han –

Yrak düşdüm ilden-ile ulaşyp,
Takdyr kysmat, ykbalyma çolaşyp.
Hyjalat çeker men köp dile düşüp,
Indi dönüp, niçik ile baraýyn.

Mämmethan –

Garyp eneň ýola bakyp, bikarar,
Kowum-garyndaşlar saňa intizar.
Sen barmasaň, meniň başga kimim bar,
Görgün, bakyp, sagdan-sola Saýadym.

Saýat han –

Jahyllykda ýördüm köňül şadyma,
Atam-enem hiç düşmedi ýadyma,
Il tagnasy niçik bolar adyma,
Kyblagähim, niçik ile baraýyn?

Mämmethan –

Sensiz men neýläýin maly-dünýäni,
Biarman keşt etdim pany jahany.
Aýyp ermes, ol ärligiň nyşany,
Ärlik, hümmet, gaýrat ola Saýadym.

Saýat han –

Ruýsyýa men size, köp mende hata,
Geçir günähimi ulug patyşa.
Häki-paýyň gözlerime totuýa,
Janym atam, niçik ile baraýyn!

Mämmethan –

Mämmethan diýr, gara bagrym parasy,
Aýralyk derdimiň sen-sen çäresi.
Sen bolmasaň täji-tagtyň eýesi,
Bilebilmen, kimler bola Saýadym.

Saýat han –

Saýat han diýr, owal Huda hormaty,
Garyp enem haky, ata hormaty.
Taňry dosty ol Mustapa hormaty ,
Ar-namysym taşlap, barsam baraýyn.

Elgaraz, olar sözüni tamam kyldylar.

Saýat han aýtdy:

– Eý, ata, indi men ýeke däl, barsam Hemra bilen bile bararyn – diýdi.

Onda Mämmethan patyşa:

– Eý, Saýat jan, Hudaýyň takdyryny bozmak bolmaz, Hemra saňa ýan ýoldaş bolan bolsa, olam meniň perzendimdir – diýdi.

Saýat han aýtdy:

– Eý, ata, beýle bolsa siz gaýdyň, soňra Mämmetsöýün serdary iberiň. Men onuň bilen baraýyn, şu pursat bu goşunyň

öňünde men ýesir dek bolup barmaýyn, öz raýyma baraýyn – diýdi.

Bu söz patyşaga makul boldy. Ondan soň Mämmethan patyşa Saýat han, Hemra bilen hoşlaşyp, leşgerlerini alyp, Gyzylalma şäherine tarap rowana boldular.

Niçe menzil ýollary geçip, Gyzylalma şäherige bardylar. Birnäçe gün geçenden soň Mämmethan patyşa:

– Saýat hany alyp gel – diýip, Mämmetsöýün serdaryny Häzirbegjan welaýatyna iberdi.

Mämmetsöýün serdar birnäçe menzilleri geçip, Saýat hanyň ýanyna ýetişdi. Saýat han hezzet-hormat bilen kabul kyldy.

Mämmetsöýün serdar Saýat hana garap, atasynyň aýdan sözlerini beýan kylyp, bir söz diýdi:

Arzymy eşitgil eý, Saýat hanym,
Gider bolsaň, meniň bile ýör indi.
Meni ibermişdir Mämmet patşahym,
Gider bolsaň, meniň bile ýör indi.

Uzak ýoldan seniň üçin gelmişem,
Günäkärem, günähimni bilmişem,
Donum geýip, bedew atym münmüşem,
Gider bolsaň, meniň bile ýör indi.

Mämmetsöýün aýdar, aýralyk ýaman,
Duşmanyň mekrine eýlemen aman,
Atašyz iberdi meni bigüman,
Gider bolsaň, meniň bile ýör indi.

Elgaraz, Mämmetsöýün serdar sözüni tamam etdi. Ondan soň Saýat han, Selbinyýaz, Hemra hem ähli neberelerini alyp,

ýarag-esbaplaryny gurşap, Gyzylalma şäherige rowana boldular. Hemranyň dost-ýarlary olary ugradyp, ýola saldylar.

Hemra olar bilen hoşlaşyp, bir söz diýdi:

Gider boldum Gyzylalma şäherine,
Gardaş-dogan, dosty-ýarym, hoş indi.
Gark boldum men, aýralygyň derdine,
Gider boldum, dosty-ýarym, hoş indi.

Her dem alganynda Saýat diýr ermiş,
Sakaly agaryp, özi pir ermiş,
Şol sebäpden bize ilçi ibermiş,
Ilim-günüm, kowmy-hyşym, hoş indi.

Ulug patyşalar sözlän sözleri,
Haka tabşyryban gaýdyň bizleri,
Ýene görmek nesip etsin sizleri,
Dosty-ýarym, mähribanym, hoş indi.

Hatalykda bir söz çykdy tilimden,
Hümmetim, kuwwatym gitdi bilimden,
Aýrylyp ýurdumdan, ulus ilimden,
Gider boldum, dosty-ýarym, hoş indi.

Hemra diýer, gidem şahyň ýanyga,
Rehm eýleýip gözden akan ganyga,
Dessan diýdim aýralygyň şanyga,
Gider boldum, doty-ýarym, hoş indi.

Elgaraz, Hemra sözüni tamam edip, dost-ýarlary, ili-güni bilen hoşlaşyp, ýola rowana boldular. Az ýöräp, köp ýöräp, Gyzylalma şäherige dahyl boldular.

– Gyzyň Saýat han gelir – diýip, patyşaga habar berdiler. Mämmethan patyşa hoşwagt bolup, habar bergen kişige köp engamlar berip, aýal-erkek, gyzlar, ýigitler bularyň öňlerinden çykyp, patyşanyň köşgüne getirdiler.

Mämmethan ilki Saýat hany, soň Hemrany, Selbinyýazy gujagyna gysdy. Saýat hanyň enesi gyzynyň öňünden çykyp, ony bagryna basyp, bihuş boldy. Soň huşuna gelip, Saýat hanyň maňlaýyndan öpüp, hal-ahwal soraşdylar.

Mämmethan patyşa Gyzylalma şäherinde ýedi gije-gündiz toý-tomaşa kyldyrdy. Patyşa öz mülküniň ýarysyny Hemraga, Saýat hana, Selbinyýaza bagyşlady. Soňra Mämmethan patyşa tagtyna çykyp, karar tapdy. Aşyk-magşuklar maksat-myratlaryna ýetdiler.

## AÝDYMA ÖWRÜLEN SÖÝGI

Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň baştutany Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň türkmen halkynyň golýazma mirasyny ýygnamak, öwrenmek we täzeden çap edip, halka ýetirmek baradaky taglymaty ýetmiş ýyllap gaty açylmadyk milli eserlerimiziň aç-açanlyga çykmagyna ýol açdy. Indi Beýik Serdarymyzyň howandarlygynda Milli Medeniýet «Miras» merkezi tarapyndan Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň edebi hazynasynda saklanylýan golýazmalardaky anyk taryhy ýazgylar, ozal ady eşidilmedik türkmen alymlarynyň işleri, danalaryň pähim-paýhasa ýugrulan çeper beýanlary, şahyrlaryň dürdäne setirleri yzly-yzyna çap edilip, halka ýetirilip başlanyldy. «Miras» merkezinde neşir edilýän kitaplaryň sözbaşynda Beýik Serdarymyz: «Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur»[1] diýip nygtaýar. Beýik Serdarymyzyň bu sözleri ozal edebi miras baradaky alnyp barlan nädogry syýasat netijesinde ýoýlup neşir edilen nusgawy edebiýatymyzyň, halk

[1] Muhammet Utby. Aşgabat. Miras. 2005. s.7.

döredijiligimiziň eserlerine hem degişlidir. Türkmen halk döredijiliginiň özboluşly uly şahalarynyň biri hem dessanlardyr. Olar esasan, göçme ýordumlar esasynda döredilipdir. Biz bu ýerde Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň edebi hazynasynda Gündogarda giňden mälim bolan ýedi aşyk hakdaky ýedi dessanlary («Şirin-Perhat», «Ýusup-Züleýha», «Arzy-Gammar», «Leýli-Mejnun», «Wamyk-Uzra», «Warka-Gülşa», «Seýpelmelek-Methaljemal») göz öňünde tutýarys. Bu ýordumlar esasynda döredilen ýazarly ýa-da halk döredijiliginiň önümi bolan eserleriň giden tapgyry diňe bir türkmen edebiýatynyň däl, eýsem gündogar edebiýatynyň taryhynda hem gabat gelýär. Şonuň bilen birlikde milli häsiýetli ýa-da kowumdaş halklar bilen baglanşykly milli häsiýetli dessanlara hem gabat gelinýär. Muňa mysal hökmünde türkmen halk döredijiliginde gabat gelýän «Hüýrlukga-Hemra», «Saýatly Hemra», «Şasenem-Garyp», «Zöhre-Tahyr», «Asly-Kerem», «Gül-Senuber», «Şa Bähram», «Nejep oglan», «Ýusup-Ahmet», «Teýmir şa», «Şa Ysmaýyl», «Aşyk Bahry» «Münewwer-Ziwer», «Edhem diwana», «Garaja oglan», «Giýew oglan», «Dilawer-Gülesrar» we beýleki dessanlary mysal getirmek bolar. Ata-babalarymyza ruhy lezzet beren bu dessanlar nesil dowamatynyň edep-terbiýesinde hem uly ähmiýete eýe bolupdyrlar.

Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy: «Türkmen öz medeni gymmatlyklar ulgamynda nusgalyk adamyň şahsyýetini döredip bilen halkdyr. Biziň beýik nusgawy edebiýatymyzy okap gör! Türkmen dessanlarynda-da, şadessanlarynda-da, türkmen şygryýetinde-de sen bir şahsyýetiň-mert, merdana kişiniň merkezde durandygyny görersiň[1] diýip, belleýär.

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Ikinji kitap. s.276.

Beýik Serdarymyzyň aýdyşy ýaly, merdi-merdana kişileriň ajaýyp keşplerini türkmen durmuşynyň dürli döwürlerindäki wakalaryň içinde janlandyryp beren şirin kyssaly dessanlarymyzyň biri hem ýeke bir türkmenlerde däl eýsem özbek, azerbaýjan, garagalpak halklarynyň arasynda-da giňden ýaýran «Saýatly Hemra» dessanydyr. Bu dessanda merdi-merdana kişileriň ajaýyp keşbini biz zenan maşgalada görýäris.

Beýik Serdarymyz türkmen zenanlaryny sypatlandyranda X asyr taryhçysy Ibn Fadlanyň «Türkmenler goňşy halklar ýaly aýal-gyzlarynyň ýüzlerini ýapdyrmaýarlar. Olaryň zenanlary has erkin, ýöne şol bir wagtda hem olar azgynlyk diýen zady asla bilmeýärler...»[1] diýen sözlerini getirýär. «Saýatly Hemra» dessany zenan maşgalanyň dogumly, päkize, öz erkli, edep-ekramly, ugurtapyjy, edermen keşbini bermekde aýratyn tapawutlanýar. Dessanyň tutuş dowamynda Saýat hanyň edýän ähli hereketleri muny tassyklaýar. Saýat hanyň mertligi, gaýduwsyzlygy, şonuň bilen birlikde-de edep-ekramy Mämmetsöýün serdar we Esetli han dagy bilen duşuşan pursatynda has-da aýdyň ýüze çykýar. Ol atasy tarapyndan yzyndan ýeten kowgynyň serdary Mämmetsöýüne hoşsözlülik bilen şeýle ýüzlenýär:

– Şalaryň ýanynda tutulsyn sözüň,
Dünýede ýamanlyk görmesin gözüň,
Sen meniň atam bol, men – seniň gyzyň,
Eltme meni han dädemiň ýanyna.

Haçan-da Mämmetsöýün serdar onuň sözüni diňlemän, ony yzyna gaýtarmakçy bolanda Saýat han mert durup şeýle diýýär:

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001. s.106.

– Saýat han diýr, synama dag urar sen,
Mert boluban meýdan üzre durar sen,
Dogry gelseň nesibäňi görer sen,
Owwal atan okum saňa duş bolsun!

– diýip, sagdagyndaky segsen okuň biriniň sowa geçmejekdigini ynam bilen aýdýar.

Saýat han söýginiň goly bagly guly däl. Onuň Hemra söýgüsi bimöçber. Ol Hemra üçin her-zada taýýar. Ýöne, onuň kalbynyň töründe söýgi bilen birlikde başga bir mukaddes duýgy hem ýatyr – ol hem mertebe duýgusy. Eger şol duýgy bolmadyk bolsady, onda Hemra üçin il-ýurduny, ata-enesini taşlan Saýat han kakasynyň serkerdesi Mämmetsöýün Serdar kowgy edip yzyndan ýetende, Hemra bolsa janyndan howp edip, gaçaly diýip ýalbaryp durka söweşi teklip etmezdi. Onuň üstesine-de aşyk-magşuklar myradyna ýetip, kakasy Mämmethan patyşa gyzyna watana dönüp, ýurda eýe çykmagy teklip edip durka, il-günüň gepinden-gybatyndan çekinip, ilkinji nobatda ata-enesiniň, soňra özüniň mertebesini saklap, kakasynyň teklibini sypaýyçylyk bilen ret edýär. Soňra bolsa atasynyň zaryn halyna dözmän, ol teklibi kabul edýär. Bu bolsa Saýat hanyň aýdyma öwürlen söýgüsi bilen parasat siňen mertebesini deň derejede görendigininiň aýdyň mysalydyr.

Biz Selbinyýazyň keşbinde hem adam ahlagynyň oňat nusgalaryna gabat gelýäris. Ýogsam bolmanda ähtinden dönüp, gözellige kowalaşýan Hemra görmedik-bilmedik gyzy Saýat hanyň gaýybana yşgyna düşüp gidensoň, gözellikde hiç kimden gaýra durmaýan Selbinyýaz hem owaldan adagly ýaryna kine edip, başga hili hereket edäýjek ýaly. Emma ol belli bir wagt geçensoň, Hemranyň gözlegine ýörite adam iberýär. Aýratyn hem Selbinyýazyň Hemra Saýat hany getirende edýän hereketleri adamkärçiligiň ýokary nusgasydyr. Ol üstüne getirilen gün-

düşi Saýathany hiç bir babatda ynjytmak islemeýär. Bu bolsa nusga alarlyk häsiýetdir.

«Saýatly Hemra» dessanynyň ýene bir tapawutly tarapy onuň mazmunyndaky şygyrlaryň türkmen dutarynyň tarynda, bagşylaryň dilinde aýdym bolup ýaňlanyp gelenligindedir. Dessanyň şu aýratynlygy ýörite nygtalmaga mynasypdyr. Sebäbi halky dessanlarymyzyň hiç biri-de bu meselede «Saýatly Hemra» dessanynyň derejesine galyp bilmändir. Dogry, beýleki dessanlarymyzyň içindäki şygyrlaryň aýdym hökmünde ýaňlanýany ýok däl. Ýöne olaryň sany örän az. Emma «Saýatly Hemra» dessanynyň şygyrlarynyň tas ählisi diýen ýaly halk aýdymlary hökmünde ýaňlanyp, diňleýjilere ruhy lezzet berip gelýär. Muňa mysal edip «Balsaýat», «Selbinyýaz», «Ýar gyrmyzy geýnipdir», «Näzliniň», «Nätilär», «Maral zeýrendi», «Ýaşylbaş», «Aý indi», «Heserli», «Gara gözliniň», «Ýar onda galdy», «Durnanyň», «Gal indi», «Han dädem» ýaly meşhur aýdymlaryň atlaryny agzamak bolar.

«Saýatly Hemra» dessanynyň wakalary Türkmeniň taryhynyň Görogly beg eýýamynda, ýagny Garagoýunly, Akgoýunly türkmenleriň Kawkazda hökümdarlyk eden döwürlerine baryp ýetýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamanyň birinji kitabynda dürli döwürlerde döredilen türkmen döwletleri barada maglumatlar berýär. Beýik Serdarymyz Garagoýunly, Akgoýunly türkmenler barada şeýle ýazýar: «...Garagoýunlylar döwleti 1380-nji ýylda Erzurum, Erjiş, Mosul sebitinde türkmenler tarapyndan guruldy. Bu döwleti binýat edenler Oguz hanyň Ýuwa, Ýazyr, Düker, Owşar agtyklarynyň nebereleridir. Olar öz aralarynda baranly, duharly, sadly, garamanly, hajyly, bozdogan ýaly tirelerden düzülipdir. Bu türkmenleriň başynda 1380-nji ýyla çenli Baýram Hoja atly serdarlary bolupdyr. Baýram Hoja aradan çykansoň, ogly Gara Mämmet döwleti ulaltmaga başlapdyr. 1388-nji ýylda Töwrizi

alyp, ony paýtagt edipdir. Bu döwlet Gara Ýusubyň hökümdarlygy döwründe güýçli derejä çykýar. Soltan Teýmiriň hem ölmegi bilen Garagoýunlylar sebitde iň güýçli döwlet halyna gelýärler. Gara Ýusup 1409-njy ýylda Mardini eýeleýär. Artyklylar döwletini syndyrýar. 1410-njy ýylda Erzinjany, 1415-nji ýylda Häzirbegjandaky Soltanyýany alýar, soň Bagdady eýeleýär, uly döwlet derejesine ýetirýär. Jahanşanyň 1436-njy ýylda Garagoýunly türkmen döwletiniň tagtyna çykmagy bilen ol Bagdat, Soltaniýe, Kazwin, pars hem Yspyhan sebitleri bilen Kermana hökümdar boldy. Döwlet gaty güýçli ýagdaýa geldi. Garagoýunly türkmen döwletiniň aradan aýrylmagyna Akgoýunly türkmenler sebäp boldy. Akgoýunly türkmenlerden Uzyn Hasan beg birnäçe gezek Garagoýunly döwleti bilen çaknyşdy. 1467-nji ýylda Garagoýunly hökümdary Jahanşa Uzyn Hasan bilen bolan söweşde tutuldy hem öldürildi. Şondan soň Garagoýunly döwleti dargap başlady.

Garagoýunly döwletiniň gündogar Anadolyda, Häzirbegjanda türkmençäni giňden ýaýradyp, şol ýerleriň halklaryny türkmençeleşdirmekde uly ähmiýeti bolupdyr».[1]

«Saýatly Hemra» dessanynda aşyk Hemranyň söýen gyzynyň başga milletdendigini beýan edýän:

Aga-begler bir gözele maýylam,
Dile düşmez ermenidir ermeni...

ýa-da

...Aslyny sorasaň tersanyň gyzy –

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001. s.237.

– diýen setirleri Beýik Serdarymyzyň ýokardaky jümleleri bilen utgaşyp gidýär.

Şu ýerde ýene-de Beýik Serdarymyzyň «...Türkmenler hiç haçan gaýry milletden we başga dinden bolan adamlaryň göwnüne degen, mertebesine zeper ýetiren däldir. Mysal üçin, ermeni halkynyň wekilleri, taryhçylary Garagoýunly türkmenleriň döwletiniň häkimleriniň ermenileriň din-ybadatlaryny berjaý etmekde, buthana edim-gylymlaryny öňki ýaly amal etmekde olara kömek berendigi, öz raýatlary bolan ermenilere, gürjülere we beýleki milletlere arka çykandygy hakynda minnetdarlyk bilen ýazýarlar...»[1] diýen sözlerini ýatlamak ýerlikli bolardy.

«Saýatly Hemra» dessanynda türkmen halkynyň däp-dessurlary, urp-adatlary hem öz beýanyny tapýar. Hemranyň Saýat hany gaçyryp alyp gaýtmagy ýaly adat türkmen durmuşynda duş gelýän adatlaryň biridir. Gürrüňçilikde «pylanyň gyzy gaçypdyr» diýlende: «Aý, bu ata-baba gelýän zat-da» diýýärler. Dessanda Hemra Selbinyýazyň bardygyna garamazdan Saýat hana aşyk bolup, ony sazy bilen, dilewarlygy bilen özüne bendi edýär. Şeýle etmegi onuň keşbine ýaramaz häsiýet çaýýan ýaly bolsa-da, bu waka durmuşyň jümmüşinden alnypdyr. Sebäbi geçmişiň belli-belli döwürlerinde türkmenlerde ikiaýallylyk ýoň bolupdyr.

«Saýatly Hemra» dessanynyň esasy taglymy ynsan söýgüsiniň belentligini wasp etmekdir. Söýgi – bu Alla tarapyn ynsana berlen peşgeş. Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy ynsan söýgüsiniň güýji barada şeýle diýýär:

«...Allanyň gudraty bilen lal oglan söýgä sataşsa, hökman dil açyp, aýdyma zowladar.

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Ikinji kitap. Aşgabat, 2004. s.158.

Allanyň gudraty bilen kör oglan söýgä sataşsa, ol hökman yşk oduny görer.

Çeşme, çaýlar – depesi ümürli-dumanly daglaryň söýgüsidir.

Çabgalar, baranlar – däli ummanlaryň söýgüsidir.

Elwan güller, ýaşyl maýsalar – topragyň söýgüsidir...».[1]

«Saýatly Hemra» dessanynda yşk ataşyna düşen aşyk Hemra Selbinyýazyň gözýaş döküp, başyna ýola goýup ýalbarmagyna-da garaman, Saýat han diýip ýurt aşyp gidýär. Dessanda juwanlar köp kynçylyklara sezewar bolup, ahyrynda öz maksatlaryna ýetýärler. Dessanyň käbir nusgalarynda Saýat hanyň keşbi hyýaly güýçler bilen bezelýär. Munuň sebäbi, elbetde, söýginiň öňüni hiç bir zadyň baglap bilmejekdiginiň beýany bilen baglydyr.

Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň edebi hazynasynda «Saýatly Hemra» dessanynyň golýazma we daşbasma nusgalarynyň onlarçasy, şeýle hem dessançy bagşylar tarapyndan toý-tomaşalarda ýerine ýetirilen nusgalarynyň magnit lentasyndaky ýazgylary saklanylýar. Şu nusgalar mazmun babatda biri-birine meňzeş nusgalar bolsa-da, käbir wakalaryň beýan edilşinde tapawutlar bar. Mysal üçin, dessanyň köplenç nusgasynda aşyk Ahmediň Hemrany Gyzylalma şäherinde goýup Häzirbegjana gelişi, Gülşirin ýaryna gowşuşy aýdylýar. Emma 1978-nji ýylda çap edilen nusgada «Saýat han adamlary boşadyp barşyna zyndanyň töründe ýatan Hemranyň atasy aşyk Ahmediň üstünden bardy. Aşyk Ahmet Gyzylalma şäherinden gelýärkä berzeňňileriň eline düşen eken...»[2] diýilýär. Şunuň ýaly mazmun üýtgeşmeleri köplenç bagşy nusgalarda duş gelýär.

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Ikinji kitap. Aşgabat, 2004. s.206.

[2] «Saýatly-Hemra». Aşgabat. Ylym. 1978. s.119.

«Saýatly Hemra» dessanynyň çeperçiligi barada aýdylanda, onuň mazmunynyň beýan edilişi kyssada kebşirli, ýerlikli jümleler bilen berlipdir. Gahrymanlaryň ruhy hallary, göwün matlaplary bolsa örän täsirli meňzetmeler we çeper sözler arkaly muhammes hem-de murapbaglarda berilýär. Käbir bentlerinde:

Saýat han, sanawer ýaşyn Ahmediň,
Aryp bolan biler ýaşyn Ahmediň,
Akdyrma gözünden ýaşyn Ahmediň,
Döküler sil kibi pudagy alma

– diýen ýaly aýry-aýry many berýän birmeňzeş sözüň, ýagny goşgy düzülişiň tejnis görnüşiniň ulanylyşyna gabat gelinýär. Ýokardaky bendiň birinji setirinde ýaşan ýaşy göz öňünde tutulsa, ikinji setirdäki «ýaşyn» sözi bilen aşyk Ahmediň ýaş ogly – Hemra göz öňünde tutulýar. Goşgynyň üçünji setirindäki «ýaşyn» sözi arkaly bolsa gözýaş göz öňünde tutulýar. Şu usul dessanyň beýleki goşgularynda hem gabat gelýär. Bu bolsa şygyrlaryň çeperçilik derejesini has-da artdyrýar. Şygyr düzüliş galypynyň, gazal, mesnewi ýaly görnüşleri bu dessanda duşmaýar.

«Saýatly Hemra» dessanynyň şu eliňizdäki nusgasy Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan 2000-nji ýylda edebi hazyna sowgat berlen golýazma nusgasy (bu golýazma institutyň 7764-nji belgili bukjasynda saklanylýar) esasynda çapa taýýarlanyldy.

«Saýatly Hemra» dessanynyň bu nusgasynda şu döwre çenli çap edilen nusgalarynyň hiç birinde duşmaýan şygyrlar bar. Olaryň biri aşyk Ahmediň Hemrany Gyzylalma şäherinde galdyryp, Häzirbegjana gelen pursatynda Gülşirin ýary bilen bolan duşuşygyndaky aýdyşygydyr. Aýdyşyk şeýle başlanýar

Gülşirin –

Arzymny eşitgil aşyk Ahmet şah,
Ol ýalňyz balamny sen kaýda goýduň?
Subhy-şam dynmaýan, çekerem köp ah,
Ol ýalňyz balamny sen kaýda goýduň?

Aşyk Ahmet –

Alyp bardym han Saýadyň ýanyna,
Şady-horram bolup oýnady galdy.
Guwwas bolup ol uçrady känine,
Şady-horram bolup oýnady galdy.

«Saýatly Hemra» dessanynyň dili beýleki dessanlara garanyňda gepleşik diline has ýakyn, ýeňil, akgynly okalýar.

Dessanda ata-baba türkmeniň aýdym-saza goýýan belent sarpasy has-da täsirli berlipdir. Esasy keşpleriň hemmesiniň gollary sazly. Aýdym-sazyň owazyna uçup barýan durnalaryň aşak inişleri, aşyk Ahmediň ölümden halas bolşy saz sungatynyň gudratyny görkezýär.

Dessandaky esasy keşpleriň hereketleri hyjuwly, maksada okgunly. Dessan başdan-aýak belent ruhda, joşgunly mazmunda gidýär. Munda öz-özüňe ynam, hakykat, söýgi dabaralanýar.

«Saýatly Hemra» dessany hemmeleriň söýüp okaýan eserleriniň biridir. Dessanyň gymmaty hem şondadyr.

**M.ÖWLÜÝÄGULYÝEWA,**
***Türkmenbaşy adyndaky TMGI-niň***
***uly ylmy işgäri***

## SÖZLÜK

### –A–

Ab – suw.
Abdal – derwüş, özüni durky bilen Allatagala ýakyn hasaplaýan adam.
Ajam – araplardan beýleki halklar.
Ajyglanmak – gaharlanmak.
Azym – uly, beýik.
Ar-ar – arça agajy.
Arguan – al-gyzyl reňkli gül.
Aryp – dana, bilimli.
Aşna – tanyş, dost.
Ataş – ot, ýalyn.

### –B–

Bady-saba – säher şemaly.
Bajamaat – jemagat bilen.
Balu-per – ganat-ýelek.
Bar – miwe, hasyl.
Bedr – dolan aý.
Bezm – toý-meýlis, keýpi-sapa.
Best – şatlyk, hoşallyk.

Beýaz – ak reňk.
Bidar – oýa, ukusyz.
Bimar – hassa, halsyz.
Binehaýýat – çensiz, çakdan aşa.

**–Ç–**

Çar – dört.
Çeşm – göz.

**–D–**

Dal – dik, syrdam boý.
Dalynça – yz tarap.
Daragt – saýaly agaç.
Daryl-pena – pany dünýä, şu dünýä.
Dahan – agyz.
Dahyl – girmek, ýetmek.
Desterhan – saçak.
Derbent – dag geçelgesi.
Dergazap – aşa gaharly.
Destgir – 1. ýardam edýän, 2. ele salmak.
Dest – el.
Deşt – çöl-beýewan.
Dil –ýürek.
Dil – çemg — hatyrjem bolmak,ynjalmak.
Du:ne – pes, ýaramaz.
Du paýy – iki aýagy.

**–Ý–**

Ýeg- ýagşy, gowy.

## –E–

Enjüm – ýyldyz.
Egremçe – halka, ýüzük.
Elfeta – ýaş adam, asylly adam.

## –G–

Ga:la – närahatlyk.
Ga:za – ýüze çalynýan gyzyl öwüsýän reňk.
Gazy – din ugrunda göreşiji, ýeňiji.
Gamza – bakyş, garaýyş.
Gandal – ýesiriň aýagyna baglanýan gulp.
Gapy:la – kerwen, ýolagçylar topary.
Gat – basgançak, ýokarky gat.
Gaflat – bihabarlyk.
Gahba-pelek – biwepa dünýä.
Genje-Garabag – ýurt ady.
Gert – çaň, tozan.
Girýan – aglaýan, eňreýän.
Giriftar – tutulmak, ele düşmek.
Gulambeçe – hyzmatkär oglan.
Gülünji – gepe ýakyn bolmak.

## –H–

Handan – şadyýan, güler ýüzli.
Hamd – öwgi, taryp.
Haýbar – dagyň ady.
Hamyla – göwreli.

Haryjy – çet ýurtly.
Has – ýokary dereje, gowy, ýokary gatlak.
Hatyn – aýal.
Helal – täze dogan aý.
Heserli – dertli, ýangynly.
Hoýa – ýurt ady.
Huban – owadan, oňat.
Humaý – guşuň ady.
Hüýr – behişt gyzlary.
Häki-paý – aýak tozy.
Hyjalat – utanç-haýa, gyjalat.
Hylgat – halat, serpaý.
Hyraç – töleg, salgyt.
Hyş – garyndaş.

**–I–**

Ebrişem – ýüpek mata.
Iltimas – haýyş.

**–J–**

Jabdak – eýer, esbap.
Jama – geýim-eşik.
Jan şäheri – bu ýerde Häzirbegjan manyda.
Ja:r – goňşy.
Jigerhun – bagry gan.
Jüre-jüre – dürli-dürli.
Jyga – başa geýilýän patyşalyk täç.
Jyda – aýra, üzňe.

## –K–

Kaba – don, uzyn geýim.
Kal – gep, gürrüň.
Kamar – aý.
Kaddy-kamat – boý-syrat.
Kasyt – habarçy, çapar.
Kat – öňünde.
Katt bestine – öňdäki şatlyk, ýüze çykan şatlyk.
Kelim – gepleşilen, sözleşilen.
Kement– syrtmak, ýüp.
Keşt – gezelenç.
Keş – mydar, ýagdaý.
Kok – ys, bark urmak.
Kytmyr – iň kiçi, ownuk.
Köwser – behiştdäki howuz.
Köşe – burç, çet.
Kän – hazyna.

## –L–

Latyp – görmegeý.
Leb – dodak.
Lek – ýüz müň.
Leşger – goşun, esger.
Lutp – rehimlilik.

## –M–

Magraç – gök, asman.
Mahbup – gözel gyz.

Mah – aý.
Mahy-taban – şöhleli aý, dolan aý.
Mahbup-ul-kulp – söýgüden doly kalp.
Mahy – balyk.
Magryp – günbatar.
Maşryk – gündogar.
Merwerit – gymmatbaha daş.
Melal – tukatlyk.
Melaýyk – perişdeler.
Miýan – orta (boý).
Munakgaş – nagyş bilen bezelen.
Muştak – meýilli, höwesli.
Murassag – gymmatbaha daşlar bilen bezelen.
Mübtela – gümra, bir zada duçar bolup güýmenmek.
Mütdet – wagt.
Müjgän – kirpik.
Mürewwet – ýagşylyk.
Müşteri sagadat – bagtyýarlyk.
Müşki tatar buýly – müşki tatar ysly. (keýigiň belli bir tohumynyň göbeginden alynýan gara reňkli, ýakymly ysly maddadan müşkler (atyrlar) ýasalypdyr)
Mährap – metjitde ymamyň namaza durýan ýeri.

**–N–**

Naý – gargy, gamyşdan ýasalan tüýdük.
Narynç – sary, gyzyl öwüsýän reňk.
Nahan – gizlin.
Nagra – gaty ses.
Nerkes – gülüň ady.
Nägäh – duýdansyz, birden.

Neşter – sançmak üçin gural.
Nist – ýokluk.
Nigäh – bakyş.
Nägahan — tötänden, birdinkä.

**–P–**

Pa, paý – aýak.
Parsah – 6 km barabar ölçeg.
Peýwent – baglanyşyk.
Puşty-pena – arka daýanç.
Poş – telpek, kellä geýilýän zat.

**–R–**

Ragna – owadan.
Rakyp, şum rakyp – duşman.
Reftar – gylyk-häsiýet.
Renç – azap.
Raý – isleg, meýil.
Rowana – ugramak.
Ruhsar – ýüz keşbi.
Ruýsyýa – ýüzi gara.

**–S–**

Sagdak – ok salynýan torba, okda:n.
Salatyn – soltan, hökümdar.
Saý – sähralyk.
Sagy (saky) – meýlisde şerap paýlaýan adam.
Sema – asman.

Ser – kelle.
Serasima –aljyraňňy.
Simu-zer – altyn-kümüş.
Sunmak – uzatmak.
Sujut – çytylmak.
Suzan – ýakyp-ýandyryjy.
Sürme – göze çalynýan gara reňk.
Subhy-şam – ertir-agşam.
Sona – ördek, gaz.

**–Ş–**

Şabaz – saýlama, iň oňat.
Şamar – uzyn ýylan. (gözelleriň saçlary şamara meňzedilipdir).
Şamahy – ýurt ady.
Şana – darak.
Şasypa – seki. (oturgyç)
Şebnem – agşamlaryna düşýän gyraw.
Şejer – daragt.
Şermisar – müýnli.
Şirwan – ýurt ady.
Şitde – dür-merjen bilen bezelen ýüpek guşak.
Şowk – höwes, isleg.

**–T–**

Tagzym – hormat-sylag.
Tagna – gyjytly söz.
Taýr – uçmak, uçar guş.
Tarlaň – guşuň ady.
Tarh – gurluş, şekil.

Tebil – deprek.
Tel – saçyň tary.
Ter – 1.çyg, nem; 2. täze.
Tersa – dini başga.
Towazyh – pespällik.
Totuýa – aýak tozuny göze sürtmek.
Tuby – jennetde bitýän agajyň ady.
Tuýgun – guşuň ady.
Turunç – apelsine meňzeş turşy miwe.
Tusmak – tutmak.
Töhfe – sowgat.
Tomaga – gyzlaryň gupbasyna sançýan ýelegi.

**–U–**

Uja – beýik.

**–W–**

Wesme – gaşa çalynýan gara.
Wej – niýet.

**–Y–**

Ygrar – sözüňde durmak.
Ymla – dürslük.
Ystyhan – süňk.

**–Z–**

Zemistan – gyş pasly.
Zerewşan – altyn çaýylan.

Zerrin – tylladan ýasalan.
Zenehdan – alkym.
Ziri-zeber – garym-gatym.
Zyýada – artykmaç.
Zähm – ýara.
Zülpükär – Hezret Alynyň keramatly gylyjynyň ady.

## MAZMUNY

Saýatly Hemra. *Dessan*........................................................... 9
*M.Öwlüýägulyýewa,* Aýdyma öwrülen söýgi....................... 154
Sözlük .......................................................................... 164

# Saýatly Hemra


**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahabda A. Muhammedowyň çeken suratlary**
**Korrektor E. Toryýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 28.02.2006ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 11.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-28013

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.